
Anna Paýtyk
Eneler uklamaýar

DÜÝNKI HARASADYŇ OÝNY çökder boldy.

Şähere zeper ýetirmedi diýseler diýibersinler: ol ýaşap giden agaçlaryň ýüzlerçesini köçeleriň üstüne agdaryp taşlady. Jaýlaryň owsamyrak kakylan şiferlerini goparyp, allaowarra pylçap urdy. Kä ýerlerde radiodyr telefon simlerini gyrdy, belli-belli kwartallaryň çyrasyny öçürdi...

Iň ýaman ýerem harasat hiç hili haýkylyksyz gopdy. Günortanlaram asman päkizedi, ýaldyrap Gün çykyp durdy. Öýleden agdy welin, birden howaň ýüzi çaňjaryp çaňjaryp saraldy, bardygyça ol sary goýalyberdi-goýalyberdi. Salym geçmänkä-de penjireleriň öňüne garamtyl perde tutulana döndi.

Ol ýel bolup ýele-de meňzänokdy. Ýürekgysgynç dykyz barda, asman-zemini örtüp, sekunt saýy üstüňe sürünýärdi. Gözýetim barha daralyp, ilki bir ädime geldi, soň bir garyşa geldi. Ahyrda-da gözüňi açsaň içine ak çäge jyglymy doldy. Dem alsaň bokurdagyňa girip, demligiňi daraltdy. Az salymdanam ýaňky dilsiz-agyzsyz ümsüm bela niredendir bir ýerden gelşi güýç tapdy-da köwsarlap, süýr depäňden sowrup ugrady. Garagum durky bilen ýerden göterilip, şäheriň depesinden inene döndi. Ýok, ol Garagum çägesine meňzänokdy. Türkmen sährsynyň giňligini basyryp ýatan Garagum çägesi päkizedi, kümüş gyryndysy ýaly owadandy, gysymyňa alsaň akardy, üfleseň geýmiňden tozap giderdi. Bu haýsy-da bolsa uzak bir ýeriň kirşenidi.

Ýelim ýaly bolup, çyrmaşyp ýatan şepbeşik gumdy.

Her näme-de bolsa, ozal ýer titremesinden gözi gorkan ilat munyt ýagşylyga ýormady. «Bu bir bela-beterdir», «Bir zadyň alamatydyr bu» diýip käbir ýelýürek adamlar ne içerde karar tapdylar, ne-de daşarda. Olar iki ýana zowzullaşyp ýörüşlerine has-da muşakgat ýagdyrýardylar. Biri «munuň ýaly kyýamat her on ýyldan bir gezek adamzadyň başyna inermiş» diýse, başga biri «ozal şu zeýilli harasatda asmandan gurbakgadyr, balyk ýagandygyny» gara çyny bilen gürrüň berýärdi. «Bu çäge bilen birlikde ýylan ýagsa-da ýagar durar» dowul satýanam ýok däldi. Başga birnäçeler bolsa «muňa ýigriminji asyryň tehnikasynyň oýny diýerler — diýip tekrarlaýardy — ynha görersiňiz, ertir Garagumda täze bir ylmy açyş üçin haýsydyr bir guralyň synag edilenini ýazarlar» diýip welilik satýardy...

Garaz, her kim özüçe gurra taşlady.

Hakykatda, bu hiç zadyň alamaty bolman, tebigatyň adaty bir hadysasy bolsa-da, Ezizowlaryň maşgalasy üçin olaryň üstüne abanyp gelýän howpuň alamaty ýaly bolup çykdy.

Iki sagada çeken harasadyň yzyny arassalamak Akbäbege iki gün iş boldy. Ol dört otagly uly jaýyň düşek keçeleridir haly palaslaryny düýrläp, gapyň öňünde üýşürdi. Soň ýeke-ýekeden goltuklap, üçünji etaždan ýere düşürdi. Jaýlaryň öňündäki meýdançada kakdy, silkdi. Penjireleriniň öňlerini syrdy-süpürdi, arassalady. Pollary ýuwdy...

Ol ertesi gün gijigende: «Indi beri beýle zat gaýtalanmawersin, jan Alla» diýip, işi boldum edip, öňüne bir käse çaý aldy.

Aýnaly eýwanyň bir künjeginde diwanyň üstünde keserip ýatan Bally elindäki «WAZ» awtomobili diýen kitaby ýapdy-da, ýerinden galdy:

— Indi içerik girmek mümkinmi?

Akbäbek ýeňsesine gaňryldy. Onuň bolşy: «Men şeýdiň agyr palaslary egnime alyp, etaža dyrmaşyp ýörkäm, sen beýdip ýatmaga utanmadyňmy?» diýip igenäýjek ýalydy. Emma Akbäbek ony diýmedi. Gaýtam oglunyň soragyna ýylgyrdy. «Mümkinmi!» diýen bolup, beýle resmilik nämä gerek? Ejesine-de edil mugallyma ýüzlenişi ýaly ýüzlenýär» diýip içini gepletdi.

— Okabersene, oglum, entek pol guranam däldir.

Ýöne bu bahanady. Onuň Ballyny içerik goýbersi gelenokdy.

Sebäbi salkyn otaga girdigi bes, ol ýüzüne kitabyny ýapardy-da, şo bada uklap galardy.

— Men-ä okajagam däl onda. Barybir kelläme zat girenok bu ýerde okasamam — diýip, Bally öz eňegine tutdy.

— Sesli okaber, sesli — diýip, Akbäbek öňki arkaýynlygyna gürledi — şeýtseň, ýadyňda berk galar.

Bally bialaç ýene-de diwanyň üstünde arkan ýatyp, kitabyny açdy. Ýognas sesi bilen haýsydyr bir ýerini okamaga başlady: «Awtomobili iýmitlendirýän zatlar...»

— Görle, muny, baý ýazypdyr-ow. Awtomobil malmy diýsene, iýmitlener ýaly diýip seslendi-de, ejesine tarap göz aýlady. Ol hä bermänsoň, ýene daşyndan okap başlady: «Maşyny iýmitlendirýän zatlar aşakdakylardan ybarat: howa filtri... ýangyç nasosy... Ýag çelegi hem akkumulýator...»

Ol okap ýatan sahypasynyň arasyna başam barmagyny goýdy-da, ýene ýerinden galdy:

— Eje, saňa bir sorag bar?

Akbäbek ogluna garady.

— Näme üçin «Žiguliň» radiotoryndaky suw gyş aýlaryna doňmaýar?

Ýeri, bu sorag nireden gelip çykdy diýýän şekilde Akbäbek ýylgyrdy-da:

— Bu ýyllar suw doňar ýaly gyş bamy näme? Biz-ä daşarda bedredäki suwuňam doňanyny doňanyny göremzok — diýip, gara çyny bilen jogap berdi. — Onsoňam sen näme üçin «Žigulini» okaýaň? «WAZ» maşynyny öwrenmeli diýeňokmydyň näme?!

— Bä, öwlüýä kessin, eje, sen tehnikadan gömüg-ow — diýip, Bally hezil edip güldi-de, diwanyň üstünde aýbogdaşyny gurup oturdy — meň ýerime sen bolaýan bolsaň, Nadežda Sergeýewna gözüňi ikilikden açmazdy. «WAZ» diýmek — Wolga boýundaky awtomobil zawody diýmek ahyry. «Žiguli» birinji, ikinji, üçünji... näçe görnüşi bolsa, bary şo ýerde çykýa. Özem bilýämiň, bir gije-gündizde näçe çykýa? Iki müň üç ýüz sany täzeje «Žiguli».

Ballyň gözi ýiteldi. Ejesi bilen maşyn barada gyyzkly gürrüň edesi geldi. Emma Akbäbek gürrüňe meýilli däldi. Onuň agzyny suwardyp başlan gürrüňine käte bir gezek «heýlemi» diýmek bilen

çäklendi. Dogrusy, bu wagt Akbäbekde oglunyň «leksiýasyny» diňlemäge gurbatam ýokdy, höwesem. Ol äkit-getir, kak-silk uşajyk işlerde halys usurgapdy:

— Bolýa-la, «Žiguli» oka, «WAZ» oka, biz-ä bir zat okasaň kaýyl.

Ol gurşan gollaryny gerip, ýadandygyny duýdurdy. Emma Bally ony dynç almaga goýmady:

— Onda saňa ýene bir sorag, eje? Seň pikiriňçe, hany aýt, «Žiguli» ýyndammy «Lada»?

Akbäbek üçin bu wagt onuň soraglary artykdy. Bolsa-da oglunyň göwni üçin jogap berdi.

— Elbetde, «Žiguli». Baýak özüň aýdyp oturmanmydyň näme, kiçijik maşyn welin «Wolgadanam» ozýa diýip.

Bally ýene güldi. Oňa oýun gerekdi.

— Ine ýene bir ikilik, eje, saňa... «Lada» bilen «Žiguli» ikisem bir maşyn ahyry.

— Bolýa-la, Bally jan, maňa näçe ikilik goýsaň goý. Ýöne iň soňunda ekzamen berjek men däl-de özüňdigiňi ýadyňdan çykarma.

Akbäbek penjiräniň tutularyny düzetmäge girişdi. Ballyň birneme göwni açyldy. Indi ýüzin düşüp, okamaga başlady:

— Akkumulýator... Akkumulýator... Akkumulýator... — diýip samyrdady-da, elindäki kitabyň sahypalaryny agdaryşdyrdy. Birdenem: «Hüýýýt!» edip, sygyryp goýberdi. Eýýäm penjiräniň tekjesine çykyp, týul tutulary asjak bolup duran ejesine eşitdirip hüňürdedi. «Kerpiçden ulurak gara gapyrjak welin, muň içiniň ajym-bujumy diýsene. Heý, bularam bir ýat tutarmyň. Ýene şol ýigrenji matematika alnymdan çykdy. Gapdalynyň himiýasy, fizikasy bilen. Men şular sebäpli mekdepden gaçmadymmy näme. Ýogsam onýyllygy gutarjak ahyryn... Aý, jähennemä gitsin-le, barybir, akkumulýatorçy bolma meýlim ýok...»

Akbäbek gözüni potologa dikip, okaman ýatan Balla ýokardan gygyrdy.

— Oka diýýän, Bally jan, oka! Hä diýmänem, telewizoryň başyna geçersiň, tä gözüň bürülýänçä turmarsyň.

Bally gahar bilen elindäki kitaby ýapdy:

— Be-e, halys ýürege düşdüň-ow, eje? Oka, oka! Men-ä okajak

däl. Barybir, maşyn bejerip, çörek iýmen. Zyňaryn şu okuwy...

Akbäbek penjireden towsup düşüp, oglunyň alkymyna geldi:

— O näme diýdigiň boldy, Bally?

Bally ejesiniň nazaryndan gözlerini sowdy:

— Näme eşiden bolsaň şol — diýip, ýuwaş hüňürdedi-de birdenem gaty seslendi. — Men şu okuwy halamok, eşitdiňmi, halamok...

Akbäbek diýere söz tapman, uludan dem aldy. Gahardan ýaňa endamy saňňylday, dodaklary müňküldedi. «Halaýan», «Halamok» on sekiz ýaşli ýigidiň diýjek sözümidir bi?! Muny diňe ýedi-sekiz ýaşly çaga diýip biler. Biz-ä munuň okuwyny gutararyna garaşyp otyrys. Diplom toýuny etmekçi. A bu bolsa halamok, taşlaryn diýýä. Eý, Taňrym, bu nähile bolýa...»

Akbäbek tolgundy, diline söz gelmedi. Elindäki öl esgini penjirääniň öňüne oklady-da, oglunyň edil alkymyna dykyldy:

— Sen oýun edýämiň ýa çynyňmy?!

Bally dymdy, Akbäbek hem öz soragyny ýerliksiz hasap etdi. Sebäbi bu diňe jan durmazlykdan berlen soragdy. Bally ol soraga nähili jogap berende-de, barybir, Akbäbek köşeşjek däldi.

— Aý, oglan, sen näme diýýäniňi bir bilýämiň? «Taşlajak» diýen bilen taşlan bir zat ahyryn. Sen indi her sözüňe hasap bermeli, çaga däl, ata sakgal eňegiňe çykypdyr.

— Çaga däldigimi bilýän bolsaňyz näme üçin meni beýdýäňiz?

Eneli-ogul dymyşdylar. Ýene Bally öňürti dil ýardy:

— Siz henizem meni çaga saýýaňyz... Meňem öz pikirim bar, eje. Meňem öz islegim-arzuwym bar. Oňlaýan-oňlamaýan zadym bar...

Akbäbegiň gulagyna bu mahal ogluna derek başga biri gürläp duran ýaly eşidildi. Henize çenli ondan beýle sözler eşitmändi.

Bally kitabyny ýapyp, diwanyň üstüne oklady-da, öz otagyna gitdi.

Akbäbek utulan oýunçy ýaly bolup, onuň ýerine çökdi, oýa batdy. Oglunyň aýdanlaryny ýekän-ýekän beýni eleginde durlady. Onuň pikiriçe, Bally hem mamlady, hem bimamlady. Mamla ýeri: geýim geýmek, saç bejertmek ýaly hut özüne, degişli zatlarda-da Eziz ikisi oň islegini nazara almazdylar, öz isleýişleri buýruk ederdiler. Bimamla ýeri... Bimamla ýeri, hatda ol okuwada geňeşsiz giripdi.

Sentýabryň ilkinji günleriniň biridi. Ertir irden okuwa diýip giden oglan, agşamaralar dolanyp geldi-de:

— Hormatly raboçiý klasyň wekili Bally Ezizowy gutlap bilersiňiz! — diýip ýylgyrdy.

Akbäbek hiç zady güman etmedi.

— On alty ýaşapsyň, oglum, Bally jan, diliňi düzet. Haýsy dilde gürleseňem, bir dilde arassaja gürlärler. Kakaň-a diliň arassalygy barada makala üstüne makala ýazýa, ile öwredýä. A sen bolsaň, ne rusça gepleýäň, ne-de türkmençe. Işçiler synpynyň wekili diýäýmezlermi, raboçiý klasyň diýip oturman...

Akbäbek birdenem oglunyň aýdýan zadynyň manysyny aňşyrman, daşky formasy barada käýinip duranyny aňyp alňasady:

— Dur-dur, o nähile sen işçiler synpynyň wekili bolýamyşyň?..

— Hut şeýle-dä — diýip, Bally ýakasy bagjykly ala tennskasynyň gursak jübüsinden daşyna reje bilen kagyz oralan PTU-nyň okuwçysy diýen bileti çykaryp, ejesiniň eline berdi.

Akbäbek gözlerine ynanamdy. Bally ozaldan öwrenip, ýat tutup goýan sözlerini manysyna düşünse-düşünmese paýratdy:

— Biziň ýurdumyza şuwagt hünärli işçi kadrlaryň gerekdigi çyn gerek? Çyn. Olaryň ähli ýerde ýetmeýänligi-de belli gerek? Belli. Şoň üçinem men mekdep bilen hoşlaşdym-da, professional-tehniki uçilişä girdim. Üç ýyldanam ýokary hünärli işçi bolaryn...

— Ýagşam bir iş edipsiň — diýip, Akbäbek aljyrady, başyny ýaýkady. Ara düşen az salymlyk dymyşlykdan soň howatyrly sorag berdi — Kakaň habarlymy bu işden?

— Gelensoň aýdarsyň-da özüň, oň eli degenok.

— Oňky degmese, seňki degýä. Öz eden işiňi özüň aýdarsyň.

Akbäbek käýinjegini-de belmedi, geňirgenjegini-de. «Biz bir agyr maşgala-da däl. Uly-kiçi barymyz dört adam. Ýöne bu öýde kim näme edip ýör, bilemzok. Bu döwletliligiň nyşan-a däldir» diýip içini gepletdi. Bally sesini çykarman duransoň, ýene özi gürledi:

— «Hormatly işçi synpynyň wekili» boljak diýsene?! Biler bolsaň, işçi synpynyň wekili hemişe maslahatlyja hereket edýändir. Ähli meseläni oýap-çenäp, geňeşlije biçýändir.

Ol oglunyň syýasy äheňli gürrüňine syýasy reňk çaýdy. Soň birneme gaharlanyp gepledi.

— Meni sylamasaňam, kakaňy sylarlar. Dulugyma şarpyk çalanok diýip, edeniňi edip ýörmeli bormy. Ynha görersiň, bu eden işiň üçin ol kemere ýapyşyp daşyňa geçäýse, men näme diýerin...

Akbäbek oglunyň aýdaryna takat edip bilmedi. Eziz gelen badyna, oglunyň okuwçy biletini görkezdi-de, baryny aýtdy. Emma Eziz muňa geňirgenjegem bolmady, gatyrganjagam:

— Aý, özi unap, özi giren bolsa, biz ikimiz oňa garşy bolup oturmaly — diýip iňňän arkaýyn jogap berdi. — Ýa sen garşymy?

Ony soramak gerek däld. Akbäbek eli-aýagy, jany-teni bilen garşydy. Bu onuň gep salgyndanam görünýärdi. Emma Eziz muny ýa bilmedi, ýa bilse-de bilmezlige saldy.

— Oňatja okap alyp çyksa, ýaman okuwam däldir. Hem hünär öwrener, hem orta bilim alar. Okamak meýli bolsa, soňam ýokary okuwa girip biler.

Eziziň soňky aýdanlary birneme teselli berse-de, Akbäbek munuň bilen birbada ylalaşyp bilmedi. Onuň öz maksady bardy. Ol ogluny işçi geýimde däl-de, akja ýakaly intelligent geýminde görjekdi. Emma durmuşyňam öz kanuny bar. Ol hemişe seň isleýşiň ýaly akyp duraýýarmy...

Akbäbek bu zatlary ýatlap kän oturdy. Uzak oýlandy. Näme üçin şo gezek Ballyň özüne-de, atasyna-da gulak asman, elinden tutup, taganakladyp, yzyna mekdebe äkitmändirin. Näme üçin nadaralyk etmändirin... Ine, indi bolýany. «Öwrenilen gylyk örkleseňem durmaz» diýlenidir. Mekdebi taşlan sekiz ýyl okan mekdebini taşlan adam iki ýyl okan uçilişesini hem taşlap biler. Ana, soň küli batman tutman, onda-munda kaňkap ýören bikemal ogluň bardyr». — Ol zöwwe ýerinden galdy. — Ýok, men muny etdirmen. «Hiçden giç ýagşy». Bes, «Kör hasasyny bir aldyr». Men indiki pyrryldagyňa ýol bermen...»

Akbäbek pikirini jemlemänkä Eziz gapydan geldi. Aýalynyň ortarada saňňyldap duranyny görüp, aýak çekdi:

— Ýeri, näme boldy, Akbäbek?

— Näme bolanyny ogluňdan sora. — Ol elini oglunyň otagyna tarap uzatdy. — Oň okasy gelenokmyş, halanokmyş, ana, bolany.

Emma Eziz ylla aýalynyň sesi gulagyna ilmeýän ýaly, öz iş otagyna geçdi ötägitdi. Bu Akbäbegiň peltesine ylaýta-da ot berdi:

— Sen näme eşideňokmy meň diýýänimi, Eziz. Bilýämiň ogluň

näme diýýär. Iki ýarym ýyl okap, indem halanokmyş...

Ol Ezizden ses çykmansoň, ýene oglunyň otagynyň gapysynda seslendi:

— Bar, aýt, ýaňky aýdanlaryňy kakaňa-da. Näme otyrsyň. Okasym gelenok diý. Söwwüldäp ýöresim gelýär diý. Bar! Bar!

Ballydan hem ses çykmady. Ataly-ogulyň bu mahalky boluşlary edil dil birikdiren ýalydy. Akbäbek haýsynyň ýanyna barsa, olar içýakgyç dymmak bilen garşyladylar. Ol indi ortaradaky giň otagyň içinde zeýrenmäge başlady:

— Atasy ata bolanda, bu zatlar şeýle bolarmy? Özi meçew berendir muňa. Ogluň bikär kaňkap ýörüp, özüň alym däl, akademik bolaňda näme. Wah, işim gaýtdy-la... Bagtym ýatdy-la... Men muny adam etjekdim...

Eziz gapydan kellesini çykardy:

— Hany, bärik gel, Akbäbek jan!

— «Jan» diýme maňa. Maňa «jan» diýeniň gerek däl. Maňa seň şypaly sözüň gerek däl. Ogluňa atalyk aladaň gerek... Ýa düşüneňokmy meň aýdýanyma. Ogluň gözümiziň alnynda sandan çykyp barýa?!

Eziz uludan dem aldy, Akbäbegi elinden çekip öz otagyna saldy:

— Hany otur, şu ýerde. Bu zatllaň bir zady bor...

Akbäbek üsti dyr-pytrak kagyzly stoluň bir çüňküne tirsegini diräp çökdi. Eziz gapyny içinden mäkäm ýapdy-da, onuň gaşynda oturdy. Olaryň nazary biri-birine dikildi. Akbäbek diňe şu mahal Eziziň öňküligi däldigni duýdy. Onuň hemişe şadyýan ýüzünde, gülüp duran gözlerinde gam gördi. Asla onuň bolşy-da geňdi. Ýogsam, Akbäbek şeýdip oran eder durar, olam duşundan geçip gidermi? Ozallar aryp-ýadap gelsin, bir zada kejigip gelsin, gapysyna ýetende ähli zady unudardy. Ala-ýaza öwrülerdi. Her kime bir lak atardy. Iň ujypsyzja, has ýönekeýje zatlaram onuň gözündedi. Bu gün welin, beýle däl. Gelip geýiminem çykaranok. Boýny galstukly, egni çal kostýumly doňup otyr. Asla bu gün ol nirä gitdikä? Bu günler öýde işleýärdi ahbetin.

Akbäbek bu zatlar barada oýlanyp, Eziziň ýüzüne soragly garady. Az wagtlyk dymdy. Eziz birki sapar gury ýuwdundy-da, ahyr gepledi:

— Näme diýsene, Akbäbek. Ogluň okanda-da, okamanda-da,

oda-suwa ýykylmaz ýaly bolupdyr — diýip, sözüne dyngy berdi. Ýene aýalynyň ýüzüne howatyrly garady. — Jany sag bolsa, bir döwüm çöregi nirede-de bolsa gazanar. Oň üçin janyňam ýakma, bagtymy ýatyrdy diýip käýinme-de. Biler bolsaň... seň bagtyňy ýatyran ol däl-de, men...

Akbäbek ýerinden zöwwe galdy:

— Agzyňy haýyr aç, Eziz. Sen maňa näme edipmişiň bagtymy ýatyrar ýaly?

Eziz aşak bakyp gepledi:

— Indi senden gizläre ýagdaýym ýok. Bir aý boldy, öz-özümi aldadym... Sen mert bol-da, biliňi guşaý... Men dermansyz derde ulaşdym.

Akbäbek düşünmedi. Bu näme diýdigiň boldy diýen manyda aňaldy. Ýigrimi ýyl ýaşaşyp, başym agyrýa diýenini görmedik adamsynyň dermansyz kesele uçrajagy onuň akylyna syganokdy:

— Sen nämeler samrap otyrsyň, Eziz. Göniňden gel-de, aýt maňa. Kim muny saňa aýtdy?

Ol eýýäm aýtjagyny aýdyp, boş göwrä dönüpoturan Eziziň iki egninden silterledi. Soň boýnundan gujaklap hamsygdy:

— Aýt diýýän, Eziz, bu ýerde bir zad-a bar. O nä kesel? O nähile dermansyz dert? Men seň öwrümiňe düşünemok...

— Ýuwaş! Çagalary gorkuzarsyň! — Eziz onuň sakyrtmak ýaly bolup ilen gollaryny boýnundan aýyrdy. — Men şuwagt professor Nurymowyň ýanyndan gelýän...

— Ýalan aýdypdyr şo Nurymow. Içigara, görip diýerler oňa...

Akbäbek birdenem öz diýýänlerinden özi utandy. Ol professor Nurymowy tanamasa-da, onuň adyny eşidýärdi. Onuň uly keselhananyň ýolbaşçysydygyny-da bilýärdi:

«Bu nähile beýle bolýar, bu näm boldugy» diýip arkasyny diwara ýaplap, esli oturdy. Ýüzüne öliň reňki urdy. Emma Eziziňem bu mahal oňa teselli berere hajaty ýokdy. Ara düşen ep-esli dymyşlykdan soň ýene Akbäbek janykdy:

— Ýok, Eziz, men-ä ynanamok. Heý, düňkülläp, sag gezip ýören adam-de bir kesele ýolugarmy? Özüňem bineşe. Çilim çekmeseň, arak içmeseň näme?

Emma Akbäbegiň sözleri Eziziň gulagyna-da ilmedi. Ol şol bir

dünýäni unudyp, dymyp otyrdy...

Akbbäek gözüniň owasyny ýaşa dolduryp, Eziziň otagyndan çykanda, Bally ony garsa gujaklady:

— bolýa-la eje, bagyşla meni. Diýmedigim bolsun. Goý, aglamasana. Seň ýanyňda bir zat aýdarlygy-da ýok. Uly gürrüňe ýazdyraýýaň. Gaýtmyşym, gaýtmyşym...

Akbäbek ogluny bagryna basdy. «Wah, seň zatdan habaryň ýok, balam» diýesi geldi. Emma bogazyndaky düwün diýdirmedi. Bally öňküdenem beter ýalbardy:

— Ynha görersiň, men uçilişäni gutararyn... Diplomam alaryn...

«Geçä jan gaýgy, gassaba ýag» diýleni-dä. Oň bar aladasy özüdi. Bu zatlaryň barynyň günäkäri özüm hasap edýärdi. Başlaryna inen musallatyň «gaýtmyşym» edip düzederden has çetindigini ol nireden bilsin.

* * *

AKBÄBEK SÄHER BILEN Nurymowyň kabinetinde gögerdi:

— Dogryňyzdan geliň, doktor. Meň adamyma şeý diýdiňizmi?.. Bu nähile beýle bolýa. Hany sizde ynsap. Siziňem aýalyňyz bardey, çagaňyz bardyr ahyry...

«Salam ýok-helik ýok, bosagaň agzyna gelip, iň soňky aýdylmaly sözleri aýdyp duran kim bolup biler?»

Heniz kabinete girip, ak ýektaýyny geýmäge-de ýetişmedik professor soragly nazary bilen Akbäbege çiňerildi. Ýüz keşbinden, gözlerinden ony tanajak boldy. Nämelerdir ýatlamaga synandy. Maňlaýynyň gasynlaryny köpeldip, aňyna zor saldy. Ahyram elenip duran göwrä oturgyç hödürledi:

— Hany oturyň bakaly. Tolgunmaň!

Akbäbek professor Nurymowyň gabat garşysynda çökse-de, onuň süňňi galpyldap durdy. Gabaklary-da pökgeren ýalydy. Nurymow bolsa şindem tanajak bolup azara galýardy: «Allajanlarym, bu kim bolup biler? Öz-ä meni tanaýan bolara çemeli. Kimiň hossaryka?»

Nurymow her gün ertir işe gelende keselhananyň giň howlusynyň içinde ýüzleri ýuwha ýaly syrawlary görerdi. Olaryň ählisiniň-de hossary bardy. Aýaly bardy. Dogan-garyndaşy, ýakyny bardy.

— Bagyşlaň, şu skleroz soňky ýyllarda halys aňkamy aşyrypdyr. Siz kimiň maşgalasy borsuňyz?

— Eziziň... Eziziň maşgalasy diýseňiz-le asyl — professor ötünç soraýan şekilde ýerinden turup gobsunyp ýylgyrdy.

Professor Nurymow Ezize beletdi. Onuň bilen çagalar öýünde bileje terbiýelenipdi. Olam Eziz ýaly, ýer urup-ýerde galan hossarsyz ýetimdi. Ýöne Ezizden ýekeje tapawudy, onuň ady, familiýasy bardy. Hatda, atasynyň ady-da bardy. Eziziň welin, dogluş şahadatnamasynda Ezizden başga ýazgy ýokdy. şonuň üçin onuň ady-da, familiýasy-da Ezizdi. onuň horlanyp kandidat bolanyny-da Nurymow bilýärdi. Doktorantura gitmäge taýýarlanýanyny-da onuň özünden eşidipdi.

Professor Nurymow diýseler, Akbäbek ady ýaly haýbatly, peşeneli pyýadany görjekdi. Ýasama ýylgyryp oturan çal saçly keltejik, garaýagyz adamy görende birbada gözi eglenmejek boldy.

Professoryň ýylgyrmasy uzaga çekmedi. Arassa asmanyň ýüzüne kireň bulut çaýylyşy ýaly, onuň ýüzüni ünji gaplady.

Akbäbegiň gözleri ulalyp, hanasyndan çykjak boldy. Professsoryň ýüz keşbiniň üýtgemesinden, ýüzüni aşak salyp dymmagyndan ol özüçe many çykardy: «Wah, siz Eziziň aýaly diýseňiz-le... onda sizi Hudaý urupdyr. Siziň günüňiz batypdyr» diýýän ýaly göründi. Hatda onuň geplemezligini diledi. Sebäp onuň indiki aýtjak sözleriniň öňünde sandyrady. Professor heniz hiç zat aýtmanka, Akbäbegiň umyt guşuny uçurdy. Düýnden bäri özüni örkleýän inçejik tamasyny gyrdy. Ol mundan teslli hantamady. Şu umyt bilenem gelipdi. «Heý, bolmanda, «gorkuly zat ýok. Däri-derman ederis, gutular» diýdirjekdi. Ýok, ol dymýardy. Erjellik bilen dymýardy. Dymmakdan elhenç zat bormy. Goý, azajyk bolsun, birnäçe sekunt bolsun. Beýle halatda ol uzak görünýär. Tutuş bir döwür bolup görünýär.

Elhenç pikirlere gaplanan Akbäbek özüni ýitirdi. Professoryň soňky aýdanlary onuň gulagyna-da ilmedi. Akbäbegiň howsalasyny ýatyrardan bu wagt professoryň delilleri ejizdi. Akbäbebgiň pikiriçe, onuň aýdýan sözleri ýürek sözleri däl-de, wraçlar üçin werziş bolan nobatçy sözlerdi. Belki, Nurymow ol sözleri şu ýere gelýänleriň ählisine aýdýandyr. Olaryň hossarlaryny-da şol sözler bilen naharlap goýberýändir. Nätsin. Onyuňam borjy şeýle. Ýaşaýşa umyt döretmeli... Akbäbegiň bu ýerden alyp çykan zady, sygryň dili iki barmak kagyz boldy.

Ýöne keselhanadan gamlanyp çyksa-da, öýe ýylgyryp geldi:

— Men saňa aýtdym ahyry, Eziz, was-wasa bolupsyň diýip. Gördüňmi ynha, gorkuly hiç zadam ýok eken. Gury meň ýüregimi ýardyň...

«Eýsem onda Nurymow haýsymyzam bolsak, birimiz-ä aldapdyr» diýýän şekilde, Eziz Akbäbegiň ýylgyrýan ýüzüne seretdi. Şo bada hem onuň gözünde başga zady okady, içini gepletdi. «Bu pahyry görsene, meni aldajak bolup, öz-özüni aldaýanyny bilenok».

Bolsa-da Eziz syr bildirmedi. Akbäbegiň göwni üçin ýalandan begenen kişi boldy. Emma Akbäbek ertiriň özünde Moskwa uçmak üçin, Ezize hem özüne bilet alandygyny aýdanda, ol başyny ýaýkady:

— Oňarmansyň, Akbäbek jan, telek edipsiň.

Ine, ol ýene «jan» diýýä. Akbäbegiň gözüne ol barha ejizläp barýan ýaly göründi.

— Jan diýme, Eziz, haýyş edýän. Diýme şo sözi. Hemişeki ýaly adymy tutaý.

Eziz Moskwa gitmäge kes-kelläm garşydygyny aýtdy:

— Hemme ýeriň towugynyň sesi birdir. Keseli derňemek üçin o ýeri bolanda näme, bu ýeri bolanda näme?

— Beý diýme, Eziz. gideli. Bendäm- bendäme sebäp diýipdirler. Belki, moskwaly wraçlar derdiňe melhem eder. Azaby jähennem. Bolmanda-da ikimiz eşret görmek, döwran sürmek üçin bu dünýä gelmändiris.

Akbäbek gyssandy. Ýap-ýaňyja «seniň gorkar ýaly keseliň ýok ekeni, gury meniň ýüregimi ýardyň» diýip duranynam unutdy. Ýüregini eline alyp gürledi:

— Gitmeli. Ýekeje günem haýal etmeli däl. Kesel diýeniň sag mahalyň senden asgyndyr. Ýassyga ýykansoň pälwandyr. Pilçäňi ýere degreniňi duýman galarsyň.

Akbäbegiň gara çynydy. Her zat etjekdi, äkitjekdi. Eziz muňa göz ýetirdi. Az salym oýlanyp gepledi:

— Eýsem onda men özüm gideýin. Aýak üsütnde durup bilmeýän hassa däl ahyry... Bally jan geler welin iber, seň biletiňi yzyna gaýtaryp gelsin.

— Meň göwnüme degmeseň-ä gowy bordy, Eziz... — Akbäbek elendi — Seni ýeke goýberip, meň öýe sygmajagymy biläýmeli ahyry özüň. Bes, öňki hossarsyzlygyň. Indi ýeke dälsiň, şuny bil.

— Bu çagalary kime goýjak eýse, Akbäbek. Munyň bolanok, boýunlaryny sallatma.

— Çagalara döwem çalasy ýok. Hernä uzagyndan boýunlaryny sallamaly bolmasyn...

Akbäbek köp ýalbardy. Ahyry bile gitmäge razy etdi. Onuň gözüne bardykça adamsy mähriban, eziz göründi. Onuň ýanyndan ýekeje sekunt-da aýrylman, ýüzüne garap oturasy geldi. Näme üçindir onuň mährinden ganmajak ýaly göründi. Gör, adam nähile ýaradylypdyr. Öýüň-içeriň aladasy ýetik, dünýäň aladasam başynda ylgaşlap ýörkä, adam birek-birege bigadyr görünýär. Mähir-söýgä eli-de ýetmeýän ýaly. Ýöne biri-biriniň başy ýassyga ýetende welin, başga. Gizlenip töwerekde ýaýdanyp ýören gadyram bardygyny bildirýär. Mähirdir söýgem tapylýar.

Akbäbek özüniň şeýle tapylgysyz adamsynyň bardygyna ylla şuwagt göz ýetiren ýaly, ondan nazaryny sowp bilmedi. Özüniň düýnki diýenlerine ökündi: «Sen ata şekilli ata bolan bolsaň, ogluň başyňa gidermidi. Sen biperwaý. Diňe kagyzlaryňy bilýäň» diýenleri ýadyna düşende, ýüz kerem gaýtmyşym etdi, toba okady. «Ýok, diýmedigim bolsun. Heý, Eziz ýaly paýhasly adamam bir öz perzendine biperwaý bolup bilermi? Ýok, bu biperwaýlyk däl. ol maňa ynanýa. Maňa bil baglaýa. Birek-birege ynam — bu-da döwletliligiň nyşany...

Akbäbek uzyn gijäni kirpikli gözüni ýumman geçirdi. Garagyna çiş kakyldy. Bu çyn bolaýmaly bormy indi? Eý, Taňrym, adama beýle bir gargamak bormy. Beýle-de bir ýowuz jeza sezewar edäýmek bormy. Oň ýazygy näme? Şeýdip, gidiberjek bolsa, dünýä geldigi boldumy. Ol näme gördi. Bu çaka çenli göreni görgi boldy, edeni bergi boldy. Ol indi görmeli, indi ýaşamaly. Oň ýaňy agza aşa ýetdi. Ýaňy arzuwlarynyň bir çetinden girdi. Indi ol arzuwlar hasyl bolman, ýele sowrulyp ötä gitmeli bormy eýsem? Ýok, ýok, beýle adalatsyzlyk bolmaz... Biz muňa razy däl. Ezizem, menem. Biziň çagalarymyz bar...

Wah, Akbäbek, Akbäbek. Seň razyçylygyňy sorap geljek bolsa, oň adyna «kesel» diýiljekmi...

Akbäbek şeýdip, öz-özi bilen gepleşdi. Geçen günlerini ýatlady.

* * *

EZIZOWLAR BU ÝERE göçüp gelmezinden ozal şäheriň gaýra çetine ýaşaýardylar. Dagyňn eteginde ýaýylyp ýatan şäher

bilen bularyň kwartalynyň arasyny eriş-argaç bolup demir ýol böler otyrdy. Şonuň üçinem gadym wagtlarda Seňňerli adyny alan bu oba henizem şäheriň bir bölegi däl-de, onuň baldyzy ýaly bolup, goltugyna gysylar oturardy. Suwy ýognasrak diýmeseň, ýaşamak üçin amatsyz ýerem däldi. Kän bir tüsseläp duran senagatam ýokdy. Un kombinatynyň sesidir aeroportuň güwwüldisi bilenem öwrenşipdiler. Soňky wagtlarda suwlary hem birneme süýjäpdi. Indi öňküleri ýaly nasos bilen sorduryp ýer astyndan alynýan suw içenokdylar. Olaryň krantlaryndan Garagum kanalynyň süýji, arassa suwy akýardy. Ýöne köp wagtdan bäri oňşuksyz goňşulary bolan demir ýol welin, müdimilik maňlaýlaryna ýazylan ýalydy. Gijede-gündizde oňa dynuw-da, ýatuw-da ýokdy. Gündizlerine iki tarapa geçip duran otlular zerarly ýoluň ýeke-täk ötüginiň iki gapdalynda maşyn kerwenleri birnäçe kwartala çenli uzap, irikgä bolup garaşar durardylar. Gijelerine bu ýeriň gohy has artardy. Wagon düzüjiler agyzlaryna ronar tutup gygyrardylar. Inçe-ýogyn jürlewükler çalnardy. Tirkelýän wagonlar çakyşyp, tamlaryň penjiresini sarsdyrardy.

Bu hiç kime-de ýarap duranokdy. Ýöne il ýatansoň stoluň başyna geçip işlemegi eý görýän Eziz muňa ylaýta-da käýinerdi. «Hökümet heý, muňa bir alaç etmezmikä?» diýip, wagtal-wagtal Akbäbegiň ýanynda zeýrenerdi.

Ine, bir gün bolsa bular garaşman otyrkalar «Biz hökümet komissiýasydyrys» diýip, bir topar adam geldi. Olar şäher Sowetiniň bulary göçürmek baradaky kararyny görkezdiler. Demir ýoluň aşagyndan ägirt uly ötelge çekiljekdigini, onuňam bir ujunyň bularyň kwartalynyň üstünden düşýändigini aýtdylar. Bu habara begenenem boldy gynananam. Ýöne her niçigem bolsa begenenlerden gynanan köpräk boldy. Bu düşnükli zat. Ata-baba dogup-döräp, öwrenişen ýeriňden göçmek eýsem kime hoş ýakar. Kim içinden, kim daşyndan nägilelik bildirdi. «Şol demir ýoluň astyndan geçiriljek ötük ala-böle biziň obamyzyň üstünden düşäýmelimi!» «Asla, hökümet demir ýoluň astyndan ötelge çekip ýörmän, demir ýoly sowup, şäheriň daşyndan geçiräýende güýji ýetmeýärmikä?» «Ozal bu ýerden uçastok bölüp berende bu akyl kellesine gelmedimikä?..»

Gep köpdi. Her kim özüçe welilik satýardy. Ezizowlar welin, bularyň hiç birindenem däldi. Olar «bizem kanuny bilýäs. Ýokaryk

arz ederis» diýip käbirleri ýaly hötjekligem etmediler. «Pylan ýerden pylança otagly jaý bermeseňiz göçüp dagy etmeris» diýip, komissiýanyň öňünde şertem goýmadylar.

«Göçmeli diýýän bolsalar, göçäýmeli bor» diýip, Eziz biragyzdan razylaşdy oturyberdi. O wagt dil ýarmasa-da, Akbäbegiňem öz ýanyndan biçýän kiçijik planjygy bardy. Ol ertesi irden turup gidişine, günortana golaý dolanyp geldi. Şäheriň dumly-duşunda salynýan ýaşaýyş jaýlara aýlandy: mikraýonlary ýekän-ýekän synlady. Jaýlaryň haýsysynyň kerpiçdendigini, haýsysynyň betondandygyny belleşdirdi. Suw ýagdaýy, ulag ýagdaýy, magazin... birin-birin seljerdi.

Şäherde gurluşyk kändi. Diýseň kändi. Özünem şeýle bir çalt salýardylar, dört-bäş gat uly jaýlar sanlyja günde taýýar bolýardy. Akbäbegiň ýaňy-ýaňam görüp ýören düzlüklerinde äpet ymaratlar döräpdir. «Bu jaýlara soňabaka eýe-de tapylmasa» diýip, Akbäbek içini gepletdi. Emma öz işleýän atelýesinde henizem jaýa garaşyp ýörenleriň kandigi ýadyna düşende welin, bu pikirinden el göterdi.

Ol öz maksadyny Ezize-de aýlanyp göçäýmäge amatly ýer saýlap gelensoň aýtdy:

— Näme diýsene, Eziz. Gep şu bolsun. Meň diýen ýerimden berseler-ä göçýäs, bolmasa-da göçemzok.

Eziz adaty ýumşaklygy bilen ýylgyrdy:

— Weý, weý, bu näme diýdigiň boldy, Akbäbek? «Göçýäs, göçemzok» diýip durar ýaly, ýurdy alahekge soranok ahyry. Hökümet-ä saňa allanäme mugt jaý berer, seniňem onsoň göçer-göçmeziň bormy? Göçmeli borsuň. Galyň bende şo jaýlaýň arzuwynda ýyllar boýy nobata garaşyp ýör.

Akbäbek ýuwaşady.

— Bolsa-da, ýeri gelende peýdalanjagyňy bilseň, az-owlak hötjetlik edäýmegem-ä aýyp dälmikä diýýän? Häzir kozyr biziň elimizde.

Eziz kesgin jogap gaýtardy:

— Şäher Sowetiniň kanuny hemme şäherli üçin kanun. Şuny hergiz unutma. Oňa senem boýun synmaly, menem.

Şondan soň Ezizem geplemedi, Akbäbegem. Hersi öz pikirinde galdy. Elbetde, öz nika toýlary içinde geçen, ilkinji perzentleri şujaýyň içinde dünýä inen bu är-heleýiň ikisine-de bu öýden göçmekligiň ýokuş

degýäni hakdy. Bu jaýyň bular üçin ýene bir ýokuş degýän tarapy bardy. Olar bu jaýy ýer yrananynyň soňkusy ýyly başlapdylar. Täze çatynja adamlar diş-dyrnak bolup, bäş ýylda bitiripdiler. Hökümet jaý salynjaga ýek bir uçastok däl, karz pul beripdi, gurluşyk material beripdi. Emma gurmasyny welin... Hawa, gurmasyny welin, her kimiň öz başyna atypdy. Olar bu jaýy öz gara güýçleri bilen dikeltmeli bolupdylar. Ondan bäri köp ýyl geçdi. Emma bular şindizem elleriniň aýasyna seredende, şondaky gabarçaklaryň yzyny görýärdiler. Mätäçlik nämeler etdirmeýär. Heniz saman kepbe salyp görmedik Eziz bu jaýyň kerpijini öz eli bilen örüpdi. Tamdyr suwamagy başarmaýan Akbäbek mejbury suwagçy bolupdy. Laý edýänem özüdi, daşaýan, suwaýanam özüdi. Şonuň üçin bulaň üstündäki «Ž-D» tipli çaklaňja jaý Eziz üçin Daşrabat bolsa, Akbäbegiň gözüne Şasenemiň köşgünden enaýy görünýärdi. Bular bütin ömürlerini şu jaýda geçirmäge kaýyldylar. Bu howlynyň içindäki her düýp agaç bular üçin ýöne bir agaç däldi, mukaddes daragtdy...

Her niçik-de bolsa, Eziz «är sözi bir bolar» diýleni etdi. Ertesi işe ugramakçy bolanda, ýene bir ýola sargady:

— Etseň-ä Akbäbek. Sesiňi çykarma-da goşuňy ýygna, göç diýlen ýere göçmäge taýýarlan. Ony etmeseňem, meni ara goşma. Holha şäher Sowet, ynha-da sen. Men-ä görünmenem, goşulmanam...

Eziz beý diýmände-de, Akbäbek oňa beletdi. Ol diýseň ýüzlekdi. Setanda-seýranda magazine iberse, eline berlen zady alar gaýdybererdi. Kä ýarym gaýtargysyny kem berselerem çaga ýaly sesini çykarmazdy. Gaýtam öýe gelip: «Kem berenini bilmesin-ä bildimem welin, aýtmaga utandym-da gaýdyberdim» diýerdi. Akbäbek oňa kä igenerdi, kä gülerdi.

«Wah, siz erkekler. Siziň şu gerekmejek tarhandökerligiňiz biz aýallara gymmat düşýär. Magazinde köpük gaýtargy almagy kiçilik bilýäňiz... Taksa aýagyňyzy atsaňyz bir manat oklan bolýaňyz. Ana, onsoň olaram ýaman öwrenýä. Hemişe şo gerek. Ah, erkekler, erkekler... Siziň owarraňyz bize gymmat düşýä. Baý, gymmat düşýär-ä...»

Ýeri gelende Ezizem Akbäbegi ownukçyllykda aýyplardy: «Wah, aýallar sizem öwünmäň. Alýanyňyz bir buhanka çörekdir welin, at-düýe alýan ýaly şol duransyňyz. Ýanykmy, çigmi, gatymy-ýumşakmy, eliňize çarşajyk alyp, telim sapar agdaryp çykýarsyňyz. Çörekdir-dä,

haýsy bolanda näme. Çaga aýakgap aljak bolsaňyzam şeýle. Gerek gerek razmeriňi alypň gaýbermelidir. Siz bolsa azyndan on sapar geýdirip çykararsyňyz. Magazinlerde nobat döredýän siz, aýallar. Öwlüýä kessin, elli erkek adam öňümde dursun, men olaň yzyndan nobata garaşmaga kaýyl. Ýöne bir oýnam aýalyň yzyndan durmaga welin, çyadamok: Hut kanagatym ýetenok. Bardy-geldi öňüňdäki pensioner dagy bolaýsa, bar onsoň. O günüňi köýdi biläý. Ýeke özi ähli märekäni dykyn edip durandyr. Ozal-a tä kassir elini uzadynça puluny çykarmaz. Edil biri elinden kakyp ötä gitjek ýalydyr... Soňam ellerini titredip, sanap başlar. Onda-da puly bölek bolaýsa, ne ýagşy. Tutuş bolsa, welin dat günüňe. Dur onsoň garaş-da. Onuň welin, perwaýy bir ýalydyr. Sen garaşýamyň, işe gyssanýamyň kempir äwmez. Ýygyrt-ýygyrt elleriniň aýasyny gözüne degräýjek bolup, şaýlyklaryň ýüzüne sereder. Alar gaýtargysyny bir sanar, iki sanar. Soň dogry berenini-bermänini kassirden gaýtadan sorar. Ol: «Dogry, garry ene dogry» diýer, emma kempir müňkürdir, «dogry berdimi, şeýle bolýamy?» diýip, yzynda durandan sorar. Gygyryşarsyň, gyssanarsyň ol utanmaz, gaýta, seni götinogry eder. «Bu ýerde aýyp zat ýok, graždanin. Holha oka, sen bir sowatly adam» diýer. «Puluňy kassaň ýanynda sana» diýlip ýazylan ýazgyny görkezer. Seň bilen jedelleşmäge başlar. Sen goýarsyň, ol goýmaz. Diýeniňe puşman edersiň. Sypyp bilseň razysyň. Müň kerem ötünç sorarsyň...»

Jaý diýeniň bolsa bir buhanka çörek däl ýa-da çaga aýakgaby däl. Oýlanyşanyňa, jedelleşeniňe degýän zat. Sebäbi jaý ömrüňiň köp böleginiň hemrasy. Keýpiň-de, şähdaçyklygyň-da oňa bagly. Işewürligiňe-de, ýaltalygyňa-da käbir derejede dahylly. Indi üstümde tünegim bolsa bolsa bolýar diýilýän döwürden oba göçdi. Her kimiň islegi ileri. Gowudan gowy ýaşasy gelýär. Bu zatlara Ezizem düşünýär.

Akbäbek Eziz gidensoňam köp oýlandy. Ahyrda-da özüniňkini dogry tapdy: «Aglamadyk oglana emme ýok» diýip, ýönelige aýdylmandyr. «Soňky tüýkülik sakgal ezmez». Men öz islegimi aýdaýyn. Paltam daşa degse, soň razylaşaýmaly bor» diýip ýüregine düwdi. Şäher Sowetine baranda aýtjak zatlaryny öňürti öz ýanyndan bir-bir gaýtalady, mazaly kellesinde bişirdi.

Emma haýp. Bar öwrüp-çöwreni, ölçäp-keseni biderek boldy.

Ol şäher Sowetiniň öňünde şert goýmalam bolmady. Aýagyny

diräp, hötjetlik etmelem bolmady. Asyl dil ýarmaga-da ýetişmedi. Edil ýüregini bilen ýaly arzuw edýän ýerinden şarňyllap duran üç otagly jaýyň açaryny eline berdiler.

Indi nätmeli? Göni öýe gaýdybermelimi, Ezize buşlamalymy? Ýok, käte adam diýeni boldugyça beter edýär. Munuň bir emmasy bar bolaýmasyn. Goňşularymyz näzeýilli adamlarka, gideýin, göreýin, gürleşeýin. Köneleriň aýtmadygy barmy. «Jaý alma-da, goňşy al» diýipdirler.

Ol ýene ýola düşdi. Emma onuň bu howatyrlanmasam puç boldy. Begenjini Ezize buşlamakdan başga ýol galmady.

— Bir garry goňşyň arzuwyndadyň. Bir däl, iki däl, dört pensioner goňşuly bolduň — Eziz gözüň aýdyň!

Eziz Akbäbegiň begenjine goşulsa-da, näme diýýänini saýgarmady.

— Garry diýeniň bir öýde bir bor, iki bor, dördüň nä görgi?

— Ýok, Eziz, olar birem däl, ikem däl, hut dört sany — diýip, Akbäbek gaýtalady. Jaý eýeleri iki ýaş juwan. Ýöne jaýda olar ýaşaman, gyzyň ata-enesi bilen oglanyň ene-atasy ýaşaýar. Olar eýýäm göçübem gelipdirler. Oturdym, gürleşdim. Çaýam içdim. Dördüsem gowy adamlar.

— Dört garry bir jaýda oňşup ýaşaýan bolsa, olar ýöne-möne gowam däldir — diýip, Eziz oň aýdanyny tassyklady.

Ezizowlar haýal etmän göçdüler. Olaryň öňki jaýlaram gowudy. Ýöne bu jaýlary juda gowudy. «Biz köne ýurdumyzdan nägile däldik. Ýöne täze ýurdumyz has hezil» diýip, özleri häli-şindi gürrüň edýärdiler. Jaýyňyzyň bahasy, bagyňyzyň bahasy, hatda towuk ketegiňiziň bahasy diýibem, ýoňsuzja pul berdiler. Köne jaýlaryny ýykanlarynda penjire-gapysyny, agaç-ugajyny satyp, ýene ep-esli pul edindiler.

— Köneler «iki göçde-bir talaň» diýipdirler welin, biz-ä gaýtyp, baýadyk — diýip Eziz güldi. — Ýene bir gezek göçäýsek, tüçjar baý bolarmykak diýibem gorkman duramok.

Täze jaýa göçüp gelnensoň, ylaýta-da Akbäbegiň ýüki ýeňledi. Odun-suw azary ýok, ähli zat eliniň astyndady, üçünji etažňdan düşmäge ýaltanmasa, magazinem ýanlaryndady.

«Eşret kemi ýok! Hernä uzagyndan nesip etsin» diýip, Akbäbek otursa-tursa gaýtalady.

Eziz öz ýüregindäki arzuwyny hasyl ettmegiň pursady ýetdi hasap etdi:

— Eşret diý-de, goýaý. Bolsady ekemizde-de şundan gowusyny islemezdik. Şonuň üçinem, Akbäbek, biziň bu pusady peýdalanmagymyz gerek.

Eziziň näme diýjek bolýanyna Akbäbek eýýäm düşündi. Emma düşünmedik boldy:

— Gönüläp aýtsaň?!

— Menem ile meňzeş bolsam diýýän...

Akbäbek dymdy. Sebäbi oňa Ezizi mundan artyk gürletmegiň hajaty ýokdy. Ylmy işiň başyna çökmek onuň köpden bäri arzuwydy. Emma arzuw arzuwdy. Maşgalada ony hasyl etmäge şert ýokdy. Eziz uniwersiteti gutaranda tikin atelýesine şägirt bolup işe giren on sekiz ýaşly gelin — Akbäbek ondan bäri ep-esli ösüş edipdi. Ol şägirtlikden biçimçilige ýetipdi. Emma Eziziň welin, şo bir duran ýeridi. Şol bir kiçi ylmy işgärligidi, şol gatnap ýörşüdi. Ony ne ulaltdylar, ne-de kiçeltdiler. «Kiçeltmesin-ä kiçeltjekler welin, mundan kiçeltmäge aşakda ýer ýok» diýip, käte Eziz janköýer dostlarynyň ýanynda öz işinden nägileligini ýaňzydardy, oýunlyga salyp gülerdi. Ýöne onuň gülküsem öňde biriniň aýdyşy ýaly, içi ýananyň gülküsine çalym edýärdi. Ol elinden iş gelmez nalajedeýin däldi. Iň ýaman ýerem — ol işlärdi, özgeler şärik bolardy. Ol gijelerine ýatman, makalalar ýazardy, ýöne ol makalalar çap edilende onuň golunyň üstünde kimidr biriniň goly gögeredi. Nämemiş, Eziziň alymlyk derejesi ýokmuş... Ylmy ady ýokmuş. Derejeli adamlaryň biri ýataşärik bolmalymyşyn...

Ahyr degnasyna degen Eziz kyrkdan agansoň, işiň gapdalyndan dissertasiýa ýazmaga başlady. Şeýdip, ol içeriň ähli aladasyny Akbäbegiň boýnuna taşlady.

Ýöne bolmajak bolanda bolmaz ekeni. Üç ýylda üç sapar temasyny çalşyrdy. Agza-burna getirýär, ençeme güzerden geçirýär, bolýar-bolýar edişýäler welin, bir zat tapylýar duruberýär. Emma Ezizem «ölerem Alla diýmen» diýenlerini edip edil zyňlan jyk-jyk ýaly täzeden bir temanyň boýnuna alaja ýüp dakyp, öňküdenem ürç edip topulýar... Şeýdip, ol ellä alkymlanda kandidat boldy. Elli ýaşda öz maksadynyň yzynda öz adyny gördi. Ondan-mundan til kakyldy, gazet-žurnallar ondan makala sorady. Bu Eziziň ylma bolan teşneligini

artdyrdy. Onuň indi doktor bolasy geldi...

Akbäbek bu zatlary ýatlap dymdy. Eziz bolsa dymmagy razylygyň alamaty hasap etdi. Has berkitmek isledi.

— Näme-de bolsa iki ýyljyk gaýrat et, Akbäbek. Men doktorantura gideýin.

Emma Akbäbek bu gezek unamady. Ýaşyr-ýuşursyz öz garşylygyny aýtdy.

— Bessir, Eziz, öňde birine «elli ýaşda dutar çalmany öwrenip görüňde çaljakmy» diýýärmişler». Senem şoňkyny etme. Kandidat bolduň, bes. Çörek puluňy berýäler oturyber. Birsellem dynjyňy al, etiňe-ganyňa çyk...

Eziz öz eňegine tutdy:

— «Alymyň arrygyndan gork» diýip eşitmänmidiň. Arryklyk aýyp däl.

Akbäbek o gezek razylaşsa-da, ahyr Eziz ony yrdy. Emma duýdansyz gelen bela ony Moskwa doktorantura däl-de, doktora gitmeli etdi.

* * *

MOSKWA BULARY GARAŇKYLYKDA garşylady.

Professor Nurymowyň haty bilen Ezizi keselhana ýerleşdirdiler. Emma Akbäbek welin foedäki gaty oturgyçlaryň birinde dik oturyp, daňyny atyrmaly boldy.

Heniz günem dogmandy, keselhana geýmine giren Eziz, etažlaryň birinden aşak düşdi. Ol ukyny alypdyr, ýuwnupdyr, ardynypdyr, ýüzi täzelenen ýaly bolupdyr. Özem ýylgyrýar. Hawa, iň esasy zat — Eziz ýylgyrýardy.

«Hernä ýylgyrdygyň bolsun-da, jan Alla» diýip, Akbäbek şo bada ýol argynlygyny-da, ukusyzlygy-da unutdy.

Lar tirkeşip daş çykdylar. Doganyndan depäňideşip barýan günem ýok. Gije nire-nirediginem bilmändirler, o ýeri giden arça tokaýynyň gyrasy ekeni. Ýüzüne çyg düşen gök otly meýdan şähdiňi açýardy. A keselhana? Ol keselhana däl-de, Akbäbegiň gözüne özbaşyna bir şäherjik bolup göründi. Onuň korpuslary, gezimk meýdançalary — bary Akbäbek üçin täsindi, geňdi.

Eziz ýeňil dem aldy. Akbäbegiň umyt çyrasy täzeden köredi. «Çala-çula keseliň bu ýerde öz-özem aýrylyp gider» gider diýip,

içini gepletdi. Birdenem professor Nurymowyň «Entek umydy elden bermäň» diýeni ýadyna düşüp ýüzi ýagtyldy. «Belki, ol çyndan aýdandyr? Teselli bermek üçin däl-de, hakykaty aýdandyr?»

Ol Eziz bilen tokaýyň gyrasynda ýanaşyp oturyp, arassa howada jahany synlaýarkalar-da bu pikirden saplanyp bilmedi. Gaýta, Nurymowyň aýdanlaryny birin-birin ýadyna salmaga çalyşdy: «Bu kesel syrly kesel. Dogry, keseliň gowus-a ýokdur weli, bu şolaryňam iň zannyýamany. Ýaman ýerem heniz bize nogtaladanok. Dünýäň ähli ýerinde bar. Bütin adamzat bu keselden ejir çekýä. Jahanyň alymlary, men diýen doktorlary bir ýana, şu keselem bir ýana. Munuň syryny açyp, dermanyny tapana altyn heýkel salynjakdygy hem hak. Haçan, kim o hormata eýe boljak, millionlaryň alkyşyny aljak ol entek belli däl. Ýöne bir zat belli: gürrüňsiz bu keseliň öňi alnar. Ertirmi, bir ýyldanmy ýa ýene on ýyla çekjekmi, ine bu weli belli däl... Size berjek maslahatym, ruhdan düşmäň. Men muny dostumyň maşgalasy bolanyňyz üçin däl, wraç bolanym üçin aýdýaryn. Kesel hernäçe howplam bolsa, umydy elden bermäň. Baryň, işiňizi Moskwa oňarsyn!»

Akbäbek soňky sözleri öwran-öwran gaýtalady. «Umydy elden bermäň. Işiňizi Moskwa oňarsyn!» «Umydy elden bermäň. Işiňizi Moskwa oňarsyn!»

Häzir Akbäbek üçin başga hiç zat ýokdy. Onuň üçin Mekge-de, Medine-de şoldy. Käbe-de şoldy. Ol şu umyt bilenem gaýdypdy. Ýeri, onsoň munuň umydy ýere çalnaýmaly bormy? Ol şu umyt bilenem Moskwa gelipdi ahyry. Dünýäniň iň garaňky künjeklerine çenli şamçyrag bolup, şöhle saçyp oturan Moskwa Akbäbegiň ýüzüne nur çaýmazmy eýse...

Akbäbek howlugýardy, ýüregini ele alýardy. Emma seň howluganyň bilen wraçlar howluganok. Bu ýerde howlugyp alaýmaly zadam ýok. Oňa: «Barlarys, göreris. Bir hepdedenem netijesini aýdarys» diýdiler.

Bir gün Moskwada bolup, Ezizi ýerleşdirip yzyna gaýtjak Akbäbek garagy akan ýaly bir hepdä kaýyl bolmaly boldy.

Ol bir hepdäniň her gününi keselhana gatnap geçirdi. Içi bugaryp duran bakyrçaly ertir-agşam keselhananyň gapysynda göründi. Jüýje çorbajygyny getirýärdi, Ezizi öz eli bilen iýdirip, gutuldyrjak bolýardy.

Ol uçursyz geçiren gijelerini-de ýatlanokdy. Nätanyş şäherde ýatara ýer gözläp, myhmanhanadan myhmanhana kaňkap, gören görgülerini-de unudypdy. Eden harjy-da gözüne çöpçe görnenokdy. Diňe bir zady gaýtalaýardy. «Düýbi düz bolsun. Ahyry gelsin».

Ol bir hepdäni diňe şol umyt uçgunyna çoýunyp ýaşady. Ýaşamak niräň gürrüňi. Iýmäge işdäsi bolmasa, ýatanda gözi ýumulmasa, ondan ýaşadyk bormy, şeýdip geçirdi. Ine, bu gün bolsa oňa netijäni ýene üç gün yza çekýändiklerini aýtdylar. Nätjek, garaşmabilseň garaşam?!

Bir hepdäni uzak görýän Akbäbek on ikinji gün diýlende-de gyzgyn naharly göwejini elinde saklap kselhananyň gapysyny alyp durdy. Ine, birden kölegesiz göwresi salgy bolup duran agajet akademik onuň ýanynda sagyndy-da, uzak koridoryň ugry bilen yzyna tirkäp, ony alyp gitdi. Bu çokga sakgal goja kabinetine girip, dessine Akbäbege oturmaga ýer görkezdi-de, söze başlady:

— Näme diýsene, keýgim. Düýn siziňem, biziňem tanşymyz, meniň hormatly şägirtlerimiň biri professor Nurymow Aşgabatdan til kakdy. Siziň adamyňyzyň ýagdaýyny sorady. Öýüňize baryp gaýdypdyr. Çagajyklaryňyz bir oňatja oýnaşyp ýör diýýä. Muny aýtmak meň borjum...

Moskwa geleli bäri her hili kynçylykda ejizlemedik Akbäbek şu ýerde ejizlejek boldy. Gözüniň owasyna dolan ýaş dökülsem-dökülsem diýip buldurady. Adamdan mert-de ýok namart-da. Ýat bir adamyň hosarlygy ony pagyş-para eretdi. Bolsa-da özüni ele aldy: «Wah, dogtor, maňa esasy zady aýtsana?» diýýän şekilde, penjireleri açyşdyryp ýören süňňi gow ýaly ýeňil goja akademige seretdi. Goja köp garaşdyrmady, ýene Akbäbegiň gaşyna geldi:

— Adamyňz barada welin... gynansamam, gyzym, häli-häzir-ä sizi begendirer ýaly zat aýdyp biljek däl... Hawa, hawa, galanynam, syrkawyň özi gürrüň berer. Eden emlerimiz netije bermedi...

Ynha, indem maslahat. Nätmekçi? Syrkawy alyp gitmekçimi ýa entek...

Häki çalt gepleýän goja birden sagyndy. Akbäbek aljyrady. Özüni şunça gün gezdiren umydy puja çykyp barýana döndi. Onuň galpydysyna dyzynyň üstünde saklap oturan içi çorbaly bakyrçasynyň gapagy tykyr-tykyr seslendi.

Akbäbegiň ýagdaýyna düşünen goja onuň dyzynyň bakyrçasyny

alyp, stoluň üstünde goýdy.

— Rahatlanyň... Bilýän, siz äkitjek diýersiňiz. A professor Nurymow bolsa ony bu ýerde galdyrmagy maslahat berýä?!

— Bejerip bolmajak bolsa...

Akbäbek gury ýuwdunyp, ýeňsesine dolandy, yzyny aýtmaga gurbaty çatmady. Akademik turup, elini onuň egnine goýdy:

— Toba, toba. Siz meniň diýmedik zadymy beri diýdirmäň, ol aýyp bor, gyzym. Haçan men size beý diýenmişim? Kim aýdýar ony bejerip bolanok diýip?! Men beý diýemok ahyry. Hiç haçan diýmenem...

— Onda näme maslahat berýäňiz, doktor?..

— Medisina hemişe kesel bilen göreşýär. Kän halatlarda ol adamyň kekirtmegine münen ajaldanam üstün çykýar. Biler bolsaňyz, demsiz göwräni janlandyran pursatlarymyzam seýrek däl, keýgim... Siz meň aýdanlaryma düşünen bolsaňyz gerek. Ä?!

Emma Akbäbek hiç zat düşünmedi. Ol laldy, kerdi. Gözüniň öňünde bolsa diňe Ezizdi. «Gideli, Akbäbek jan. O ýerde çagalar itiň horudyr. Näme bolsa kysmatdakyny görübereris...»

Ahyr akademik öz pikirini aýtdy:

— Gowusy, siz meň maslahatymy alyň-da, çagajyklaryňyzyň arasyna gaýdyň. Görýän welin, sizem bu ýerde horlanýarsyňyz. Biz elimizden geleni ederis. Goý, ol ýene bir aý-kyrk gün ýatsyn!.. Umydy elden bermäň!

«Wah, şu gury umyt gursun. Indi bu-da Nurymowyň diýenini gaýtalaýar.»

Professor Akbäbegi kabinetinden çykaryp, eline içi çorbaly bakyrçasyny berdi-de, ugradyp goýberdi. — Professor Nurymowa salam aýdyň!..

* * *

AKBÄBEK MOSKWA GIJE baryp düşüşi ýaly, gije-de öýlerine dolanyp geldi. Ol gapylaryny kakanda şäher eýýäm süýji ukudady. Wagty bilen gapy açylmansoň, ýüregi wars-wars edip, agzyndan çykaýjak boldy. Ahyr içerden Ballynyň:

— Kimsiň? Eje! — diýen sesi eşidildi.

— Jan-a! Aç, oglum, gapyny...

Aýagy tursuly Bally gyssanmaç gapyny açyp, ejesini gujaklady.

— Hany kakam? — Onuň ilkinji soran soragam şu boldy.

— Ozal salam bererler ahyry, ejeňe, balam — diýip, Akbäbek ony gujaklap durşuna ogşady. — Kakaňam hä diýmän geler, oglum. Bäş-alty gün, özüni barlatmak üçin galdy. Hany, Arslan jan ýatyrmy?!

Akbäbek çemodanyny iç işige taşlap, süýji ukuda ýatan körpe ogluna tarap okduryldy. Ejesiniň sesi gulagyna ildimi, ýa süňňi syzdymy, süýji ukuda ýatan çaga birden oýanyp gözlerini elek-çelek etdi. Gujagyny gerip, topulyp gelýän ejesini görüp, allaniçigsi gygyrdy: «Waý, eje ja-an!»

Ol krowatynyň üstünden ejesiniň boýnuna towusdy. Iki eli bilen gujaklap, ýüz-gözünden ogşady: «Ind-ä gitmersiň, eje... Indi goýbermen... Näme üçin meni äkitmediň?! — Ol hem aglaýardy, hem ýetişdiginden sarnaýardy. — Gitmersiň... gitmersiň... goýbermen...»

— Bolýar, Arslan jan, goýber, jan oglum! — diýip, Akbäbek onuň ellerini boýnundan aýyrjak boldy. Çaga ýaly rakyp zat barmy. Ejesi gözünden üýtgese, ýene gidäýjek ýaly, eger goýberenokdy.

— Saňa kän jübüli balak getirdim... Süýji getirdim... — Akbäbek ýalbarýardy, çagaň gulagyna-da ilenok...

Akbäbegiň özüniňem ýüregi ezildi. Gezekli-taýly ogly bilen ogşaşdy. Sesli bolmasa-da ogly bilen deň aglaşdy...

Akbäbek Eziziň kesele ýoluganyny ilden gizleýşi ýaly, çagalaryndanam gizlejek bolýardy. Emma Bally indi çaga däl ahyry, ondan gizlär ýaly. Ol kakasynyň bir ýetmeziniň baryny aňýardy. Ejesiniň ýöne ýere ony Moskwa äkitmejegine-de düşünýärdi. Gorkuly zat ýok bolsa, jigisi ikisini öýde taaşlap, gitmejekleri-de aýandy. Onuň «Hany, kakam?» howsalaly soramasam, şonuň üçindi.

Eneli-ogul aýak üstünden odur-budur gürrüň etdiler.

— Eje, sen ýadawsyň, ýat-da dynjyňy al — diýip, Bally öz otagyna gidip ýatansoň, Akbäbegem Arslanjygy gujagyna gysyp gyşardy: «Bary-ýogy iki hepde. Şujagaz mahalda-da bularyň boýny sallanypdyr... Çaga ene-atadan aýrylmawersin hernä...» diýip ýeke özi hümürdedi. Soňam uklkap bilmedi. — Bularyň ulusam entek çaga ahyry. Ejä salam bermelidiginem bilenok. Uzagyndan aýra salmawersin, hernä...»

Heniz kyrk ýaşap, üstüne gün dogrup görmedik Akbäbek Gün asmana galanda oýandy. Doýa-garna uklamazlyk, uzak ýol onuň

lejini çykarypdyr. Arslanjyk bolsa uklanda-da eljagazlaryny ejesiniň boýnundan aýyrmandyr, çeňňek ýaly ildirip ýatyr.

Akbäbek emaý bilenjik onuň ellerini boýnundan sypyrdy-da, ýaňajyklaryndan öpdi. Soňra baryp, Ballynyň otagynyň gapysyny açdy. Emma Balla derek onuň krowadynyň üstünden iki barmak hat tapdy:

«Eje, men gitdim. Oýarmaga dözmedim. Agşam gürleşeris.»

«Çaga diýjeksiň, akylyňa döneýin — diýip, Akbäbek özbaşyna gepledi. — Başyna düşende çaga birden ulalaýjak ekeni.»

Içerde iş köpdi, diýseň köpdi. Akbäbek nämeden başlajagyny bilmeýän şekilde diňşirgendi. Onuň göwnüne bolmasa, içerde bir ýakymsyz ysam aýlanýan ýalydy. Ajan miwäň ysymy, turşan kelemiň ysymy, ony-da bilip bilmedi... Penjiräň öňünde telim gün ýuwulman duran gatyk çüýşeleriň ysy bolmagy-da ähtimaldy.

Ol otaglaryň fortoçkalaryny açyşdyrdy. Boş gaplary aşhana çykaryşdyrdy. Soň etmeli işlerini bir-bir ýatlady. Onuň gaýragoýulmasyz işleri bardy. Ozaly bilen içerini syryp-süpürip, pollary ýuwmalydy. Soňra Arslanjygy sertaraşa äkidip, saçyny bejerdip gelmelidi, neressejigiň gözüne inip gidipdir. Soň ony suwa düşürmeli, özi kirden çykmalydy... Çagalaryň geýimlerini ýuwmalydy. Magazine gidip, iýer-içer ýaly zat alyp gelmeli, çagalara agşam näme-de bolsa süýjüje bir zat iýdirmelidi. Özi gideli bäri, diňe kefirdir kolbasa bilen gün geçirýän çagalaryň ýyly-yssy naharyň-da gözlerinden uçandygyny ol oňat bilýärdi.

Akbäbek günuzyn gor ýaly gorsanyp geçirdi. Bolsa-da esasy etmeli işlerine ýetişdi, bal ýaly süýji edip naharam bişirdi. Bally gelse, üýşüpjik iýibermelidiler. Oňa nahar başynda çagalaryna aýdara gyzykly gürrüňlerem bardy. Moskwa barada aýtsa, ylaýta-da Arslanjygyň hezil edip diňlejegini-de bilýärdi. Onuň žurnallarda görse-de, kalendarda görse-de kremliň suratyny gyrkyp alyp ýygnap ýörendigini-de gowy bilýärdi. «Sen näme üçin meni äkitmediň. Ýa men gowy dälmi?» diýip tükezzibana tutjagynam bilýärdi. Ony bu gün çagalar bagyna ibermän ýanynda alyp galanam bolsa, iň gyzykly gürrüňlerini aýtman agşama goýupdy.

Emma Bally geler ýerde gelmedi. Nahar telim gezek gaýnap — syndy, Bally gara bermedi. Akbäbek garaşdy, erjellik bilen garaşdy.

Açlykdan ýüregi akyp barsa-da garaşdy. Sebäbi çagajyklary bilen bileje nahar edinesi gelýärdi. Ahyr ol garaňky gatlyşanda, eli kiçijik çemedanly gapydan girdi.

— Garaşdyraýdyň-la, oglum, näme alada tapyndyň?!

Akbäbek oglunyň ýüzüne soragly garady. Şol garaýyşda-da ene ýüregi bir zat aňan ýaly howatyrlandy. Eşiklerini çykarmak üçin içki tama giren oglunyň yzyndan seredip, oýa batdy. Göwnüne bolmasa, içerde düýnki ýakymsyz ys täzeden gaýtalanan ýaly boldy. Hawa, hut şeýledi. Akbäbek oňa göz ýetirdi. Bu ajan kelemiň ysam däl, gatyk çüýşäň ysam däl-de çakyryň ysydy. Özem Ballyň agzyndan gelýärdi. Akbäbegiň aňyrsy ýalanyp dursa-da, işdäsi tutuldy. Nätmeli, gele-gelmäşe oňa igenip başlamalymy? Beýtseň, her gün ýoluňa garap oturan çagalarynyň agzyna awy atdygyň bolmazmy. Bular onuň gözünden uçuçpdy ahyry. Ýok, bu mahal onuň igenmäge dili barjak däldi. Ýöne Ballyň beýle zada baş goşmagy bilen ylalaşyp-da biljek däldi, ol muny anyklamalydy, düýbüne ýetmelidi. Ýöne soň. Häzir saklanmaly. Bilseňem bilmedik bolmaly. Şeýle-de bolsa, ejesiniň ýüzüniň üýtgändigini Bally duýdy. Ýuwnup gelip, naharyň başyna çökse-de, iýen zady bolmady. Naharlydygyny bahanalap, derrew galdy. «Haýp, garaşyp, aç oturanymyz bolupdyr, iý, oglum, Arslanjan, iý, ballym» diýip, Akbäbek kiçi ogluny mylakatlap, özüni köşeşdirmäge çalyşdy.

Akbäbek nahar iýlen gaplary ýygnap aşhanadan çykanda Bally müýnli görnüşde oňa pul uzatdy.

— Al, eje, pul getirdim!

Akbäbek oglunyň eline seretdi. Dogrudanam, onuň elinde daşyna gyzyl onluk orulan ep-esli pul bardy. Ol az pulam däldi. Ýüz bolmasa-da, segsen-togsan manat bardygyny Akbäbek saýgardy. Ol Akbäbek üçin kän puldy. Sebäbi bularyň öýünde hiç haçanam arta-taşa pul bolmandy. Hemişe ol aýlykdan ol aýlyga gyryp atardylar. Eziziň kandidat bolmagy birneme ellerini giňeldipdi, içerik gerek-ýarak zatlaryny alypdylar. Az-owlak ýygnanjalaryny bolsa Akbäbek ýanlary bilen äkidip, kör köpügini goýman harçlapdy. Onuň daş ýanyndan düşer diýip çaklan puly gaýtam kemterlik edipdi, öýe gelmäge taksä-de ýetmändi. Öýde-de pul gerekdi. Kwartira tölemelidi, gaza tölemelidi, çyra tölemelidi... Arslanjygyň çagalar bagyna tölemelidi... Onuň

üstesine-de, Ezize-de pul ibermelidir. Içeriň ownuk uşak ýetmezini bu zatlar hökmanydy. Şonuň üçinem Ballyň elindäki pul köp derege ýarajakdy.

Emma ol pul Akbäbegi begendirmedi, gaýtam, birhili sähne etdi. Şonuň üçinem pula eli uzamady.

— Bu nämäň puly, Bally?

Bally henizem uzadyp durşuna seslendi:

— Işe girdim, eje. Işleýän.

Akbäbek düşünmedi, gözlerini petredip durşuna puly aldy, ýöne onda hiç hili özüne çekiji ýylylyk duýmady:

— Beýtmeli däl ekeniň-dä, oglum. Biz entek seň eklenjiňe mätäç däl ahyry. Okuw bilen iş agyr düşer.

Bally ýüzüni galdyrdy:

— Men okuwy taşlajagymy aýdypdym ahyry...

Akbäbek egninden basylana döndi. Elindäki puly düýrmegi bilen stlouň üstüne oklady-da, duran ýerinde çökdi. «Hawa, hawa, aýdypdyň-aýdypdyň» diýip, özbaşyna hüňürdedi. Başlaryna bela getiren şol harasatly günüň gürrüňini çala ýadyna saldy. Ol asyl ýadyndanam çykyp gitse nätjek. Beterinden-beteri bar. «Beterinden saklasyn» diýilmesiniň sebäbi şeýle zatlar üçin bolsa gerek. Ol häzir beterini eşitdi.

Akbäbek näme pikir edýäninenm bilenok, şol bir doňup otyr. Gözüniň alnynda ýatan pullar bolsa eýýäm manysyz bir zada öwrülipdi.

Ballyň ejesine ýüregi awady, onuň boýnundan gujaklap ýalbarmaga başlady:

— Gaharlanmasana eje, beýtmesene... Erbet zat ýok ahyry bu ýerde... «Hyzmat» firmasynda işleýäs, başga-da oglanlar bar... Maşyn bejerýäs. Ýeri, şuň nämesi erbetmişin ä?

Akbäbek oglunyň müýnsiz gözlerine garady. Bu mahal başarsa, ýürejigini çykaryp, ejesiniň öňünde goýmaga taýyndygyna ynandy:

— Men indi saňa näme diýeýin, oglum — diýip, Akbäbek sagyndy. — Ýene sanlyja günden okuwy gutarýaň, diplom aljak bolup dursuň. Özüňem okuwyňy taşlaýaň. Şuň erbetdigini bilmeseň, onda näme diýeýin...

Bally özüni aklamaga dyrjaşdy:

— Gutaramda-gutarmamda, tapawudy näme, eje. Barybir, men

maşyn bejermeli ahyryn. Kuly murt näme okap ussa bolupmy? Ähli adam yzynda ser-sepil... Men şoňa şägirt boljak.

Bally dürli deliller agtardy. Olaryň birem Akbäbegiň gulagyna ilmedi. Ol yzyny üzmän «Nätmeli?» «Nätsemkäm?» diýip, içini gepletdi.

Ejesiniň pikire batanyny gören Bally ony ynandyrdym güman etdi. Täzeden agzy ýetişdiginden gürledi, ejesiniň göwnüni götermäge çalyşdy.

— Ynha görersiň, erte özüň aýdarsyň, eje, dogry edipsiň diýip... Aýlygymy-ha köpügini kemmän eliňe getirip bererin. Daşyndan düşenjesinem kassa goýaryn, ýygnaryn. Kakam doktor bolýança menem maşyn edinerin. Özem diňe altynjy wypuska «Žiguli» alarys. Onsoň seni bir ädimem pyýada ýöretmeris. Irden turup ýuwaryn, süpürerin, soň ilki seni işe eltip gelerin, onsoň Arslanjany çagalar bagyna äkiderin. Dynç günleri bolsa ählimiz münüp, dagyň eteklerine çigildem ýygmaga gideris... Kakam meň ýanymda oturar. Arslan ikiňiz yzynda oturarsyňyz.

«Kakam ýanymda oturar diýen diliňe gurban. Agzyňdan Hudaý eşitsin» diýip, Akbäbek içini gepletdi.

Bally soňam köp gürledi. Hiç kim hä bermese-de gürledi. Agzyny suwardyp gürledi. Boljak, bolmajak arzuwlar etdi. Ol şeýtmek bilen hem-ä öz arzuwyndan özi ruhlandy, hemem ejesiniň göwnüni emendirmek isledi. Ara düşen doňaklyk buzuny pagyş-para eretmek isledi.

Akbäbek kelep ujuny ýitirdi. Indi ol ogluna gahary gelýänini-de bilenokdy, haýpy gelýänini-de. «Jany agyran Taňrysyna gargar» diýenlerini edýän bolaýmaýyn. Bu neresse ogurlyk etmändir, birini talamandyr. Öz zähmetjigi bilen gazananja puluny getiripdir. Näme üçin men muňa beýle ýowuz daraýan» — diýip, öz-özüne käýindi. «Ilkinji aýlygyny getiripdir, munuň göwnüni götermeli, maňlaýyndan sypamaly, öýe eklenç goşan oglum diýmeli...»

Akbäbek şu pikirler bilen mylaýymlandy. Gaharyna badak salyp, assa-assadan oglunyň nirede işleýänini, näme işleýänini sorady. Kuly murt kim, aýlygymyň daşyndan düşýä diýýäni näme, anyklady. Soňra özi olara Moskwaň gürrüňini berdi. Ýöne barybir, ene ýüreginiň sanjysy aýrylmady. Ol elini döşüne goýup ýalbardy: — «Jan balam,

ejeňi diňle, okuwyňy tamamla-da, göwün söýen ýeriňde işle. Biz saňa ýüzüň üstünde burnuň bar diýsek bolmadygymyz. Görjegiň öňüňdedir, iki barmak maňlaýyň bolsun. Ýaşlyk edip «sygryň guýrugynda pyçak döwme», hünärden ýüz öwürme, meň pendimi al-da, henizem bir pille, yzyňa dolan!..»

Bally öz delilleriniň ýer kertmänine diňe şu wagt düşündi. Ejesine näme diýjegini bilmän gaharlanjak boldy:

— Girip-çykyp durar ýaly, uçilişe çagalar bagy däl ahyry seň üçin, eje.

Akbäbek öňki mylaýymlygyny saklady:

— Özüm gidip gürleşäýerin. Ministriňiziň ýanyna barmalam bolsa bararyn, yzyňa aldyraryn... Okasaň bor, balam.

Akbäbek soňam kän ýalbardy, Bally yrylmady. Käýýäp gördi — Bally «Hoş» diýmedi. Ahyr Akbäbek özüniň uçilişä gidip geljekdigini aýdanda, Bally oňa jabjynanynam duýmady:

— Git, how, eje, git. Ýöne nätseňem, okaman, muny bilip goý.

Akbäbege o gije-de uky haram boldy: «Kakasynyň derde ulaşany azmy! Munuňky näme diýsene! Agzy porsap dur... Labzy ajapdyr... Söze gulak asanok... Ýa ähli ýetginjeklerem şeýlemikä?! Hemişe beýle gylygy ýokdy-la. Başga biri el berdimi, dil berdimi bilmedim...»

Ol uzyn gije oýlanyp çykdy. Ahyram gelen netijesi şu boldy:

«Wah, atasynyň gözüni görüp dursa, beýtmezdi welin...»

* * *

ERTESI AKBÄBEK NÄÇE garaşsa-da, Bally gije öýe gelmedi.

Ene gursun, gör, ol näçenji gezek daş çykyp, iç girdi. Nätmeli? Gözlegine çykmalymy ýa Taňryňa gargap oturmalymy? Heý, balasy gije ýaban ýatar-da, ene öýe sygarmy?

Ol bu gün işe çykjakdy. Telim gün bäri aýra düşen atelýesine gitjekdi. Emma jahan ýagtylanyndan garbanar ýaly odur-budur zatlary ýaglyga düwüp, köçä çykanyny özem duýmady...

Akbäbek sorap-idäp, maşyn bejerilýän ussahana baranda içini çekip haýykdy. O ýeri ussahana däl-de, maşynlaryň gonamçylygyna meňzeýärdi. Daşy gyzyl-ala demir tubalar bilen germawlanan abyrsyz meýdan durşy bilen maşyndy. Akbäbegiň göwnüne, ylla diýersiň, dek düýnem şäheriň köçelerinde tirkew-tirkew bolup ýören maşynlar bir gijede süsüşip, şu ýere getirilip taşlanan ýalydy.

Piller öljegini öňünden bilip, bir ýere ýygnanarlarmyş diýip, Akbäbek eşiderdi. Onuň göwnüne, bu maýyp-müjrüp maşynlaram şu ýere ýygnanyp ölüp galan ýalydy. Sebäbi olaryň biri-de özleri tigirlenip gelip biljege, ýerinden gozganmaga ýarajaga meňzänokdy. Ählisi kast edilen, jebir gören maşynlardy. Iki gözünden jyda düşen sokur kör «Moskwiçlerdir» heniz reňki göwşüllemänkä depesi çöken «Žiguliler» diýermiň, aýaklary çatalbadan goparylyp, bagyrlaryny ýere beren «Wolgalardyr» güberilip ýatan gara «ZIM»-ler diýermiň. Motorlaryny syrtyna atypdüýnki hozanaklap ýören «Zaparožeslerdir» başga markaly maşynlar diýermiň... — Ähl isi terslin-oňlyn gyşaryşyp ýatyrdylar.

Maşyn köpdi. Diýseň köpdi. Göýä diýersiň, olar maşyn çykarýan zawod bilen erjeşýän ýalydy. «Sen haýda-da çykaryber, bizem döwlüp ýetişjek bolarys» diýýän ýalydy.

Maşyn köpdi. Ýöne adam ondanam köpdi. Akbäbek onça adamyň arasyndan Ballyny nireden tapsyn?

Ol bir meýdan ýaýdanyp durdy. Eý görmüş, bir ujy kislorod ballonyna berkidilen uzyn şlangany süýräp gelýän bir adam deňinde saklandy-da, oňa ýüzlendi:

— Näme hyzmat, daýza?!

Akbäbek derrew habaryny berdi:

— Şu ýerde oglum bolmaly, janym... Ol sizde işleýär.

Gara äýnegini çat maňlaýyna dakan orta ýaşlaryndaky kiçijik murtly, sakgaly kirpiň tikeni ýaly dürterip duran bu adam ýene birki ädim oňa golaýlady:

— Kim diýýäler ogluňyza?

— Bally diýýändirler — diýip, Akbäbek gyssandy. Ol adam tanamady. Akbäbek oglunyň familiýasyny aýtdy, şlangaly ýene tanamady. Akbäbek oglunyň sypatyny salgy berdi, şlangaly barybir «tanamok» diýip başyny ýaýkady. Ahyram egnini gysdy-da:

— Siz wulkanizatorlardanam bir sorap görüň — diýip ýöräp barýarka bir tarapa elini uzatdy. — A-na, ho-ol duranlardyr.

— Wah, ,em wulkanizatoryňy, buýankyňy bilýänmi...

Akbäbek hüňürdäp, ýaýdana-ýaýdana salgy berlen tarapa ýöredi. Ýöne o ýere baranyna puşman etdi. Elleri nasosly on-on iki adam hem maşynlaryň tekerine ýel berýärdiler hem kimde bolsa birine

gargaýardylar. Agyzlaryna alýan sözlerini iki gulakly eşider ýaly däldi. Adamy «gargyş galyndyrmaz» diýilýäni çyn bolsa, onda şo adamy ýerden alyp, ýere sokardylar.

Akbäbek ýanlaryna barmaga ejap edip, bäş-on ädim ýetmän saklandy. Kamera ýamatmaga gelen egni ak köýnekli student sypat ýaş ýigit nasosy bir ýana oklady-da, eliniň garasyny ýagly esgä süpürip durka Akbäbege garap zeýrendi:

— Görýämiň daýza, bolýan zady. Bir süpük arakkeş näçe adamyny ezýär. Kompressor bolanda ýel bermek diýeniň bir minudyň işi ahyryn — diýip, töweregine aňajaklady. — Eliň bilen doldurjak bolsaň, hupbat ýamanyny berýä. Agyr nasosy azyndan iki ýüz gezek urmaly, içegiňi gyrýa. A ol öýi köýen arakkeş bolsa, açary kisesine salyp gidipdir-de, gör, nirelerde «üçleşip» ýör...

Akbäbek kompressoryň nämedigini bilmese-de, ýigidiň zeýrenjini baş atyp goldady. «Wah, jan jigi, gowusy, zeýrenişmäli-le. Zeýrenmeli bolsa, mende-de zeýrenmäge zat kän. Ejem käýedi diýip öýe gelmän ýaban ýatyp ýören ýigide näme diýersiň — diýesi geldi. — Eje bolan telek iş etseň, elbetde, käýýär. Şeýdip, ýeňsäňi tüňňüerdip ötägitmelimi? Ejeňden öýkeleseň, kimden öýkelediginiň bolýa».

Emma ol ýüregindäkini diýmedi-de, ogluny gözleýändigini aýtdy. Ak köýnekli ýigit elini elini salgap, şo ýerde işleýänleriň birini çagyrdy. Olam başga birini çagyrdy. Emma bularam Ballyny tanamadylar. Akbäbegi başga bir topara tarap ugratdylar.

— Özi ýaş oglan bolsa, özem täzeräk gelen bolsa, kuzowçydyr ol. Ilki maňlaýyny diräýýän ýeri hem şodur olaň. Kuly murt nirede diýip soraň. Lew Kulyýewiç diýseňiz-ä hasam gowy tanarlar...

«Ýetimiň ýedi gapa barsa, ýüzi açylar» diýleni boldy. Akbäbek soň utanmady. Öňünden çykandan Ballyny sorap ugrady. Emma bu ýerde-de oňa ogluny tapyp beren bolmady. Her kim öz işi bilen gümrady. Akbäbegiň ýaýdanyp duran ýerinde eginleri kendir çäkmenli adamlar haýsydyr bir maşyny düňderjek bolup azara galýardylar: «Bir-iki-üç! Bir-iki-üç!» diýip, güýç birikdirip zomaýardylar. Beýleräkde bolsa iki sanysy gyzyl ot edip, maşyn ýamaýardy. Has aňyrrakda gollary çygyn-çygyn daýaw adam her gezek ýekedaban bilen ganaty goparylan maşynyň böwrüne uranda, maşyn janawar örboýuna zyňylýardy.

Akbäbek soraýmaga çemeliräk adam gözläp, aňkaryp, bu ýerde

näçeräk duranyny bilenokdy:

— Bu ýerde näme işleýäň eje?! — diýip, birden Ballyň özi geläýdi.

Akbäbek egni işçi geýimli, eli bir bölek naždak kagyzly, delmirip duran Balla garady. Onuň garaýşyndan jogabyny okamak kyn däldi.

«Bilýän dälsiň-ow, eýsem näme işe gelenimi? Şu agzy jäheksiz erkekleriň paýyş sözlerini diňlemäge gelmänim-ä aňýansyň. Entetgin eneňi şeýtginde...»

Akbäbek ogluny tapanyna begendi. Sesini çykarman, elindäki düwünçegi oňa uzatdy:

— Al, çetiräge çyk-da, garban, düýnki açlygyňdyr...

Bally öýkeli gepledi.

— Men aç däl.

Akbäbek durup bilmän hamsygdy:

— Näme beýdýäň ahbetin, jan ogul?.. Uzyn gije garagyma çiş kakyldy...

Bally dymdy. Akbäbek getiren iýmişli düwünçegini zordan diýen ýaly oglunyň eline tutdurdy-da, ylalaşyjy gürledi.

— Hany, maňa başlygyňy bir görkez işlejegiň çnyň bolsa. Gürleşeýin. Ondan haýyş etjek zadym bar. Kim bu ýerde seň halypaň. Kuly murt diýilýän haýsy bulaň?!

Bally ýaýdanyp, töweregine garanjaklady. Onuň ejesini Kuly murt bilen tanyşdyrasy gelmeýäni ýüzünden görnüp durdy. Akbäbek muny duýansoň dyzabam durmady.

— Bolýa-da onda, men gitdim. Işleýän ýeriňi gördüm, biraz ynjaldym — ol birki ädim ätläp ýene saklandy — ertir dynç günüdir. Kuly murt diýdimi, nämemi, şo halypaňy öýe çagyr.

Bally şübheli garady:

— O nämä gerek, eje?!

— Çaýlaşarys... Gürleşeris... Ertir bize myhmançylyga bar diý. Ejem ikimiz garaşýas diý.

Halypasam bolsa Ballynyň Kuly murty çagyrasy gelmedi:

«Çaýlaşarys, gürleşeris». Gözleri zordan açylýan ol adam bilen ejem näme gürrüň edip biler. Ol ejemiň çaýyndanam, gürrüňindenem bir bulgur çakyry gowy görýär ahyry...»

Akbäbek ýaňy ýeňsesine dolananda:

— Bally, beýläňe seret! — diýip, bir oglan gygyrdy. — Şadyşkaň maşyny ýaly-la ol.

Akbäbek oglundan ozal ýigidiň görkezen tarapyna seretdi.

Bally kürtdürip durjak ýaly etdi-de, birdenem köçe suwlaýan gyzyl maşynyň süýräp getiren ýaşyl «Žigulisine» tarap ylgady.

Heläkçilige düşen maşynyň töweregi derrew egele boldy. Heniz zawodyň ysy gitmedik maşyn diýseň weýrandy. Ýarpy göwresi üstünden basylan konserw gapyrjagyna meňzeýärdi. Kim hyrçyny dişledi, kim başyny ýaýkady.

«Baý-bow, munyň-a hennege itäýmelisi galypdyr.»

«Garantiýasy bardyr, zawod töläp berer-le...»

«Näbileýin-dä, Kuly murtam şu maşyny aýak üstüne galdyraýsa...»

Maşynyň kabinasyndan çykan adamyň ýüzünde ruh-pet ýokdy. Biri onuň gynanjyny paýlaşmak isledi.

— Nähile, Gulam aga, abraýlymy beri özi?!

— Abraýlymy, dälmi, görüb-ä dursyň...

Ýaşuly janyýangynly gürledi.

Akbäbek üýşmeleňden uzagrakda duranam bolsa, Gulam agaň adyny eşidip, ýakasyny tutdy. Oňa hemme kişi beletdi. Gulam arabakeş diýseň, oglandan uly bary tanardy. Sebäbi soňky ýyllarda şäherde ýekeje araba gezerdi, olam Gulam agaň arabasydy. Onuň şenbesem bolmazdy, ýekşenbesem. Rezin tigir oturdylan köne arabasyny aýagy çekgem ala ýaba goşardy-da, köçe-köçe aýlanar ýörerdi. Letde ýygnardy, çüýşe çöplärdi. Çagajyklary onuň sesini eşitdikleri bes, iýip oturan çöreklerini taşlap, köçä eňerdiler, oňa çüýşe tabşyrardylar, jürlewik alardylar.

Gulam agaň bolşy bu betbagtlygy şu duranlardan görýän ýalydy. Bir zat soralsa, ýangynly jogap gaýtarýardy. Şonuň üçin indi bilesigeliji adamlar maşyny süýräp getiren şofýoryň daşyna üýşüp, oňa sorag ýagdyryp ugradylar.

— Nähile aýt, gardaş, maşynyň eýesi beri abraýlymy?

— Aý, hawa-da, diri galansoň, abraýly diýäýmeli-dä. Ýogsam, bir aýag-a dyzyndan kül bolupdyr. Döwlen gapyrgasy, ýarylyp-ýyrtylan ýerlerem-ä bar bora çemeli...

«Hiý, Şadymyka ol» diýip, Akbäbek duran ýerinde ýakasyny

towlady. Gözlerini petredip märekäni diňledi. Märeke bolsa ýaňky adama jogap berenine puşman etdirýärdi. Üstüne gerekli-gereksiz soraglar ýagýardy:

— Haçan bolupdyr, nirede bolduka?

— Haýsy günäkärkä, nähile maşyn urupdyr?

— Içip dagy münäýdimikä, bidöwlet? Häý, şu ýaşlaram özi...

«Boljak iş bolupdyr. Ýeri, indi haýsy günäkär bolanda size näme diýsene — diýip, Akbäbek başyny ýaýkap içini gepletdi. — Bolupdyr-bolupdyr Gulam aga bolupdyr... Maşyn, maşyn... Soňky döwür şü-de göni gelen ajal bolupdyr adamlara. Onda-da ýene öň ýeten maşyn edinjek, iýmän-içmän öte ýatjak, maşyn edinjek. Ýerde oňaýly oturyp bilmeýänem maşynda oturjak, maşyn sürjek. Kellesini saklap bilmeýänem maşynyň ruluny aýlajak, maşyn sürjek. Ýoluny saýgarmaýanam maşyn sürjek... Ýelhehräk, göterimräk ýetginjekler üçin-ä dogry gelen ajal bi... Hernä, Şady neressäň demine bir degilmäbilseýdir...»

Akbäbek öýe gelensoňam süňňüni saklap bilmedi. Gören pajygaly wakasy ýadyna düşdi durdy. Ol Gulam aga-da beletdi, onuň ogly Şada-da. Bular köne ýurtda dul-degşir goňşudylar. Şadyň ejesi ir ýogalypdy-da, Gulam aga ony arabaň üstünde ulaldypdy. Şady sebäpli hem soň öýlenmändi. «Gulam aga saňa sallahlyk kyn düşýändir, senem özüňe babyrak sary diş aýal alaýsaň bolmaýamydy» diýänlerini Akbäbek öz gulagy bilen telim gezek eşidipdi.

«Aý, heleý diýeniň-ä gyzyl dişlisem tapylsa tapylardy welin, şujagaza ene tapylmaz» — diýip, Gulam aga arabaň üstünde joňkaryp oturan dört-bäş ýaşlyja Şadyny görkezerdi. Şadyjyk bolsa ertir gün dogandan arabanyň üstüne çykardy-da, kakasynyň ýola düşerine sabyrsyz garaşardy. Näçe gezse-de, ýene doýmazdy. Aýagy çekgem ala ýabynyň jylawyny eline alan wagty-ha bar onsoň. Oturan ýeri arşyň üstüdir welin, özüni kosmonawt däldirin öýtmezdi. Satýan harydy şar, jürlewik, boýag ýa oýmakdyr welin, ondad-da edil «Çagalar dünýäsi» magazinininiň direktory ýalydyr, petekesini gaýşardar. Halan oglanyna owadan, ala şar berer, halamadygyna-da «bar git-de ýene bir ýola çüýşeleriňi ýapda ýuwup gel» diýip kowar goýberer.

Şady soň ulalyp, akyly ýetip ugransoň welin, gaçgyny şol araba boldy. Olar Bally bilen bileje okap, sekizinji klasy gutarypdylar. Ol-a

aýakgap firmasyna işe girdi. Ballam 9-njy klasda bary-ýogy bir hepde okap, awtomobil slesary bolmak üçin professional-tehniki uçilişä girdi. Göçhä-göçlükde bolsa Gulam agalar şäheriň bir tarapyna düşdi, bularam beýleki tarapyna. Akbäbek käýarym Ballydan ýa Ezizden olar barada bir zat eşidäýmese, özlerini gaty seýrek görerdi. Gulam aganyň esgi çöpläp gazananja puluna «Žiguli» alyp berendigini hem Ballydan eşidipdi.

Agşam Bally öýe gelensoňam eneli-ogluň gürrüňi şo boldy:

— Bir topar oglan bolup yzyndan keselhana bardyk weli, ýanyna goýbermediler. Penjireden seretdik — diýip, Bally gynanyp gürrüň berdi. — Aýagyny gipsläp, ýokardan asyp goýupdyrlar. Özem krowatda arkan ýatyr. Ýüz-gözlerem saralgy...

Ballyň gaty gorkanlygy bellidi. Henizem reňkine gelmändir. Gürrüň berýär, özem aglaýjak bolýar.

— Şeýdip, her ýaşyna bir gün ýatmasa, döwükleri bitmeýärmiş diýýäler. Gulam aga görgülem, ne ýanyna baryp bilýä, ne-de öýüne gidip bilýä, keselhananyň töwereginde zowzullap, pelesaň kakyp ýör.

— Nädip bolupdyr ol, oglum, bilip bildiňizmi?

Düýn iller soranda «Boljak iş bolupdyr, nädip bolanda näme» diýip, özgelere käýinýän Akbäbek indi özi şo soragy berdi.

— Her kim bir zat diýýä, eje, anyk bilýän ýok. Ýöne, Şadişkaha günäkär dälmikä diýýän. Oň maşyn sürmäge türgenligine biz-ä bir ýola telpek goýandyrys — diýip, Bally dostunyň arkasyny çaldy.

— Näme, senem oň ýanyna mündüňmi?

Gulam agaň güni öz başyna düşäýjek ýaly Akbäbek galpyldady. Emma ejesiniň ýagdaýyndan bihabar Bally arkaýyn gürledi:

— Men ilkinji gezek «Žigulä» şoň bilen münüp gördüm. Bä, oň gidäýşini dagy. Spidometri 120-ni görkezýä weli, gitmeýän ýaly-da...

— Şonda-da ýanynda otyrmyň senem?!

Akbäbek ylla oglunyň elinden çekip düşürjek ýaly gobsundy. Bally has şowhun berdi:

— O dagy näme, soň130-a, 140-a çykdy. Ýoluň gyrasyndaky telegraf nawlary edil bir garyşdan dikilen ýaly, zyrp-zyrp geçip dur...

Akbäbek demi tutulan ýaly bolup, ýakasyna ýapyşdy:

— Hudaý sowupdyr. Çöregimiz bitin ekeni...

— Gorkma, eje. Menem şonda elim agzyma ýetse bir «Žiguli»

edinmesem, armanly bolaryn diýdim. «Wolgaň» dagam gapdalyndan geçip barýa-how, eje, ol. Men ony sürübem gördüm, çolaja ýerde. Sürmesi-de aňsatja ekeni...

— Tamaň tala daňlan ýalybolaýsyn. Mazaly akylyň goýalmasa, maşyn alarys öýtmegin. Puluň weşeň-weşeň bolanda-da aldyrman... Onsoňam sen maşyn sürmäni nirede öwrenenmişiň?! Prawaňam-a ýok... Bu tentekleň edip ýörenini görsene...

— Prawam bolmanda näme. Kim täzeje «Žiguliň» rulunda oturmakdan ýüz dönderer. Dogry, men entek o diýen ökde däl. Şady barmajygy bilen sürse-de gidip barýa, men münýän weli, eger diýen edenok. Ekinçi mal ýaly, ýoluň ýa çepine sowulýa, ýa sagyna. Welosipedli oglanlaram göni meň üstümden sürýäler. Ýa gözüme şeýle bolup görünýä. Ahyr Şady bolmajagyny bilip elimden aldy: «Entek saňa öwrenmek gerek» diýdi.

— Ozal nä kellesi bilen berýämiş ony. Öýden çyksaňyz, edýäniňiz şu-da siziň. Iň gowusy, öýden çykarmazlyk. Ýogsam, abatlykda görünjek däl siz...

Akbäbek oglunyň beren gürrüňine galpyldady. Ýogsam, Bally esasy zady aýdanokdy ahyry.

...Bular iki maşyn bolup, dag tarapa gezelenje çykypdylar. Şadyň ýeke özi bir maşynda, Ziýa bilen Ballam bir maşyndady.

Ziýaň çilim çekesi geldimi ýa fokus görkezesi geldimi, belli däl. Ol yzly-yzyna maşynyny gygyrdyp öňden barýan Şadyny saklady, otluçöp sorady.

Şadyň diýseň keýpi kökdi:

— Bu akmaklary görsene! Otluçöp üçinem saklarlarmy?

— Eýse nätmeli? Maşynymyň çilim otlaýanyny düýn gyzlar ogurlapdyr — diýip, Ziýa çilimini görkezdi.

— Yzymdan ýet-de, deňleşip otlaý.

Bally wazlap barýan maşyn bilen deňleşip, çilim otlap boljagyna ynanmady.

— Aý, ony senem başarasyň ýok-la.

— Başarýanmy-başaramokmy göräýeris, hany al eliňe otluçöpi-de, gaç öňümden.

Ol Ziýaň eline otluçöp berdi. — Men yzyňdan ýetip eliňden otluçöpi alyp, çilim otlap, ýene yzyna berip bilemesem, onda roly

taşlaryn. Şertleşdikmi?

— Şertleşdik.

Bu Bally üçin hatarly ýaly göründi. Ýöne şoň bilen birlikde-de gyzyklydy. Gorkusyna injigi saňňyldasa-da, düşmäge ejap etdi.

Ziýa maşyny ýoluň ortasyndaky ak çyzyga gönüläp, belleşilen tizlik bilen sürüp bardy. Öňündäki aýna erni ýandyrylmadyk çilimli söbügini sydyrdyp barha golaýlap gelýän Şada seredýärdi. Altyn dişlerini lowurdadyp ýylgyrýardy. Şady uzak garaşdyrman ýetdi. Iki «Žiguli» deňleşdi. Olar çatylan ýaly bolup barýarlar. Aralary bir garyş hem ýok, biri-birine süýkeşäýjek bolýar. Maşynlaryň bir sähel gyşarsa gutardygy...

Şady diýenini etdi. Ziýaň elinden otluçöpi alyp, gapdallaşyp barşyna çilimini otlap, ýene yzyna berdi...

Ine, Ballyny galpylladýan şu wakady. Ony her sapar ýatlanda gorkýardy. Şo gezek öz elleri bilen awariýa edip, bela uçramanyna begenýärdi. Elbetde, ol muny ejesine aýtmandy, aýdybam biljek däldi. Sebäbi bu ajala el bulan ýaly bir wakady.

Akbäbek ol gün agşam Bally bilen köp gürrüň etdi. Ýöne oňa bir agzam igenmedi. Hatda öten agşam öýe gelmediň diýibem agzamady. Ähli zady sabyrlylyk bilen, sowukganlylyk bilen çözmek isledi. Bally ejesiniň bu pirimine düşünmedi. Gaýtam, ejem bu zatlar bilen ylalaşdy hasap etdi, arkaýynlaşdy.

* * *

KULY MURT GARAŞDYRMADY.

Ol çagyrylan wagtyndanam irräk bulara geldi:

— Essalowmaleýkim!

Garaşman duran Akbäbek aljyrajak ýaly etdi. Özünden ep-esli uly adamynyň salamyna «aleýik» diýjegini-de bilmedi, diýmejegini-de. Hakykatda Kuly murt Akbäbege salam berdimi ýa-da türkmençiligiň däbine eýerip, öýe, duza salam berdimi o-da belli däldi. Her niçigem bolsa dymyp durup bilmedi.

— Aleýkim, geleweriň-de, geçeweriň. — Ol oňa Kuly diýjegini-de, Kuly aga diýjegini-de bilmedi, oglunyň öwredişi ýaly Lew Kulyýewiç diýip ýüzlenmäge bolsa, birhili dili aýlanmady.

Akbäbek bu adamyny düýn Ballyň yzyndan baranda-da kesesinden görüpdi: «Eger bir ýerde bar bolsaň, Kuly murt sen bolmaly»

diýip çen edipdi. Ýöne bu mahal welin oňa şo Kuly murt diýer ýaly däldi. Düýnki ýagdyr pos siňen kendir eginbaşlaryna derek, egninde akja ýakaly köýnegi bardy, boýny galstukly, egni kostýumlydy.

Sakgalyny syryp, murtunyň ujuny çawlap, hasam haýbat beripdir. Ýüzi-de ýigdelen ýaly bolupdyr. Ýöne gözleriniň üstüne bürelip duran gür gaşlary, çapgy ýassygy ýaly boýnuny tutuşy welin, düýnki Kuly murtdy. Başga hiç kim däl-de, hut özüdi.

Myhman özüniň repide ýaly tegelek ýüzüne-de gabarak gelýän äpet şlýapasyny gapynyň agzynda asdy-da, hödür-kereme garaşman, üsti ir-iýmişli stoluň başyna çökdi.

Ara gelşiksiz dymyşlyk düşdi. Akbäbek ogluna seretdi, ogly ejesine. Bu mahal Ballyň özüne ýer tapman aljyrap durşy: «Çagyrmasyna-ha çagyrdyň, indi gürleşmänem oňar-da» diýip, ejesine igenýäne meňzeýärdi.

Akbäbegiň seredişi bolsa: «Sen bir erkek adam, özüňem bile işläp ýörsüň. Öz halypam diýýärsiň, bir gürrüň tap-da, güýme ahyry» diýýärdi.

Bu oňaýsyz dymyşlygy açyk penjiräň aňyrsyndaky syrdam derekleriň ygşyldysy bozdy. Olar kümüşsow ýaprajyklaryny şiwirdedip, ujypsyzja şemala ses etdiler. Akbäbek daşaryk seretdi-de, belli bir adama ýüzlenmän gürledi.

— Ýel turaýjak öýdýän?!

Onuň diline gelenem şol boldy, ýöne aýdanyna-da ökünmedi. Bu gaýta olar üçin gepbaşy boldy.

— Aý, näme, ýelem gerek-dä — diýip, häliden bäri dymyp oturan Kuly murt agras seslendi, ýerinden gozgandy.

Akbäbek onuň jogabyny-da öz soragy ýaly manysyz hasaplady. «Şu wagt, hany aýt, ýel nämä gerek diýäýseň, jogap tapmasa gerek» diýip içini gepletdi. Bolsa-da Kuly murt öz aýdanynyň soňuny ýuwmarlady:

— Ýaz aýynyň bu günleri ýelem gelse geliberer, ýagşam ýagsa ýagyberer...

Näme üçindir bu nätanyş adamyň saldamly, agras gep urşy Akbäbege ýarady. Ol Ballyň aýdyşy ýaly, öýsüz-öwzarsyz ussahanda ýatyp-turup ýören, içginiň humary beýnä uran adama däl-de, köpi gören oba ýaşulylaryna meňzeýärdi. «Ady ýitmiş zährimar, gör, nähili

gowy adamlary sandan çykarýar» diýip, birdenem oňa nebsi agyrdy. Ballynyň «Halypamyň elinden dür dökülýär, arman içmese oňanok» diýýänini ýatlady. «Näme diýselerem bu adam entek o aýdyşlary ýaly sandan-a çykamndyr» diýip oýlandy. Göwnüne şindem ony düzedip bolaýjak ýaly göründi.

Sähel salymdan bularyň gürrüňi alyşdy. Alyşmaz ýaly hem däldi, sebäbi Kuly murt näme diýse, «ras aýdýaňyz» diýip, Akbäbek kik elläp goldady, ugruna kowdy.

Bally ejesi bilen öz halypasynyň ümmülleşip oturyşyny görende haýran galdy. Onuň pikiriçe, ejesi büs-bütin başga aýala öwrülipdi. Hemişeler kakasynyň ýanyna adam gelende ejesi ähli zady taýýarlardy, aşhana bilen myhman otagynyň arasynda hozanaklardy, emma olaryň ýanynda-da oturmazdy, gürrüňlerine-de goşulmazdy. Bu wagt bolsa ömrüne görmedik adamsy bilen gürleşip otyr.

«Ýok, bu gün ejeme bir döw çalypdyr» diýip, ol garşy-garşy oňa seretdi. Akbäbek hem muny duýýardy, emma duýmadyk bolýardy.

Haçan-da stoluň üstündäki öňki iýer-içer ýaly zatlardan başga-da ýanynyň iki sany bulgury bilen ullakan bir çüýşe «Çemen» çakyrynam goýanda Ballyň gözleri hanasyndan çykaýjak boldy. Kuly murtuň gözleri ýiteldi, ellerini owkalaşdyrdy. Beýle hezzet-hormat nirede gören zady. Abraýyňy ýitireniňsoň, eliňden dür dökülende näme. Her kim ýumşuny bitirdýänçä, seň daşyňda aýlanýar. Işi bitýärem welin, gaçgyny sen. Ýogsam çakyşyp, ýene Kuly murtuň elinden dikelip giden maşynyň sany ýok ahyry.

Akbäbek myhmanyň bulguryna çakyr guýup berende Bally hasam howatyrlanyp ugrady. Akbäbek nire, nätanyş adamyň bulguryna şerap guýup berme nire. Onda-da kime diýsene. Ýakasy gaýyşly Kuly pýana şerap guýup berýär.

Akbäbek gyraňly bulgury dolduryp, Kuly murta uzadanyndan soň ýarpydan gowrak edip, Balla-da beýleki bulgury äberdi. Bally sypaýçylyk etmedi. Içemok hem diýmedi. Diýäýende-de ynanjak ýokdy. Halypaň Kuly murt bolar-da içemogyň bolarmy.

Ene ýaly synçy barmy. Akbäbek oglunyň içgä agzynyň degýänini Moskwadan gelen gününiň ertesi aňypdy ahyryn. Ýöne bu barada oňa kelam agyz kakdyrmandy, sebäbi has wajybrak zatlar bardy.

Akbäbek myhmanynyň bulguryny gysymlap, gultunyp

oturyşyny görüp, Balla garady:

— Myhamany garaşdyryp oturma-da içip goýber. Hiç zat edesi ýok...

Henizem ejesi içýänini bilýän däldir öýdüp ýören Bally ejesine seretdi, göýä ilkinji gezek içýän şekilde ýaýdanan boldy. Kuly murt artyk oturyp bilmedi:

— Onda näme, şägirt, gitdikmi?!

Akbäbek toşap ýaly üzüm çakyryndan püre-pür edilen bulgury onuň diňe murtunyň astyna eltenini gördi. Ol ony içmedem, owurtlamadam-da, hine serpen ýaly etdi goýberdi. Soň öňünde duran etli somsadan epläp-epläp agzyna dykyp symyşlap ugrady. Akbäbek nahar bilen başagaý bolup oturan myhmanyny synlap, eýýäm ony ýigrenip başlady, içini gepletdi: «Gideli şägirt» diýen bolup, gitmänjik geçäýmezmikäň. Ýagşy-da bir şägirt tapypsyň. Öýümde uşlyp goýman sataryn, ýöne ony seň kelebiňden boşadaryn. Ähli işimi kör ederin, emma oglumyň beýle ýola düşmegine ýol bermen»...

Akbäbek oňa ikinji saparam guýu berdi. Myhman onam bir zarbada ýuwutdy. Akbäbek Kuly murt her göterende, onuň bilen çakyşdyran bolup, özi bir owurdam içmän oturan ogluna — Balla göz gyýtagyny aýlady-da, syrly gürledi:

— Nirä gitjek bolýaň? Otur, oglum, halypaň bilen iý-iç, dynç al. Ussaň bize häli-şindi gelip duranok ahyry... Kitabyň hiç ýere-de gidesi ýok, haýalrak okaýarlar...

Bally özüni ýitirdi. Ejesiniň öwrümli gürrüňine düşünmedi. «Gitjek bolýan bamy bu ýerde. Ýeri, kitap nireden ýadyňa düşýär diýsene. Ýok, ejeme bir zat bolupdyr. Hernä düýbi düz bolawersin» diýip erejekledi.

Akbäbek Ballyň hereketine ünsem bermän dowam etdi:

— Biz-ä bilmedik, Lew Kulyýewiç (hawa, ol indi Lew Kulyýewiç diýip ýüzlenýär) ilde-günde-de biziňki ýaly kitaphon çaga barmyka? Ýa ýeke biziňki şeýlemikä? — Ol myhmanyň bulguryna ýene çakyr guýdy — Alyň, ýene bir gezek içiň! Özüňizem iýip oturyň ahyry, iýiň!

Kuly murta bu mahal diýmek gerek däldi. Içi garaburçly, soganly ýylyjak somsa bu bidöwletiň agzyna ýarapdy. Üçünji bulgury hem göterensoň, çakyryň gyzyly onuň gözüne çykypdy, dili açylypdy. Ol indi hasam Akbäbek bilen bir äheňde gürlemäge çalyşýardy. Emma

Akbäbek oňa gezek berenokdy:

— Kakasyna çekipdir bu çaga. Gijelerine haçan ýatyp, haçan turýanynam bilemok. Şol kitap diýip ýapyşyp ýatyr... Okana berilse, Bally jana...

— Eje! — Bally oturyp bilmedi. Akbäbek oňa göz gyýtagyny aýlady-da, syr bildirmän, ýene dowam etdi.

— Näme, eje, näme?! Eýsem ýalanmy meň aýdýanym. Bolşuny aýtsaňam utanýa-da neresse. Menem okasa gowy görýän-le, ýöne...

— Ýönesi bolmaz... Okasyn, okasyn. Kitap diýeniň gowy zatdyr... — diýip, Kuly murt tassyklady. — Kitapdan adama zelel gelmez...

Kuly murt muny çyny ýürekden aýtdymy, dil ujundanmy, parhy ýok, ýöne Akbäbege geregi şoldy. Ol ony hut şeý diýdirmek üçin, öýüne çagyrypdyr. Çünki onuň pikiriçe, halypasynyň aýdany ýaş oglan üçin kanun bolmalydy. Ol ondan şu sözi eşitmek üçin hezzetleýärdi, ugruna kowýardy, şerap guýup berýärdi. Ol Balla duýdurman şeýle etmegi dogry bildi. Ýogsam, dergazap bolup, ussahana baranda: «Kuly murt diýilýän sizmi? Siz näme üçin agzy sary oglany aldap, ýoldan çykarýaňyz? Näme üçin oňa çakyr içirdiňiz? Näme üçin ony pul berip azdyrýaňyz?» diýip, onuň üstüne nagara döküбem biljekdi. «Ol siziň ýanyňyzda işlemez. Ony öz gününe goýuň» diýip, Ballyň elten puluny yzyna zyňyp hem biljekdi. Emma Akbäbek beýtmegi makul bilmedi. Jahyl çykan Ballyny-da köpçüligiň içinde masgaralamagy uslyp bilmedi. Onsoňam elinden tutup alyp gaýdybereýin diýende ejesiniň diýenini etjekmi beri ol. «Meň üçin ile-de azar berme. Men näme edýänimi özüm bilýän» diýse nätsin. «Birden gaş düzetjek bolup, göz çykaraýmaýyn...» Ine, ol şeýle oýlanmalardan soň Kuly murty çagyrypdy.

Akbäbek çüýşäniň içindäkini Kuly murtuň bulguryna sarkdyrdy. Ol bu gezek öňki göwünjeňligi bilen el uzatmady.

— Aý, bes edeli-le şuny, Akbäbek gelin...

— Içiň, içiň, isleseňiz ýene tapylar.

— Ýok, ýok, men indi muny goýup ýörün — diýip, Kuly murt ýylgyryp, garaçyny bilen ellerini daldalady. — Baý, ozallar içerdig-ä. Içilme kemi galan däldir. Ürç edip içerdik. Agyndanam içiendiris, gyzylyndanam. Biri maşyn bejertmäge geldigi ilki onuň bardoçogyny

barlardyk. Çüýşe barmy, Lew Kulyýewiç bar. Çüýşe ýokmy, menem ýok. Her döwür bir döwür bolýa. Içýädigem, gazanýadygam. Gazanýadygam, içgä-de sowurýadyk. Taksomotor parkam ýaman däldi, düşerdi. Günde düşerdi. Hojalyk maşynlaň ussahanasy weli juda-da gowy. Lomaýragam düşäýýär... Maňa adýalar, Lew Kulyýewiç, senem il ýaly özüňe maşyn edin diýýärler. Men aýdýan: maşyny başyma ýapaýynmy, meň ýaşasym gelýä diýýän. Sebäbi görýän-dä. Holha, Gulam arabakeş-ä bilýänsiňiz. Çemçeläp ýygnanyny çanaklap dökdi. Tas ogulsyzam galypdy...

— Hawa-la, hawa-la — diýip, Akbäbek çyny bilen tassyklanyny duýman galdy — ras aýdýaňyz, maşyn diýeniň bu ýaş-ýeleňler üçin dogry gelen emgek bi...

— Menem şony aýdýan-da, Akbäbek gelin...

Akbäbek Balla seretdi. Tasdanam, «şu ýanyňda oturan şägirdiňem şolar bilen tirkeşýä, ahyr bir zada uçrarmyka öýdüp gorkýan» diýipdi, ýene dilini dişläp saklandy-da:

— Eşidýämiň, halypaň, näme diýýä. Entek tä ulalýançaň maşyn diýip agzaýjy bolmagyn — diýip, Balla sargady.

— Dünýäde «Žiguliden» başga-da lezzet bar ahyry — diýip, Kuly murt derini çaldy. — Kä ýarym hokkeý görmek üçin ýörite öýüme gidýän. Ine, keýp. Tomaşa diýip muňa aýdaýsaň. Çagalaryňam ulusy-kiçisi şo diýşip ýykylşyp ýatyr. Ejelerine näme gerek diýsene. — Ol hezil edip güldi. — Soňky wagtlarda o-da telewizoryň öňünde omadaklap otyr. «Ýakuşi nähak kowdular. Harlamyň özi günäkär» diýip bir görseň çagalar bilen jedelem edip barýar. Oýunçylary men tanamok, o tanaýa hatda alaja bars ýaly iki baka typyp ýören sudýalara çenlem tanaýa. Dombrowskiý diýdi, Kompola diýdi, tanan bolup otyr... Oh, aýtmasa, şu günem hokkeý bolmalydyr-aýt, Bally?!

Bally öz pikirine gümrady, ol jogap bermedi. Kuly murt jogabam talap etmedi. Dulda duran «Ladoga» telewizoryna tarap gyzaran gözlerini aýlady-da:

— Aý, ýok. Siziňki gara. Biziňkiler reňklisini alypdyrlar — diýdi... Ol bulguryň ýarysyndan bolup buldurap duran çakyry-da owurtlady, soň Ballynyňkynam zaýa etmedi. Ýöne gaýtmak üçin ýerinden turup aýaklanmadyk köşek ýaly gapa ýönelende welin, aýaklary diýen etmedi. Apgyrdyny ýemşerdip, zordan tuflisini geýdi.

Şlýapasyny bolsa Bally geýdirdi.

Akbäbek bilen Bally ony taksi duralgasyna eltdiler. Kuly murt serhoşdy. Näme diýýäninem saýgaranokdy. Emma pursatdan peýdalanyp, Akbäbek ony ýene bir gezek gepletdi. Özem hut Bally eşitsin diýip şeýtdi.

— Siz bir paýhasly adam, Lew Kulyýewiç. Onda siziň maslahatyňyz bilen bolubermeli-dä, şeýlemi?

— Hawa, hawa... ýalňyşmarsyňyz — diýip, Kuly murt yrandy-da, süýem barmagyny galdyrdy. — Aýtdym, gutardy...

— Ertir işe barmasyn-da, okuwyna gitsin diýýäňiz dämi?!

Kuly murt Akbäbegiň näme soraýanyny saýgaranokdy. Ol yranyp durşuna zordan:

— Hök-man!.. — diýdi.

Ejesiniň bu günki artistliginiň sebäbine Bally diňe şondan soň düşünip galdy. Eneli-ogul seslerini çykarman öýlerine öýe gelenlerinden soň, Bally sorady:

— Bu näme etdigiň boldy, eje?!

Akbäbek jogap bermäge derek aglady. Soň oglunyň ýüzüne garap, uludan dem aldy-da, ýüki ýeňlän şekilde gürledi:

— Şeýtmek gerek boldy, oglum, bagyşla. Ertir irdenjik ikimiz seň uçilişşäňe gidýäs. Direktoryň bilenem gürleşdim. Biz ony çykaramzok, gelsin-de okabersin diýdi. Halypaňyň näme diýýäninem ýaňy özüň öz gulagyň bilen eşitdiň «hökman okasyn» diýdi. «Ertir meň ýanyma barmasyn-da, okuwyna gitsin» diýdi.

Bally ejesine näme diýjegini bilmän dymdy. Diňe onuň gözleri: «Bu nätdigiň boldy, eje?» diýip soraýardy. Akbäbek bolsa bütin durky bilen «Men bu spektakly seň üçin oýnadym, balam. Öňde biri «günüm üçin, günim ogluň allalaryn» diýýärmişin. Menem bu zatlary seň üçin etdim, diňe seň üçin. Seň adam bolmagyň üçin...» diýip jogap berýärdi.

Akbäbek ähli zada kaýyldy. Ol bu gün bir arakkeşiň öňünde dyzyna çökse, birki günlükde proftehuçilişäniň direktorynyň öňünde has beterräk utanmaly bolupdy. Hawa, ol uçilişşä barypdy. Direktoryň kabinetine giribem ýüregindäki gahar gazaby bir demde paýradypdy:

«...Okadýaňyz, iýdirýäňiz, geýdirýäňiz. Soňam jähennem edýäňiz. Nogtasyny başyna orap, kowup goýberýäňiz. Bu näme etdigiňiz? Nirede otlasaň otla, bize bir azaryň ýetmesin diýdigiňizmi?

Galyň adam-a size ynanyp, çagasyny berýä. Adam edersiňiz, hünär öwredersiňiz diýip ymtylýa. Siz bolsa... Bilseňiz, meň oglum üçin meň bilen des-deň sizem jogapkär. Emma men otly köýnek geýýän, siziň perwaýyňyza-da däl. Okuwyny taşlaýar... Kimlere sataşyp, nämeler edip ýör, bileňzok. Biljegem bolaňzok... Ýok, ýoldaş direktor, men muny beýle goýman. Barar ýaly ýere bararyn. Görer ýalyny görerin...»

Tä Akbäbek aýdyp-aýdyp, özi oturýança kanagat edip diňlän direktor öz üstlerine atylýan günäleň baryny bir ýylgyrmak bilen inkär etdi oturyberdi.

— Bagyşlaň welin, siz şu gezeg-ä bimamla, Akbäbek. — Oturmaga ýer görkezdi — Dogry, siz ministrlige-de baryp bilersiňiz. Oňa hakyňyz bar. Hut ministriň özüni-de görüp bilersiňiz. Ýöne...

Direktor sagyndy. Öz sözüni haýsydyr bir dokument bilen delillendirmek isleýän ýaly, stolunyň gözünden bir zatlar agtardy. Ahyr okuwçy depderinden ýyrtylyp alnan iki tagta kagyzy çykaryp, Akbäbege uzatdy:

— Siz ministri görmezden ozal, şu arzalary görüň!

Henizem gahary köşeşmedik Akbäbek kagyza elini uzatman gaharly gepledi.

— O nämäň arzasymyş?!

— Alyň, alyň okaň! — diýip, direktor has alkymyna uzatdy.

Akbäbek arzalary alyp, göwünsiz göz gezdirdi. Birdenem gyýşyk-çaýşyk ýazylan dört setir arzaň üstünde göreçleri doňup galdy. Gaýta-gaýta aşagyndaky gollara seretdi. Olaryň biri Ballyň adyndan ýazylan arzady. Olaryň poçerki aýra-da bolsa, mazmuny birdi. Ikisinde-de maşgalada güzeran ýagdaýynyň agyrlygy üçin Bally Ezizowyň okuwdan boşadylmagy soralýardy. Onuň öz okan ugry boýunça işe girjekdigi aýdylýardy.

Şübhe ýok. Arzalaryň biri Ballyňkydy. Ýöne aýdylýan sözler welin Ballyňky däldi. Güzeran näme, ýaşaýyş näme Bally entek o düşünjelerden uzakdady. Bu onuň diýjek sözleri däldi. Ikinji arza bolsa durky bilen galpdy. Ol Eziziňki däldi. Aşagyna goýlan golam kesekiňkidi. Ýöne her niçigem bolsa, bular direktoryň elinde tutarykdy, ýerlikli delildi.

Akbäbek utandy. «Adam käte gaharyň guly bolýar. Bir zadyň aňyrsyna ýetmän ganygyzgynlyk edäýýär. Nämäň nämedigini

anyklamaly ahyryn» diýip, ol öz-özüne käýindi — «Oglunyň beýle zatlar edip ýörenini nireden bilsin. Ezizi şo ýerde-de derdini çekip ýatmaga goýanoklar. Gulagyny şaňladýarlar. Oň adyndan arza ýazýarlar. Bu kimiň işikä? Balla kim-de bolsa bir sapak berýän-ä bolmaly» diýip oýlandy.

Ballynyň: «Barybam oturma. Barybir almazlar. Girip-çykyp durara ýaly uçilişşe seň üçin çagalar bagy däl ahyry» diýmesiniň, meni bu ýere goýbermejek bolmasynyň sebäbi gör, näme ekeni...

Akbäbek her elinde bir arzany saklap, jenaýatda tutulan ýaly dymyp oturansoň direktor özi gepledi.

— Hawa, ýoldaş Ezizowa. Indi siz aýdyň meň ýerimde bolsaňyz, özüňiz näme ederdiňiz? Gürrüňsiz arzalary kanagatlandyrardyňyz. Ynanmazlyga esas ýok. Ogly okamaga garşy, kakasy okatmaga garşy. Biz onsoň neneň edip ony saklaly.

— Galat, galat! — diýip, Akbäbek zöwwe galdy — Moskwada bir aý bäri keselhanada ýatan kakasy nädip onuň okuwyna garşy bolsun. Eziz beýle arza ýazmaz. Bu ýalan, töhmet...

— Onda eýsem bu arzalardan sizem bihabar, olam. Şeýle-dä?

Akbäbek direktoryň alkymyna dykyldy:

— Hi, bizem beýle zat ederismi, janym. Düşün ahyry...

Direktor az salym dyman ýaly edip ýene dowam etdi:

— Siz bilen gürleşmän, meniňem okuwdan çykarmaga elim barmady. Size çakylyk iberdim. Gelmediňiz. Adam iberdim. Olaram: «Bally Ezizowyň kakasam, ejesem, Moskwa gidipdir, haçan geljekleri belli däl» diýip aýtdylar. Ogluňyzyň bolsa şol arzasyny taşlap gidişi. Ol nirede işleýän bolsa aýdyň, men ony işden boşatdyraýyn. Ýalbaryň, ýakaryň okuwyna dolaň. Az galypdyr, kynam bolsa, çydajak boluň!.. Bizem bir okuwçymyzyň palak çykmagyny islämzok, elimizden gelenini ederis...

Akbäbek o ýerde bolan bu gürrüňleri Balla aýtmandy. Asla uçilişşä baryp, gürleşip gelendiginem diňe ýaňy, Ballyň halypasynyň razyçylygyny alanyndan soň aýtdy.

* * *

MOSKWADAN GELEN GÜNÜNIŇ ertesi işe çykjak Akbäbek üç gününi ýitirmeli boldy. Her niçigem bolsa azaby gowuşdy. Ballyny uçilişşä eltip, ýerinde oturtdy, öýlerindäki düýphalyny lombarda

tabşyryp, Kuly murt bilen hasaplaşdy. Ezize az-owlak sowalga iberdi. Onuň birneme ýüregi giňäp, ýüki ýeňlän ýaly boldy. Daň atsa, işe gidibermelidi. «Işallasa, ilden ozal atelýä bararyn, ýoldaşlarymy görerin, has-da göwrümim giňär. Almalyja aýlygymy alaryn, tutuş bir aýlygym çagalara esli wagt iýmäge ýeter. Hä diýmän beriljek goşmaça aýlygy bolsa Eziziň ýanyna gidip-geler ýaly ýygnap goýaryn». Ol şu arzuwlar bilen ýatyp, şonuň bilenem turdy. Säher bilen iliň öňündenem şäheriň merkezinde öz işleýän atelýesine bardy, hyjuw bilen işe ýapyşmaga howlugdy. Emma ol heniz geýmini çykarmaga-da ýetişmändi, garnyny köşek ýannygy ýaly edip gelen seh müdiri Weli Japarow oň bilen sowuk-sala salamlaşdy-da:

— Siz näme bu ýerde çalşyrynýaňyz, sizi tikinçilige geçirdiler — diýip, mekir gözlerini oňa dikdi.

— Tikinçilige!

Akbäbek ör-gökden geldi, bu onuň garaşylmadyk habarydy:

— O nähile... tikinçilige geçirdiler, Weli Japarowiç?!

— Bu ýerde geň zat ýok. Akbäbek ozalam tikinçidi, ýene tikinçilige baraýsyn diýdiler, wessalam. Tikinçilikden razrýadyňyzam bar ahyry...

Akbäbek az salym dymdy. Başyna onlarça sorag gelip geçdi: «Bular meni oňa-muňa oklap ýörer ýaly pökgüdir öýdýärmikä? Islän ýerine idip eltip daňaýar ýaly mal hasap edýärmikä? Menem adam ahyry, meniň razyçylygymy soramaly dälmikäler. «Ýaş çagam bar, biçimçilik kursuna başga birini iberäýiň» diýemde näme üçin ýok, «sen gitmeli seň geljegiň bar, seň ukybyň bar» diýdiler. Indi näme bolupdyr? Bu öwrülişik kime gerek bolduka? Ilem-ä menden razy ýalydy-la...»

Akbäbek bu soraglaryň haýsysyndan başlajagyny bilmän, müdiriň ajan hamyr ýaly ýüzüne seretdi. Ýöne onuň şeýdip lal-jim ýüzüne garap durmagynyň özi-de soragdy. Muňa Weli Japarowam düşünen bolara çemeli. Sessiz soraga sesli jogap gaýtardy.

— Onsoňam, eýýäm siziň ýeriňizde biri biçimçi bolup işläp ýör. Ony aýryp bilmen ahyry men.

Akbäbek belanyň körüginiň nirededigini oňat bilýärdi. Onuň üçin dawalaşyp, jenjelleşibem durmady. Egninden çykaran ýeňsiz çabdyny ýene geýdi-de, ýokarky etaža çykdy. Ol direktoryň kabinetine

girip:

— Abdylla Hasanowiç, siz habarlymy bu işden? — diýip, heniz arzyny aýtmaga ýetişmänkä Weli Japarow yzy bilen girdi-de:

— Elbetde, elbetde, habarly — diýip, direktora derek jogap berdi. — Direktoram habarly, ýerli komitetem, beýlekilerem bilýä...

Akbäbek oňa tarap okgunly nazaryny aýlap, kinaýaly gürledi:

— Garaz, arz edere ýer goýmansyňyz-da. Ähli gapylary petikledim diýseňiz-le.

Direktor bularyň hiç biriniň-de ýüzüne gelip bilmän, kagyzly papkalary agdaran boldy. Onuň gapdalyndaky ýumşak kürsüde ornaşan Weli Japarow welin iňňän arkaýyn gürledi:

— Bizem gynanýas, Akbäbek. Ikimiz telim ýyl bile işleşdik. Musulman bolsaň, ynan, seň gidýäniňe meniňem ýüregim awaýa. Ýöne seniňem ýagdaýa düşünmegiň gerek...

— Düşünýän... Düşünýän... — diýip, Akbäbek iç işikde duran ýerinde kinaýaly jogap gaýtardy-da, onuň bilen gürleşesi gelmeýän şekilde ýüzüni öwrüp, direktoryň jogabyna garaşdy. Emma direktordan jogap bolmady, ylla diýersiň, bu kärhana dahylsyz ýaly oturdy.

Akbäbek Weli Japara garap, oňa ajysyny pürkjege meňzedi.

— Bar maksadyňyz menden dynmakdy. Gözüňiz aýdyň, dynypsyňyz. Indi edeniňizi ediberiň. Towugyňyza tok diýen bolmaz...

Weli Japarow arkaýynlygyny ýitirdi. Onuň öňem çişik göwresi gahardan ýaňa kürsä sygmajak boldy:

— Gaty gitme, Akbäbek, men aýal adam bilen dawalaşyp durmagy özüme namys bilýän. Ýöne senem hetdiňi tana! Erkek bolan bolsaň...

— Men erkek bolmanyma begenýän. Ýogsam menem telpek geýip, sen tetelliler bilen bir hatarda durmaly bolardym. Men beýle binamyslyga çydamazdym...

Olar ikisem dymyp, ilki direktora, soň biri-birine seredişdiler.

— Dogry-da, walla, seň munyň «ogurlyk eden uýalmaz, üstüne gelen uýalar» diýenleri bolýar — diýip, Weli Japarow haşlady.

Akbäbek şo demde ýene onuň kertmeginden aldy:

— «Ogram özüne osar, orramsam». Sen özüňe osýaň. Ýöne kim agzasa-da, sen bu sözi agzamasaň gowy bolardy. Ömrüň ogurlykda geçýä, ýene ile ogry diýjek bolýamyň?

— Men nämeden utanmalymyşym... Haçan ogurlykda tutdyň? — diýip, Weli Japarow ýerinden turdy. — Bir hepde rugsat alyp, gidip, ýarym aý galdyň, indiki nadaralygyň näme. Henizem şu adamdan minnet çek... — Ol henizem lal-jim oturan direktora tarap barmagyny uzatdy. — Munuň ýerine başga biri bolsa, seni işden kowardy, yzyňa şakyrdyk dakyp kowardy. Biz näme bilmän durusmy, adamym syrkaw diýen bolup bahanalap, Moskwada kaňkap geleniňi diýmäýin diýsem... Galp telegramma ibermegi hemme-de başarýar. Geleniň bärem-ä telim gün geçen bolara çemeli. Gyňajyňy ykjadyp, şäheriň o künjünde bir görünýäň, bu künjünde bir görünýäň. Haýa ediň. Hudaýdan utanyň. Şermendeligiňem çeni ýagşy...

Akbäbegiň agysy tutdy. «Öňki öz dertlerim azmydy, bu adamynyň tagna sözleri näme» diýip hyrçyny dişledi. «Wah, meniňki ýaly kaňkamak seň aýalyňa-da nesip etsin» diýsesi geldi. «Ýene-de o görgüli-de näme ýazyk bar, diýsem, özüne diýmeli» diýip, gaýtmyşym etdi. «Beýle gün hiç kimiň başyna gelmäwersin» diýip dileg etdi. «Bu adam haçandan bäri Hudaýdan utanýan bolduka?» diýip içini gepletdi.

— Wah, men şermende bolsam bilýän-le, arman, şermendelidgi oňaramok-da, Weli aga — diýip, ýuwaşgepledi. — Käbir adamlaň ýanynda şol ada galmajak bolup, hakykaty gizleýäs. Ine, biziň aýbymyz. Ýogsam, seň ýalylary birwagt paş etmejekmi.

— Näme, meni gorkuzma niýetiň barmy? Men iliň öňünde päkdirin.

— A ynsabyň öňünde? Wah, sizde ynsap näme işlesin. Siz ony birwagt ýitiren adam ahyry.

— Sen ynsaply bolanyň üçin, işe hyýanat edýärmiň. Uruş döwri bolsady, sen ýalylaryň gözüne görkezerdiler. Işden on minut gijä galanyň üçin sud edýärdiler.

— Gynansaňam, içiň ýansa-da häzir uruş döwri däl, parahatlyk döwri. Ýogsam seň ýaly ýigrenjiler iliň aglaklygyndan peýdalanyp, doňuz bolup depä çykardy. Şindem uzak gitmersiň, süregiňe ýeterler.

— Eliňden gelse, çek asmany. Munuň üçin direktoram günäläp oturma, başgalaram. Üstüňden raport ýazanam men, seni aýyrdanam. Bilip goý, men seniň goşmaça aýlygyňam kesdirin. Şeýtmäge ähli deliller bar...

— Aýtmaňda-da bu zatlara ukyplydygyňy bilýän. «Aýlygyňy

kesdirin» diýibem meni gorkuzjak bolma. Şol iki çagaň bokurdagyny sen deşen bolsaň, aç galaýsyn... Ýöne pul bilen meni gorkuzjak bolma. Sensiň ol puldan hossar tutunýan. Pula arkasyny diräp, gedemlik satýan. Hergiz bilip goý, pul bilen ölçäp bolmajak zatlaram bardyr...

Weli Japarowyň Akbäbege näçe gahary gelse-de, dawanyň ulalaryndan heder etdi:

— Hezzet ýaraşmaz diýerler saňa, Akbäbek — diýip kese bakdy.

Emma Akäbebek joşan gaharyny saklap bilmedi:

— Maňa sen tetelliň hezzeti gerek däl. Hezzeti gara güýjümden çekýän. Özümçe baryň-ýoguň öňünde dyza çökmen. Kime nähile ýaranmaly, ony siz gaýgy ediň.

— Meni hemme tanaýa... Otuz ýyl bäri şu edarada işleýän...

— Işleýän diýme, otuz ýaly bäri gemirýän diý.

— Diliňizi ýygnaň!

— Tilkiligiňe buýsanma. Tilkiniňem käte gapana düşäýdigi bardyr.

Weli Japarow iki elini galgadyp, başyny ýaýkady...

— Ynha-da alýan almytyň. Sen-ä gije-gündiz ylgaýaň, plany dolýaň, bulara goşmaça aýlyk-baýrak alyp berýäň. Bular bolsa...

— Plany sen dolaňok. Ony jygyllyk bazary dolýa. Seň nökerleň — bir topar işsiz heleýler dolýa. Şunça diýmejek boldum, ahyr diýdirdiň — diýip, Akbäbek gyzdy. — Baýrak alyp berýän diýip diliňe alma, galp baýrak bilen biziň köpümiziň dilimiz daňýaň.

— Galat! — diýip, Japarow bokurdagyna bat berdi-de, stoly ýumruklady. Direktoryň öňündäki galamdany şakyrdap gitdi. Netikaza, şonda-da otyr, edýäniň näme-de diýenok.

Akbäbek Weli Japarowy gözleri bilen iýäýjek bolup, alkymyna dykyldy.

— Müň metr welýuryň jygyllyga gideni galatmy eýse? Her tikinçä ýigrim-otuz sany galp at ýazdyranyň, köýnek tikip berildi diýip dokument düzedeniňem ýalanmy? Ýok, Weli Japarow, bu zatlar bilinýän däldir öýtme. Sizip ugurtapyjylygyňyzdan asla dünýäde ýok adamlar welýur «geýdiler». Hakykatda, o matalar biçilmän, tikilmän bazary bezedi. Gör, siz plany nädip dolýaňyz. Ine, siz şeýdip bize baýrak paýlaýaňyz. Bize çüýjük dadyrýaňyz, özüňiz çümüp içýäňiz. Top-top pombarhada näme diýjek.

— Sanaber, sanaber... Näme olaram tikilmedi diýjek bolýarmyň?..

— Olaryň her kişiliginden on bäş santimetr ogurlandy diýjek bolýan. Azam däl, köpem däl, ylaýyk on bäş santimetr. Sebäbi siz bu ýerde «kem-kem muhur, hemişe muhur» diýen pars nakylyna eýerdiňiz. Göräýmäge, on bäş santimetr hiç zat. Owarram. Emma üç müň metr ponbarhatdan galýany hasapla... Siz döwletiň kisesine gireňzok, ol dogry. Ýöne öz müşderileriňiziň kisesine girýäňiz. Şeýdip baýaýaňyz...

— Dil bir öl ýerde biten zat. Näme diý diýseň diýer durar — diýip, Weli Japarow ýalandan arkaýynsyrady. — Ýöne seniň bu haýýarlyklaryň işi äsgermän Moskwada gezip ýörmäňi aklap bilmese gerek. — Ine, ýoldaş direktor, meň-ä aýtjagym, gaýdyp şu aýal biçim sehine barsa, ýa men, ýa-da şu...

Indi direktor geplese gerek diýip Akbäbek oňa seretdi. Ondan haýsy-da bolsa, jogap eşitmek isledi. Emma Abdylla Hasanowiçem bir, daşdan doňdurylgy duran adamam, lal-jim doňup otyr. Iki adam gör haçandan bäri onuň kabinetinde gygyryşyp durlar. Ol otyr. Daşky jaýda işli adamlar garaşýar, sekretar gyz käte gapyny açyp seredýär — direktor ýok ýaly bolup otyr.

Adatça, beýle başlyklar ýa mekir bolýar ýa-da nalajedeýin. Abdylla Hasanowiç olaryň haýsyndanka? Weli Japarowyň pikiriçe — nalajedeýindi. Baryp ýatan ysnatdy. Özi onuň ýerinde bolsa, bu aýala «Çyk kabinetden» diýjekdi.

Weli Japarow dişini gyjap ahyr çykyp gitdi.

Akbäbek hem onuň yzy bilen çykyp gidiberjek bolanda, Abdylla Hasanowiç ony üm bilen saklady. Öňünde duran papkany ýapdy-da, göýä Akbäbegi ýaňy görýän ýaly oňa oturmaga ýer görkezdi. Emma Akbäbek oturmady. Ol bu ýagdaýda oturyp-da biljek däldi. Direktor sypaýyçylykly gepledi:

— Sag-aman geldizňizmi, Akbäbek? Nähile, Eziz Ezizowiçiň ýagdaýy niçik, ganymatlaşýarmy birneme?!

Akbäbek pagyş-para eredi. Weli Japarowyň ýürek bulanç sözlerinden soň, bu adamkärçilikli sözler Akbäbegi ejizletjek ýaly etdi. Birdenem arka tapynan ýaly ekezlendi. Onuň işe başlap göreni şu kärhanady. Mundan aýra düşen her güni üçin ýyla dönüpdi. Onuň pikiriçe, şatlansa şärik boljagam, kyn günde derdini paýlaşjagam

şular bolmalydy. Şonuň üçinem, gireninden şu söze garaşypdy. Emma tersine, kabinet direktoryňky hem bolsa, Akbäbek bu ýerde Weli Japarow bilen gürleşmeli bolupdy. Şo sebäplem Akbäbek direktoryň soragyna jogap bermäge derek, birden ýangynly gürledi:

— Siziň munyňyz «Hudaý urany pygamber hasasy bilen dürter» diýleni bolýar, ýoldaş direktor. Näme üçin meni öz eý görýän hünärimden aýyrýaňyz... Menem çaga eklemeli...

— Gaty dogry aýdýaň, Akbäbek, gaty dogry — diýip, Abdylla Hasanowiç onuň aýdýanyny tassyklady. — Şoň üçinem menden gaty görmäň, meni gepletjegem bolmaň. Menem çaga eklemeli... düşünýäňizmi, ýeke siz däl, menem çaga eklemeli...

Ol ellerini gerdi-de, stoly gujaklady. Akbäbegiň gözüne bu adam diýseň ejiz göründi. Şonuň üçinem özi merdemlendi... Bu zeýilli adama sözüni zaýalanyna ökünip, çykyp gitdi.

* * *

AKBÄBEK TIKIN MAŞYNYNYŇ başyna çöküpdi. Ilden öň gelip, soň gaýdardy. Uzyn gün dynuwsyz ýaňlanýan tikin maşynynyň sesi Akbäbegiň ýüreginiň sesi bolup ýaňlanýardy. Ol ses ýeke bir atelýäniň içine däl, has uzaklara ýetsem diýýärdi. Ol ses Akbäbegiň ýüregine sygmaýan adalatsyzlygyň jarçysy bolup şarlaýardy...

Ol şeýdip telim gün işledi, telim günläp hem oýlandy. Onda oýlanara zat bolsa köpdi, iňňän köpdi. Ýok ol Weli Japarow ýalylar barada oýlanmady. Beýle adamlar oýlananyňa degenok hasap etdi. «Olar hemme kişiden mekirdirin öýdýärler. Bir gün ähli haram-halal ýygnanlarynyň şemala sowruljagyny bilenoklar. Barly gününde töwereginde gypdaýanlaryň, onuň özüne däl-de, elindäki susagyna aşykdyklaryny bilenoklar. Susagy alnan güni töwereginden pytrarlar...»

Emma Abdylla Hasanowiç barada welin köp oýlandy. «Üç ýyl bäri bile işeýäs. Men şu adama düşünemok. Beýle adamlary ömürboýy öwrenseňem azmyka diýýän» — diýip, içini gepletdi. Elbetde, Weli Japarow bilen Abdylla Hasanowiçi deňeşdireňde bularyň arasy ýer bilen gök ýalydy. Hersi biri-birine meňzemeýän tipdi. «Weli Japarow onuň gol astyndaky adam. Ýöne bu diňe kagyz ýüzünde şeýle. Hakykatda welin, Abdylla Hasanowiç däl-de, ol direktor. Şonuň üçinem, Abdylla Hasanowiç owurdyna suw alan ýaly dymyp otyr. Şeýdip, olar bir-birini süýreýär. Şeýdibem, öňňäniň jyňkyny

çykartman iş görýärler. Abdylla Hasanowiçden öň näçe direktorlar gelip geçdi. Olar iş oňarman gitdimi? Ýok, olar Weli Japarowyň edenini däl diýjek bolanlary üçin gitdi. «Arkaly köpek gurt alar» diýleni-dä. Arkasy bar kişiniň — Abdylla Hasanowiç nalajedeýin däl, mekir adam. Weli Japarow bolsa, eli uzan ýerine ýetýän adam. Kimler onuň kostýumyny geçmeýär. Kimleriň aýallary joralaryny yzyna tirkäp, atelýäniň skladyndan geýimlik mata saýlamaýar. Weli Japarow geýdirýär, iýdirýär. «Iýen agyz uýalar» diýip, ýöne ýere aýdylanok...

Akbäbek Abdylla Hasanowiçiň «Mundan artyk gepletjek bolma. Bizem çaga eklemeli» diýeni ýadyna düşende, ony has-da ýigrendi. «Şu zeýilli stoluny gujaklap oturan töňňeler döwlete köp zyýan ýetirýärmikä ýa Weli Japarow ýaly gemirijiler» diýip öz-özüne sorag berdi. Ahyram jogap tapman, ýene özüni biçimçilikden aýyrmaklarynyň sebäbini agtardy. Işdeş ýoldaşlarynyň aýdanyny ýatlady.

«Sen galsaň, keýpiň topugyna düşüp galdyňmy? Olaryň saňa gaýtam nebsi agyrmaly, duýgudaşlyk etmeli. Sen biçimçi, işem kän, biz ony bilýäs. Ýöne sen ene ahyry. Ene üçin mukaddes zat çaga... Enäniň ogly gözüniň alnynda howply ädim ätjek bolup durka, onuň iş ýadyna düşerdmi?.. Sen ýerli komitet arza ber. Olaryň beýtmäge haky ýokdur. Işiňi oňarmaýan bolsaň, goý, ony subut etsinler. Bolmasa-da öňki hünäriňe dolap eltsinler...» diýdiler.

Akbäbek razylaşmady. «Bu wagt arzalaşmagyň wagty däl. Men ähli işi kör edip, arzalaşyp hakykaty tapýançam, ogulsyz galmagym mümkin. Onsoňam, arzalaşyp alnan iş gursun» diýip, olaryň maslahatyny almady...

Akbäbek Arslanjygyň çagalar bagyna geýip gitjek geýimlerini saýhallap otyrdy, ine, birden gapynyň jaňy kakyldy.

Ol başyny galdyrman seslendi:

— Men bärde. Giriber kimem bolsaň!

Özüne görä daýawrak bir ýigidi yzyna tirkäp, Bally gapydan girdi.

Akbäbek nirede ýaşasyn, tapawudy ýok, gündiz gapy gulplamasy bolmazdy. Muňa Ezizem, Ballam, goňşy-golamlaram beletdi. Şonuň üçinem Ballynyň gapyny jyňňyrdatmasy «Eje, ýeke däl, ýanymda myhman bar» diýdigi bolara çemeli.

Ýigit Ballynyň tanyşdyraryna-da garaşman, Akbäbege elini uzatdy-da, özüni tanatdy:

— Ziýa Muhammedowiç!

Akbäbek ýigidiň elini iki eliniň gysymynda saklap durşuna onuň ýüzüne çiňňerildi. Ýylgyranda agzynyň içinde ýyldyrym çakan ýaly lowurdap duran dişlerine seretdi. Iňňeden çykma geýimlerine seretdi. Ýöne Akbäbegi geň galdyran zat ýigidiň altyn dişleri-de däldi, geýimleri-de. Oňa ýigidiň öz adyny aýdyşy geň eşidildi. Şoň üçinem gaýtadan sorady:

— Kim diýdiň?!

— Ziýa Muhammedowiç! — diýip, ýigit öňküdenem mahabatly aýtdy. «He, bolýa» diýen manyda başyny atdy-da, oňa öz äheňinde Akbäbegem özüni tanatdy:

— Akbäbek Molladurdyýewna Ezizmyradowa!

Içki otagda geýimlerini çalşyryp duran Bally pyňkyrdy. Ziýa oňaýsyz ýagdaýa düşdi, utanyp ýüzi gyzardy. Akbäbek ýigidiň elini goýberdi-de, töre geçmäge ündedi.

— Aýakgabyňyzy çykaryň-da geçiberiň, Ziýa Muhammedowiç!

— Aý, biz... geçip, uzak oturmarys-la — diýip, Ziýa sypaýyçylyk etdi-de, Akbäbegiň synçy nazaryndan sypmak üçin Balla gygyrdy:

— Bolaweri, Bally, gijä galýas...

Ol öýe girip oturma meýli bolmasa-da, aýagyndaky ujy biz ýaly gara tuflisini bosagaň agzyndaky çygly esgä süpürip, soň elýaglygy bilen lowurdatdy. Akbäbegiň pikiriçe, bu wagt ol tuflisini süpürenokdy-da, ony güjeňleýärdi. «Görüň, meň tuflim ýaraşýamy? Bu zeýilli tufli ýeke mende bar. Başga hiç kesde bolup bilmez» diýdigidi. Akbäbek bolsa eýýäm onuň ýeke bir tuflisini däl, aýagyndaky ýigrimi bäş manatdan jygyllykda satylýan eýran jorabyny-da, ýörite ýasatdyrylan zerli galstugyny-da synlap ýetişipdi. Kremliň kostýumyny-da görüpdi. «Ýok, her kim öz deňini tapsa ýagşy. Bu ýigit meň oglumyň tirkeşjek ýigidi däl» diýip, oýlanmaga-da ýetişipdi.

— Neme-le, Akbäbek...

Ziýa Muhammedowiç bir zat diýmäge çemelendi. Emma Akbäbegiň uzyn adyny tapman ýaýdandy. Akbäbek muňa derrew düşündi. Bir gezek eşideni bilen onça ady ýat tutardan bu ýigidiň zehini çöňňeräk bolsa gerek diýip çen etdi.

— Ýeri, bolýa-da, Ziýa Mu-ham-medowiç! Bir gezeklikçe maňa Akbäbek daýza diýäý. Ikinji gezek geleňde welin, mertebämi kiçeltdirmen, eşitmedim diýme — diýip güldi. Ziýa sorajak zadyny unudyp, ýene aljyrady.

Bally çalşyrynyp çykdy. Ol aýap saklaýanja geýimlerini geýende-de Ziýanyň ýanynda çüprek görünýärdi. Akbäbegiň gözleri muny-da saýgardy.

— Çaý-çörek iýmän, nirä alňasaýaňyz?

— Aý, nirä bor öýdýäňiz, Akbäbek daýza, biziňki bir, häki aýlaň-çaýlaňdyr-da — diýip, Ziýa ýyrş-ýyrş etdi.

— Häý, öz-ä, bir gizlin gürrüňjigiňiz-ä bar ýaly...

Akbäbek degişdi. Ziýa gara çyny bilen ynandyrmaga çalyşdy.

— Ýok-la, ýöne gümür-ýamyr hem gezelenç bolar-da.

Akbäbek hetjikläp durmady. «Tüýs gezjek wagtlary, goç gezsinler» diýip, içini gepletdi-de, birdenem eýýäm birinji etažyň podýezdine ýetip barýan oglanlaryň yzyndan gygyrdy:

— Ýöne aýlaň-çaýlaňyňyz ýary gijä çekäýmäwersin, Bally!

Olar Akbäbegiň sesini eşitdimi-eşitmedimi belli däl. Hiç haýsy seslenmedi.

Akbäbek ýene ýeke galdy: «Ziýa, Ziýa» — bu öz-ä ozal eşiden adym bolmaly» diýip oýlandy, ahyr ýadyna saldy.

Ol bu ady ilkinji gezek Arslanjykdan eşidipdi. Özem Moskwadan dolanyp gelen gününiň ertesi eşidipdi...

Akbäbek içerini arassalap ýörkä, çaň basan şifoneriň ýüzündäki çaga barmajyklarynyň yzyny gördi. Olar surat däldi-de, haýsydyr bir suratyň sudurydy. Ol samolýot bolup samolýotam däldi, maşyn bolup maşyna-da meňzänokdy, aralyk bir zatdy. Akbäbek ýylgyrdy-da, suraty bozman, golaýynda oýnap oturan oglundan sorady:

— Arslan jan, bu samolýoty sen çekdiňmi, oglum?!

— Ol samolýot däl, maşyn, men däde Ziýaň žigulisini çekdim — diýip, Arslanjyk öwgi tamakin bolup, ejesine dykyldy.

Akbäbek doňan ýaly bolup durdy-da: «Ýene «Žiguli» diýip özbaşyna hümürdedi. Soň aklyýetmez çaganyň bu alasarmyk gürrüňini takyklamak isledi:

— Däde Ziýa diýýäniň kim, oglum?

— Ballyşkaň jorasy-laý. Şonam bileňokmy? Ol her gün bize

gelýä... Maňa şokolad berýä...

Arslanjyk ylgap gidip, niredendir şkaflaryň gözünden daşy kirläp giden iki sany şokolad süýji getirip, ejesine uzatdy:

— Al, iýip gör, süp-süýjüjedir. Men birini saňa, birinem kakama berjek... Eje, siz näme şoň ýaly şokolad alaňzok...

Dogrudanam, Akbäbegiň beýle gymmatbaha şokolad alany ýadyna düşenokdy. Ol oglunyň igenjini eşitmedik boldy. Onuň uzadan şkoladyny eline aldy-da, ýene özüne gaýtaryp berdi:

— Al, iýäý oglum özüň! Meň şokolad iýesim gelenok...

Akbäbek ozal içerini ýygnaşdyryp ýörkä-de, penjiräň öňünde rejelenip goýlan her dürli şkolad kagyzlaryny görüpdi. Emma olara ünsem bermändi. Arslan dagy magaziniň ýanynda oýnap ýörkäler çöpländir çen edipdi. Sebäbi olaryň ýeke-bir süýji kagyzlaryny däl, hatda çüýşe dykylaryny-da çöpläp kiselerini dolduryp gelýän pursatlary seýrek bolanokdy.

Ejesine goýan şokoladyny iýip, eýýäm agyzlaryny çyr-çyrşak eden Arslanjyk onuň kagyzyny reje bilen epledi:

— Görersiň, şu gün däde Ziýa ýene geler, maňa şokolad berer. Her günem gelýä... Ballyşka bilen her günem gidýäler. Meni öý sakçysy edýäler. Daşyndanam gulplaýalar...

«Oglanly öýüň ogurlygy ýatmaz» diýleni. Arslanjyk o gün başga-da kän zatlary ejesine üzlem-saplam gürrüň beripdi. Emma Akbäbek Arslanjygyň aýdanlaryna onçakly gulak gabardybam oturmady. Çünki körpelerde basdaş bolmasa-da, bäsdeşlik gylygynyň bardygyna ol beletdi. Arslanjyk bolsa dili gepläp başlanyndan bäri Ballyny ýamanlap, ejesine özi gowy görünjek bolardy.

Her niçigem bolsa, oglunyň nätanyş ýigit bilen tirkeşmesiniň sebäbi indi Akbäbege aýan boldy. «Ziýaň «Žigulisi» bar ekeni» diýip içini gepletdi. «Ozal «Žiguli» satyn aljak» diýip, Kuly murta sataşdy. Indem Ziýa sataşypdyr».

Bally garaňky aralaşanda dolanyp geldi:

— Henizem ýataňokmy, eje? Arslana eýýäm uklapdyr öýdýän?!

Akbäbek oglunyň ýüzüne seretdi: «Seňki ýaly gapyny daşyndan gulplap, ýeke galdyryb-a ukladamok» diýesi geldi. Ýene-de özüni köşeşdirip, giňlige saldy-da, ýylgyryp sorady:

— Häki ýanyňdaky ýigit kimiň ogly, Bally? Nirde tanyşyp

ýörsüň oň bile?!

Bally ejesiniň alkymyna geldi. Onuň keýpiniň kökdügi ýüzünden bellidi:

— Hä, niçik gördüň, eje?! Ýa halamadyňmy?!

— Aý, hiç neneň ýigid-ä däl. Ýöne...

— Gopbamrak diýsene. Ýok, oň bolşy şeýle. Senem beýdäýmeli däldiňle-aýt eje? Akbäbek Molladurdyýewna Ezizmyradowa... diýdiňmi?

— Näme, ýalanmy?

Bally hezil edip güldi. Şo mahal gülüp bilmediginem şu wagt güldi. Ahyr zordan saklanyp gepledi:

— Özüňe onça ady nireden tapyşdyryp ýörsüň. Ol aç eşege ýük ahyry.

— Tapyşdyramok. Meň adym şo. — Akbäbek gülmän-yşman gürledi. — Türkmeniň goşa atsyzy barmy? Akbäbek — öz adym. Molladurdy — kakamyň ady. Seň kakaňyňam adynyň ýöne Eziz bolmaga haky ýok. Gürrüňsiz Eziziň öňünde ýa yzynda ýene bir at goşulmaly. Menem gowy görýän adym bolansoň, «Myrat» goşaýdym. Seňem çyn adyň Ataballydyr. Arslan janyňky bolsa Atagulydyr. Oňa frontda ýogalan doganymyň adyny dakdyk.

Bally pikirlenen ýaly etdi-de, ýene Ziýa ýadyna düşüp, başyny ýaýkap ýylgyrdy.

— Her niçigem bolsa, utandyrdyň öz-ä. «Ejeň nähil-aýt» diýip soňam ýadyndan çykarmady. Senem öýümize gelen adamy beýdäýmeli däldiň-le, eje...

— Indikisine sapak bor. Ziýa diýäýende bolanokmyşmy? «Ziýa Muhammedowiç» diýen bolup, kimmişin ol. Henizem syladym. Ilkinji gezek bolansoň, henizem gaty daramadym. Ýagşy-da bir dostuň bar ekeni?!

— Özüň bilýäň, eje. Ozal ýekeje dostum bardy — Şadyşka. O neresse-de sandan galdy. Men kimem bolsa bir dost tutunmaly, biri bilen tirkeşmeli ahyry...

Akbäbek onuň sözüni böldi:

— Dur-dur, o näme diýdigiň boldy? Ol nähile Şady sandan galanmyş? Dostuň betbagtlyga uçranda sandan galaýmaly bormy? Kakaň keselhana düşdi diýip, dostlary ony hasapdan çykaraýýamy.

Gaýtam tersine, günde näçe adam gelip, onuň ýagdaýyny sorap gidýä...

— Kakam aýry hasap, eje, ol sähel ýatar, gutulyp çykar. Şady maýyp. Men oň bilen indi hiç haçan tirkeşibem bilmen, gezibem...

Akbäbek ogluna käýinerli göründi. Ýene-de gaharyna badak atyp, başardygyça mylaýymlandy.

— Näme diýsene, oglum, bu sözüňi başga ýerde aýdýaýjy bolmagyn. Meniňem soňky gezek eşidişim bolsun. Dost diýeniň beýle bolýan däldir. Hany aýt, näçe gün boldy, oň yzyndan keselhana barmaýanyňa? Näsag adam ýarym göwün bolar. Ýygyrakdan ýanyna bararlar, gaýgy etme diýip, göwünlik bererler.

— Barýan-la. O günem bardym. Ýanynda oturmasam, birsalym aýak üstünde durup gürleşdim, göwünlik berdim: «Gaýgy etme, frontçylaram ýeke aýak gezip ýörler ahyry, saňa-da hiç zat bolasy ýok» diýdim. «Pensiýajyk bellärler, özüni-de üstüňe getirip bererler. Saňa başga näme gerek» diýdim. «Işläsiň gelse, işem tapylar. Şäherde inwalidleň kärhanasy bar. Körler, maýyplar oturan ýerinde arak çüýşelere dyky ýasaýarlar. Saňa-da güýmenje tapylar, işsiz galmarsyň» diýdim... Dogry-da...

— Bes et! — diýip, Akbäbek gygyrdy. — Ýagşy-da bir maslahat beren ekeniň. Nämeler aýdyp oturanyňy özüň beri bilýäňmi?..

— Men oňa boljak zady aýdýan. Namart-laý oň özi. Gözüniň okarasyny dolduryp, balkyldap otyr.

Akbäbek başyny ýaýkap uludan dem aldy:

— Heý, senem akyllanyp, adam bolarmykaň, oglum... Sen gowusy, oň ýanyna-da barma. Iýer-içer ýaly zadam eltme. O ýerde görünmeseň gowy. Özüm wagt tapyp, baryp gaýdaryn... Ol täze dostuňa-da aýt. Kiçikä ulaljak bolup, azara galmasyn. Wagty geler, uly adam bolar, oňa «owiçem» diýerler «ýewiçem».

— Onuň bolşy şeýle, eje. Gyzlar bilenem şeýdip tanyşýa.

— Dost dostuň aýnasy bolmalydyr. Kemçiligini ýüzüne aýdarlar. Ony gaty görse, ondan dost bolmaz...

Akbäbek şunuň bilen bu günki gürrüňi bes etdi. Elbetde, Arslanjygyň beýleki aýdanlaryny-da onuň bilesi gelýärdi. Emma soň. Olary soň assa-assadan sorar. Barybir, entekler onuň ogly bilen möhüm gürrüňleri bar ahyry...

* * *

AKBÄBEK INDI TIKINÇILIK bilen kemsiz öwrenişipdi. Özüniň çak edişine görä, gazanjam biçimçilikde alýanyndan az bolmajak ýalydy. «Gaçanam Hudaý diýer, kowanam» diýişleri ýaly, meňki gaýta, bähbit boldy. Weli Japarow ýalylar bilen ogurlamasamam ogry şärigi diýdirmekden dyndym» diýip, özi begenip gürrüň edýärdi...

Düýnki şenbe güni bolsa ol günin Moskwa baryp gelipdi. Aşgabat nire, Moskwa nire. Bolsa-da bu hakykatdy. Onuň daňdan münen samolýoty säher bilen Moskwa eltipdi. Uzyn gün Eziziň ýanynda bolup, ýene agşam il ýatanda dolanyp öýüne gelipdi. Onuň göwnüne bolmasa, Ezizem bäri bakaýan ýalydy. Hawa, onuň derdini anyklap, em edip ugrapdyrlar. Bu zatlar onda süňňüýeňillik döredipdi. Iki aýdan bäri eline almaýan çişdir ýumagyny eline alyp, bu dynç güni ýerinden galman žempir örýärdi.

Akbäbek käbirleri ýaly import geýim diýip pelesaň kakyp ýörenokdy. Atelýä gelýän üýtgeşijek matalardan tikip, ilden ozal çagalaryna geýdirjek bolup, oda-köze düşüp ýörenlerdenem däldi. Düýe ýüňünden kürtekçe torlamak welin, onuň öňräkden bäri arzuwydy. Emma hany oňa düýe ýüň?! Bazaryň oduna çoýunsynmy? Akbäbegiň o zeýilli uzadan ýerine eli ýetip duranokdy ahyry. Diňe Eziziň syrkawlamazynyň öň ýanynda onuň gökdäki dilegi ýerde gowuşypdy. Demirýol boýunda ýaşaýan bir gazak aýaly onuňka geldi-de, gazakça, türkmençe, garyşdyryp sözläp ugrady:

— Amamba, amamsowma... Mal-baştaraň sowma. Baldar-işteriň amamba. Özüň kalaý...

Akbäbek bu aýaly tanajak bolup çiňerdi, ol bolsa Akbäbegiň içine-daşyna geçip, alyp barýardy:

— Seniň atyň Akbäbek. Seniň erkeginiň aty Eziz. Özüň-de atelýede isdeýsiň. Irewiň alym. Meniň aýtganym dürs?..

Akbäbek «dürs-dürs» diýip, tassyklap baş atdy, ol dowam etdi:

— Men Jujuklyda ýaşaýmen. Sizden bir sorawym bar. On balam boldy. Sonan birewi galdy. Kalganym bir ýasda öldi. Sogan bir switer tokup beriň...

Akbäbek bu aýalyň näme üçin gelenine düşünip ýylgyrdy.

— Men estip keldim. Sen seper diýp... ahşa al, koý alsaň-da, heşke alsaň-da, berem...bir switer tokup beriň!..

Akbäbek ýüzüni ýygyrt basan enäň ýürek sesine düşündi. Geregini artdyrjak bolubam oturmady:

— Bolýa. Men seň ogluňa bir kürtekçe örüp bereýin. Ýöne sen pulam hödürleme, owlak-guzam-da, maňa bir kürtekçelik ýüň beräý, düýäň bar bolsa...

— Bolas, bolas, žüň berem...

Akbäbek oň ogluna düýe ýüňden örülen kürtekçäni geýdirende gazak aýalyň depesi göge ýetdi. Kürtekçe diýseň nepisdi, sünnälengidi. Gazak aýaly sözünde tapyldy. Ertesi ýüzde-nüň alkyş bilen bir halta düýe ýüň getirip gitdi. Barlyňky bir başga. Akbäbek onça köp ýüňi almajagam bolsa etmedi. O ýüňden ýeke bir Balla däl, kakasyna-da, Arslanjyga-da kürtekçe örse ýetjekdi.

Emma Akbäbek o ýüňi egrip, heniz örüp başlamanka-da Eziz derde ulaşypdy, kürtekçe ýada düşer ýaly bolmady...

Ol indi ertirden bäri örýärdi. Adamsynyň, iki oglunyň, üçüsiniň-de meňzeş geýimli köçä çykjagyny göz öňüne getirip ýyrşarýardy. Aňyrsy bir hepdäniň içinde, Ballyň egnine geýdiräýmegi-de ähtimaldy. Emma Ballynyň welin, kürtekçe bilenem seri ýokdy, içeri bilenem, täze dosty bilen kelteguýruk bolup tirkeşip ýördi. Akbäbek Ziýany ilki görende halamandy. Hyýaly olary sowaşdyrmakdy, emma Bally Ziýa bilen gün geldikçe ysnyşýardy. Her gün Ballynyň okuwdan gelerine mähetdel Ziýa penjiräniň öňündedi. «Guk-guk» jüýje horazyň sesi ýaly edip, «Žigulisini» gygyrdyp durandyr.

Bu gün Akbäbege onuň bilen az-owlak gürleşmek hem miýesser etdi.

Daşarda ýagyş şibirdäp durany üçin, Bally bilen Ziýa öňküleri ýaly çykyp gidibermediler. Diwanyň üstünde ýanaşyp oturyp, çilim çekdiler. Penjiräniň öňünde žempir örüp oturan Akbäbek bulary synlady:

— Sluşaý, indi näderis? Olam-a ýok — diýip, Ziýa çiliminiň tüssesini ýokaryk üfläp goýberdi. Elindäki otly çöpi oýnap oturan Bally ernindäki çilimini hem aýyrman perwaýsyz sorady.

— Kim-aýt ol?

— Ziýa oňa gyjytly garady. Elindäki çişleridir ýumaklary bilen garabaşyna gaý bolup oturan Akbäbege seredip, Ballynyň gulagyna pyşyrdady:

— Kim bor öýdýäň. Gök öýüň leglejigi.

— Kim-kim? — diýip, Bally gaýtalady.

— Gök öýli goňşyň, how, düşünäýsene. Penjireleriniň öňünden on gezek dagy düýtledip geçdim, çykmady. Öýde ýokdur.

Bally diňe şondan soň düşündi, bolsa-da o diýen gyzyklanmady:

— He, o diýsene. Aý jähennem-ä gitsin-le bolmasa... — Ol birdenem oýlanan ýaly etdi-de — Belki, siz bu gün bizsiz iki bolup gidersiňiz?

— Ýok-laý, onyň bolmaz — diýip, Ziýa ylalaşmady. Soň pyşyrdap oturman, açyk gürledi — Saňa tizräk türgenleşmek gerek. Şu «Žiguliň» elimizden gidäýmegem ahtimal. Garry göherdiň henizem bir heňi, dyzap otyr, «sataryn» diýip.

Akbäbek başyny galdyryp, oglanlara seretdi: «Garry göhert» kim bolýarka? diýip, iňkisi gitdi. Oňa Bally hem düşünmedik bolmaga çemeli:

— Kim-aýt ol garry göhert?

— Kakam-laý, kim bolsun başga.

Akbäbegiň ýüzi çytyldy. Işinden elini aýyrman, oglanlara ilkinji gezek mylaýymja gep gatdy:

— Kakaňa beý diýmek aýyp dälmidir, Ziýa?!

Akbäbegiň öz gürrüňlerini diňläp oturanyndan Ziýa bihabar bolara çemeli, utanjak ýaly etdi, jogap bermedi.

«Žiguliň» satyljak sesi Balla ýaramady:

— Kakaň pula zarmy, ol ministr ahyry!

— Zam...

— Bar zammyş-da. Ýöne sen aýt. Orunbasar ministr ulumy ýa... naçalnik? — diýip, Bally gyzyklandy.

— Baý geplediň-ow. Zam ministriň ýanynda seň naçalnijikleň näme! — Ziýa ýene özüne laýyk gopbamlygynda gepledi. — Olar nobata garaşyp, kakamyň gapysynda bäş-bäşden durýalar.

Bally «hüýt» edip uzyn sygyrdy-da, Ziýaň onsuzam mahabatly gürrüňine gop berdi. — Molodes kakaň bar ekeni.

Ziýa begenmäge derek, tukatlanyp gepledi:

— Ol ozal zor ekeni. Uruşda tutuş batalýona komandirlik edipdir. Zapasdaky podpolkownik. Şu wagtam kitelini geýseň, ordenleň, medallaň agramy egniňi düşürip gelýä. Ýöne egoist-dä...

— Ana-ana, ýene bir zat tapdy — diýip, Bally ejesine tarap garap goýberdi. — O näme diýdigiň?

— Aý, bu-da bir söz-dä... Kakam diňe özüni bilýär. Aýagynyň aşagynda suw ýaly «Wolgasy» bar, «GAZ-24», ejem ikimizem bir ýere gitjek bolsak, dyknyşyp awtobusa münmelimişimiz. Aýyn bolmasa-da, «Münäýerler, siz ilden artykmy» diýýär...

Ziýa yzly-yzyna çilim sordy. Ara dymyşlyk düşdi. Az salymdan ýene özi zeýrenip gürledi:

— Maşyny sataýsa, bolar-bolar maňa bolar. Ejem-ä başyny çararla. Her zat eder, bir zat eder, däde Şamiliň ugruny tapar. Bolmanda-da kakamyň gözüne çöp atyp, o maşyny münýä. Şäher etekdäki magazinlere günde bir gezek aýlanyp çykýarlar.

Çilimini birki ýola sorup, häliden bäri elinde saklap oturan Bally birden yzly-yzyna sordy-da, burugsadyp goýberen tüssesiniň arasynda oňa sorag berdi:

— Däd Şamil diýýäniň garrymy?

Akbäbek ýalta ogluna garady. Gulaklaryny üşerdip, eliniň hereketini togtatdy. Emma Ziýa hiç zat aňlamady.

— Kakamdan-a kän kiçidir. Sen ony gördüň ahyry bir ýola.

— Görmesin-ä görüpdim-le — diýip, Bally gümürtik gürledi. — A ejeňden?

Akbäbek allaniçiksi boldy; oglunyň soraglaryny halamady:

— Ýa, Bally jan senem... Maşyn sürüp bilse bolýa-da, garry bolanda, ýaş bolanda, saňa näme! — diýip, gürrüňi başga ýana sowjak bolup dyzady. Ballyň soragynyň manysyna düşünen Ziýa gyzardy.

— Ýogsa-da, sen bulary näme üçin soraýaň-a?!

Bally jogap bermän, penjirä seretdi-de, ýerinden galdy:

— Oh-how, ýagyş bir eýýäm diňipdir. Ýör, eňeli!..

Olar Akbäbegi pikir ummanyna çümdürip, çykyp gitdiler.

«Gök öýüň leglejigi». «Gök öýüň leglejigi». Bir öz-ä gyz bolmaly, özem Bally jan bilen tirkeşýän bolmaly. Ýöne niräň gyzyka?! Kimiň gyzyka?! Ine saňa täze alada, ine saňa täze ýumuş... Hany otur-da arkaýyn oturybilseň. Heý, maňa-da öz garyp günüme gümra bolup oturmak nesip edermikä bir ýerde...»

Olaryň mikroraýonynda ýekeje gök öý bardy. Şonuň üçin awtobus duralgasynyň adam «Gök öýdi». Ol Akbäbeklerden onçakly

uzakda-da däldi. Ýöne töweregine haly göli salnyp, reňkli demirbeton plitalardan gurnalan bäş etažly bu uly öýüň her etažynda gyzam bardy, oglanam. Gyz ylaýta-da köpdi, her öýde diýen ýaly bardy. «Leglejik» lakamly gyz baryny welin Akbäbek bilenokdy.

* * *

BU PIKIR UZAKLY gün Akbäbegiň kellesinden çykmady. Gaýtam aram-aram üstüne sürnüp, bardykça howatyrlandyrýardy. Ziýanyň gümürtik gürrüňi ony uly alada goýdy. Ziýa bilen bagly her bir ujypsyzja zatlaram onuň üçin manyly, howply göründi. Hemmesi syrly, hatarly göründi. «Kim bilýä: güzeranymyz kyn, okuwdan boşadyň» diýip, Ballyň kakasynyň adyndan ýazylan arzaňam awtory şu bolaýmagy-da ähtimaldyr» diýip içini gepletdi. Ýöne nädip subut etsin... Bir hepde mundan ozal Ballynyň kisesinden bir düzüm açar çykypdy. Muňa Akbäbek o wagt onçakly ünsem bermändi. Häzir welin ony ýatlap, otly köýnek geýdi, olar açar däldi-de, has aýylganjyrak bir zat ýaly görünýärdi. Dogrusy, olar ejizje açarlardy. Biriniň bir dişi artyk, beýlekisiniňki kemdi. Biriniň agzy çepe, beýlekisi sagady. Başga biriniň görüner-görünmez çyzyjygy bardy...

Olar maşyn açarlarydy. Muny Akbäbegem tanapdy. «Ýöne ol açarlar Ballyň nämesine derkarmyş. Maşynymyz ýok, alma niýetimiz ýok. Niýetimiz bolaýanda-da gurbumyz çatjak däl. Ýeri, onsoň ol açarlary Bally nämesine ýaratjakmyş...»

Akbäbek ol açarlary yzyna, ýene Ballynyň kisesine salanyna ökündi: «Näme üçin Ballyň gözüniň alnynda olary düzümi bilen çekijiň arasyna almandyryn. Näme üçin ýeriň teýine gömmändirin...»

Akbäbek ýüregi howlap, ýerinden turdy, titräp duran elleri bilen ýene Ballynyň kiselerini çöwürdi. Soň içerini assyn-üssün etdi, açarlary tapmady. Emma oturybam bilmedi. Guduzlan ýaly bolup, öýden çykdy. «Soň giç bor. Soň giç bor, Akbäbek» diýip içini gepledip, ministriň orunbasarynyň öýüniň sary mis tutuly gapysyny kakdy. Soň jaňyny basdy, ýene ýumruklady.

— Barýan-la, kim gyz bu basga galyp duran — diýip, bir aýal hüňürdäp, ýeriň gaýmagyny bozaýmaýyn diýýän ýaly, assa ýöräp geldi-de, gapyny açdy. Gapynyň daş ýüzünde sömelip duran Akbäbegiň çala salamyny aldy.

— Size kim gerek?

Akbäbek özüni tanatdy:

— Men Ballyň ejesi. Ziýa Muhammedowiçiň dostunyň... tanaňzokmy, garaýagyzja oglandyr...

— Wi, Ballyşkany tanaman näme. — Öý eýesi özgerdi. Göwşülräk ponbarhyň içine ýumry döşüni janlandyryp, daş çykdy. Boýnuny-başyny towlap ýylgyrdy:

— Siz Bally janyň ejesi diýseňiz-le. Bir azanyp ýören aýaldyr öýdüpdirin, bagyşlaň geliň görşeli. Meň adym Nahal Şeripowna! — Ol elini uzatdy, Akbäbek onuň elini gysdy. Emma özünden bir sanaç uny artyk iýen gartaň aýalyň däl-de, bäbejigiň elini gysandyryn öýtdi. Ol eller iş edip, damaryna zor salan ele meňzänokdy. Kir ýuwup, sabyn köpürjigine eýlenen ellere-de meňzänokdy...

— Ýalňyşmaýan bolsam, siziň adyňyz Akbäbek bolsa gerek, şeýlemi? — diýip, Nahal süýnüp-sarkdy.

«Ziýa biz barada ähli zady gürrüň berýän bolsa gerek» diýip oýlandy-da, «hawa» diýen manyda Akbäbek baş atdy. Habaryny bermekçi boldy. Emme Nahal Şeripowna diňlemegem islemedi:

— Biz näme gapyň agzynda beýdip durus, ýörüň, gireliň!

Dilkaw koridoryň ugry bilen yzyna tirkäp, Akbäbegi aşhananyň garşysyndaky çaklaňrak otaga eltdi. Ýaşynyň elliden agandygy görnüp duranam bolsa, onuň süýnüp-sarkyp ýörşi, eräp-akyp gepleýşi Akbäbege ýaramady: «Ogul ata çeker — gyz enä» diýselerem, ogul durky bilen, ejesine çekipdir» diýip içini gepletdi-de, gapyň agzyragynda eteklik halyň üstüne çökdi.

— Tüweleme, mähek daşy ýaly akyllyja ogluňyz bar — diýip, Nahal hem oturdy — Ýygy-ýygydan Ziýa jan bilen tirkeşip, bize gelýä... Bir aýby, ýygrarak... Iýenogam, içenogam haçan görseň, doýan guş ýaly bolup otyr.

— Ýygra bolsa, ejesine çekendir-dä — diýip, Akbäbek oňa kakdyrdy. Gürrüňi nämeden başlajagyny bilmän: — Hawa, Ziýa Muhammedowiçem bize barýa... — diýip sagyndy. «Ol indi biziň gapymyzy unutsun. Ine men şony aýtmaga geldim» diýesi geldi. Belki, ol diýse-de diýerdi, ýöne garaşylman duran ýerden Akbäbegiň ýeňsesinden içki otagyň gapysy açyldy-da, ak köýnegiň üstünde iki egni üstaşyry kemer çekilen, saçynyň ýary düşen gartaň adam boýnuny uzatdy.

Aýallaryň ikisi-de birden ýerinden turdylar. Bular aýry tipli zenanlar bolsa-da, şu ýerde deň hereket etdiler. Belki, bu gündogar aýallaryň gadymdan galan ärine sarpa goýma endigidir. Belki-de, ministriň orunbasary bularyň howuny basandyr...

Akbäbek Ziýanyň kakasyny ilkinji sapar görýänem bolsa, oňa sarpa goýmalydy. Ol barada käbir zatlary-da bilýärdi. Bu Ziýanyň sypatlandyryşy ýaly, «garry göhert» däldi-de, müňlerçe adamy yzyna tirkäp, özleriniň şu eşretli güni üçin jeňe giren podpolkownikdi. Bir öýüň ýaşulysydy...

— Tanyş boluň, Akbäbek! Ziýa janyň dosty Ballyşkaň ejesi — diýip, Nahal Şeripowa adamsyna myhmany tanatdy. Ministriň orunbasary gür gara gaşly gabaklaryny galdyryp, Akbäbege agras seretdi-de sagyndy:

— Gaty gowy-da...

Ýok, bu Akbäbek üçin gowy däldi. Kabinetiniň gapysynda «naçalnikleri bäş-bäşden nobata durzup bilýän» bu mertebeli adam oňa ýaramady. Ýöne näme üçindigini welin, özem bilenokdy.

Salym geçmänkä-dä, sakar kellesine serwantyň üstünde duran gaba şlýapasyny geýdi-de, ol adam çykyp gitdi. Nahal Şeripownaň geçisi ýaýrady. Myhmanyny alyp, içki giň otaga geçdi. Skatert örtülen uly stoluň üstündäki ýaňy nahary boşan şaküse, gülli galam çemçe, ýene-de haýsydyr gap-çanaklar, içi ýarysyndan çaýly hum çäýnek onuň adamsynyň günorta nahara gelendigini aňladýardy. Onuň keşbi welin, henizem Akbäbegiň gözüniň öňündedi. Onuň egnindäki çal penjegiň ýakasynda ordendir-medallaryň nyşanyny saýgarypdy. Göwnüne bolmasa, ol çep aýagyny azajyk ýempeýän ýalydy. Akbäbek bu gurply içerde haýsy zady synlasa-da, gözüniň öňüne diňe şol adam geldi. Näme üçin? Belki, onuň ep-esli durup, Akbäbegi syrly synlamasy ýaran däldir? Belki, «gaty gowy-da» diýende sesi üýtgeşik eşidilendir? Ýöne bu zatlaryň hiç birem Akbäbegiň ony halap-halamazlygyna esas däldi. Ony Akbäbegiň özem aňýardy. Eýsem-de bolsa, ol bu duşuşykda haýsy-da bolsa, ýönekeýje bir zadyň ýetmeýändigini aňýardy. «Nämekä? Ýa ol meň ýaly her bir nätanyş aýal bilen ümmüldeşip otursynmy? Adam ýaly salamlaşdy, bessir-dä. Onuň meň bilen näme gürrüňi bolup bilsin?»

Dogry, onuň Akbäbek bilen gürrüňi bolmasa-da, Akbäbegiň bu

adam bilen gürrüňi bardy. Akbäbegiň oňa aýtjak zatlary bardy. Olary ýolda gelýärkä-de, kellesinde öwrüp gelýärdi. Hatda «Ziýajanyň dostunyň ejesi» diýip, Nahal Şeripowna Akbäbegi adamsy bilen tanyşdyryp duran mahalam çemini tapsa oňa aýtjakdy: «Meň oglumaha beýle dost gerek däl» diýjekdi. Emma ministriň orunbasary bulary nireden bilsin? Olar diňe Akbäbegiň ýüreginiň jerhedidi.

Akbäbek ol adamy bir gezek görse-de, ýüzünde köp zady okapdy. Ol ýüzde gowgaly döwrüň ejir-jepalarynyň yzy bardy. Gartaşan adamyň argynlygy bardy. Bulardan başga-da aljyraňňylykmy-ejizlikmi, namysmy, öýke-kinemi, bir zatdan nadyllykmy düşnüksiz bir alamat bardy. Akbäbek bu barada uzak oýlanyp, pal atmaly bolmady. Nahal Şeripowna adamsyndan galan çaýyň başynda baryny Akbäbege aýan etdi.

— Hawa, jan dogan, Hudaýdan ýaşyrmadygymy bendesinden ýaşyryp nädeýin — diýip, ylla Akbäbegi ozaldan tanap ýören ýaly, içini döküp başlady. — Zamministriň aýalam bolsak, meňki bolsun diýer ýaly günümiz ýokdur...

Nahal Şeripowna şeýdip, Akbäbegiň içine girerin öýtdi. Emma tersine, nätanyş aýalyň ýanynda onuň öz adamsynyň aýbyny açyp oturmagyny Akbäbek halamady. Munuňky: «Sary towuk saman seçer, öz aýbyny özi açar» bolýar. Bu aýala öz gününden zeýrenmäge hajat ýok» diýip töweregine garanjaklady. Şäheriň merkezinde köşk ýaly öý. Özleri üç baş adam. Emma telim otag. Import mebeller, teke halylar. Öýde geýýän köýnegine seret. Köpler ony toýda geýmäge tapanok...

Sözüne hä berip otursa-da, Akbäbegiň küýüniň başga ýerde gezip ýörenini öý eýesi aňan bolara çemeli:

— Zadam zat welin, jan dogan, ozaly bilen öýde maşgala sazlygy gerek. Iýeniňiňem, geýeniňiňem süýjüligi şoňa bagly — diýip, Nahal Akbäbege garady.

Akbäbek bu gezek gara çyny bilen onuň aýdanlaryny baş atyp tassyklady. Gürrüňi daşrakdan aýlamaga synandy:

— Näme, siziňem adamyňyzyň saglygynyň weji ýokmydy?

Nahal Şeripowna başyny ýaýkady:

— Bir aýagyny ýempeýä diýäýmeseň, synas-a sag. Ýöne gün geldikçe yzgyty gaçyp barýa. Maňa-da şeýle, ogluna-da. Arzalaşyp tutda-bas bolup ýörmesegem, öwerli günümiz ýok. Haýwan ýalydyr,

geler, iýer-içer, ýene çykar gider. Ýeňsesi bilen gepleşýär. Belaň körügem alynman geçmiş şo «Žiguliden» boldy. Bahanasam, biz ony bimaslahat alanmyşymyz. «Köpümiz-küjümiz ýok, Hudaýa şükür, munçajyk günümiz bar. Oglumyzy kemsindirmäli, alyp beräýeli» diýip şunça aýtdym. Etmedi. Maşyn diýeniň at däl, düýe däl. Indi ony esgi çöpleýänem, çüýşe çöpleýänem edinip bilýär ahyry, şeýle dälmi gyz...

Akbäbek gürrüňiň Gulam aga kakdyrylýanyny bilip, ýüregi awady.

— O pahyryň-a aldygam bolmady-la. Gaýta, dogry gelen emgek boldy.

— Hawa, bu-da şony eşidipdir. Diňlemegem islänok. Menem gitdim-de «Pylany kesiň aýalydyryn, bize bir «Žigulijik» gerek» diýdim. Olaram: «geregiňiz bir maşyn bolsa, puluny töläň-de, alyp ötägidiň» diýdiler. Erbet zat barmy eýse şu ýerde. Emma ýaňky geldi-de, ediberdi orany. «Sen näme üçin meni gepledip, maşyn alypsyň? Asla sen onça puly nireden aldyň?..» Ine-dä, jan dogan, bolýan zat... Beýle-de bir samsyk sorag bolarmy? Pul diýeniň öýe gelensoň aýalyňky bolmaly dälmi näme? Aýalyň gyssa gysymyndadyr, açsa aýasynda. Muňa özüň beletsiň-le...

Akbäbek tassyklan bolup baş atsa-da, eýýäm küýi başga ýerdedi. «Dälä ýel ber, eline pil ber» diýipdirler. Men muny gorduraýyn. Meň aýtjak zadymyň öz-özi üstünden baraýmazmyka?!

— Ol aýdýanyňyza rastdyr...

Gürrüňine hä berlensoň Nahal Şeriowna hasam gyzdy:

— Hawa, gepiň gysgasy, birki günlükde «gözüm görmesin, şo maşyny, sat, owarra et» diýdi. Menem adam. Menem özümi onça görýän. Bolsa bolupdyr-da zamministr. Goý, buýrugyny öz işgärlerine etsin. Ýeke çagamyň guwanyp, gijede-gündizde üstünden düşmeýän maşynyny satdyrjak gümanym barmy?

«Şol-a satylmaz» diýdim.

«Satarsyň».

«Satman...»

Gidişdik. «Sen garry göhert ýaly bolup, biziň üstümize kükreme» diýdim.

Akbäbek ýene içini gepletdi. «Gör, munuň ogly «medeniýetli»

gürlemäni nireden öwrenýän ekeni...»

Nahal dowam etdi. «Şu feodal gylygyň bilen seni şo wezipede saklaýyşlaryna haýran — diýdim — Meň gaharymy getirme, erbetdirin. Birden wezipäňden dyndaryp, gyzylja malediňe dawa tutaýmaýyn» diýdim.

Akbäbegiň demi tutulan ýaly boldy. «Öz äriňe şeýle diýmäge nenň diliň aýlandy» diýýän şekilde aňaldy. Nahal has magtandy.

— Men bulaň gowşak damaryna belet. Şeý diýsem, derrew ýöwselledi. Ýalbaryp başlady: «Oglumyza nebsiň agyrsyn. Bir gün maşyn başymyza bela getirer» diýdi. Ýene Gulam agany ýatlady. Menem:«Gulama aga doga kemrysgal. «Doga kemrysgal bolandan, ýylda iki gezek ýagy çapsyn» ony agzama» diýdim.

«Biri bolmasa, ikinjisi diýäýer ýaly yzly-yzyna tirkeşip duran oglumyz-a ýok» diýdi. Menem:

«Ýeke ogul dogurdyň, bes etdiň» diýip, maňa igenjek bolýamyň? Özüň zamministr, hondan bärsi gabarylyp prezidiumlara çykýaň. Özüňem aýdýan zadyňa seret. Yza galak, düşünjesiz. Seniň diňe şlýapaňa salam beräýmek galypdyr» diýdim. «Bir ogul, bir gyz dogrup berdim. Gadyrymy bilenden-ä geçen, gaýta igenjek bolýamyň? Ýekeje gyz dogrup, bes edip oturanlaram seýrek däl. Häzir ol moda aýlanyp barýar» diýdim. «Aýal bolanymyz bilenem, men geçi däl, yzyny üzmän dogrup ýörer ýaly. Bize-de garramankak ýaşamak gerek, gezmek gerek... görmek gerek... Şeýle dälmi eýse?».

Akbäbek näme jogap bersin...

Telefon jyňňyrdady. «Tüýs wagtynda dadyma ýetişdiň — diýip, Akbäbek içini gepletdi: Ýogsam bu heleýiň batnyksyz gürrüňi halys beýnimi iýjekdi».

Elbetde, Akbäbek ony diňlemänem bilýärdi. «Men seniň bu çylkasyz gürrüňleriňi diňlemäge gelemok. Holha, äriň holha-da ogluň, özüň oňuş. Meň aladam özüme ýetik» diýip, maksadyny aýdyp gidibem biljekdi. Nahalyň aýdanlaryna garşy çykyp, onuň bilen jedele-de girip biljekdi. Ýöne tizräk bu öýden gidenini kem görmedi.

Nahal Şeripowna dulda duran ak telefonyň trubkasyny gysymlap, süýnüp-sarkyp gürläp başlady: «Alo, hä, Şamil senmi bi... — Onuň sesi birden ýuwaşady — Ýok, ýok diýýän-ä... Ýanymda adam bar... Adam däl-le... düşünäýsene, aýal-la... Bor... Bor...»

Soň nämeler gepleşdi, Akbäbek diňlemedi. Diňe wagtal-wagtal Nahal Şeripownanyň özüne tarap göz gyýtagyny aýlap, agaryp-gyzaryp duranyny gördi. Birdenem, Ballynyň «Şamil diýýäniň garrymy?» diýip, hetjikleýäni ýadyna düşdi-de, içini gepletdi: «Müňkürligem-ä gowy däl welin... häý, heleý, özüň-ä düz  däl bolsaň gerek...»

Nahal Şeripowa ýap-ýaňy aýdan ähli nadyllyklaryny, adamsyndan zeýrenjini unudyp, trupkada durka güldi. Ol gülende bir mahalky owadanlygyň bozulan yzy henizem çalaja böelrip gitdi. Öz wagtynda al ýaňakda oýnan çukanajyklar maýdaja ýygyrtlaň arasynda göze iler-ilmez tirsildedi. Käse ýaly gözleriň etegindäki garramaklygyň ilkinji alamaty bolan salpy damarlar iki baka dartylyşyp gitdi. Ol öz ýüzündäki bu hereketleri aýnaň öňünde synlap duran ýaly gaşlaryny gerip goýberdi.

«Her niçigem bolsa, garrapsyň, heleý. Ýyllar ýüzüňe öz möhrüni basypdyr» diýip, Akbäbek içini gepletdi. Öňde bir akyldaryň: «Owadanlyk gowy zat. Ýöne owadan aýallar ony bakydyr öýdýärler. Öz garrandyklaryny, eýýäm ol owadanlyklaryň özlerinden ýüz öwrendigini duýmaýarler. Ine, bu welin — erbet zat» diýenini ýatlady.

— Ziýaň kakasynyň şopury-la, neresse — diýip, ahyr Nahal ýerine gelip oturdy. Akbäbek pursady goldan bermän, ýüregindäkini aýtmak üçin Nahala sorag berdi:

— Ziýa Muhammedowiç nirede işleýä, Nahal Şeripowna?

Nahal bu soraga garaşmadyk bolara çemeli:

— Ziýa janmy? — diýip, sagyndy. — Nirede işlär öýdýäň. Eliňde diplomyň bolmasa, kim seni işe alar. Ilki güýmenjelik diýip, zawoda gatnan boldy... Soň ýene birki ýere girdi. Halamady... Şu wagtam-a sportyňmy, DOSAAF-yňmy bir ýerinde öz-ä. «Gark bolanlary halas edýän edarada» diýäýdi öýdýän. Men-ä onsoň «nirede işleýäň, näme işleýäň?» diýip sorabam duramok. Bary bir güýmenjedir-dä...

Ol näme üçindir böwrüni diňläp, Akbäbege seretdi. Akbäbek bolsa eýýäm öz pikirlerine gümrady. «Sen bilmeseňem, ony men bilýän. «Krasnyý metallist» zawodynda işlände dürli açarlar ýasany üçin kowuldy. Indem «gark bolanlaryň» edarasynda instruktor diýýä. Ýöne bu gidişine gitse, ilki özi gark bolaýmasa-da biridir...»

Nahal dyman ýaly etdi-de, täzeden başlady:

— Ýamanlasaň ýamanlap oturmaly. Oglumyň okuwa girip

bilmändigine-de kakasy günäkär. Ýeke gezek telefon jyrlatsa, şoňa bitýä. Etmedi. Okuwa girmek üçin bolsa, özüň bilýäň, bu çakda ýa süýreg gerek, ýa itergi. Geljek ýyla, işallasa, okar weli, bir ýyl gijikdi-dä. Eýýäm görer ýalyny görüp goýdum. Ozal özüm ugruna çykaýmaly ekenim-le. «Bu zeýilli uşak-düşek zat üçin ýaşula azar berip oturmasaňyzam bor. Ekzamen günleri geläý» diýdiler.

Akbäbek bütin göwresi bilen oňa tarap öwrüldi. Gürrüňdeşiniň ýüzüne üşerildi. Oňa ynanjagyny-da bilmedi, ynanmajagyny-da: «Däliň müň gepi telek, bir gepi gerek» diýleni. Şu ýerde mamla. Häzir okuwa girmek üçin düşünjede gerek welin, ondan başga ýa süýreg gerek, ýa itergi. Bu heleý başga zady oňarmasa-da, şu zeýilli işi oňararmyka diýýän. Ärini gepledip, maşyn alyp gaýdyp bilýän adama gerek ýerinde süýrär diýseňem ynanaý, iterer diýseňem...»

Bu pikirler Nahal Şeripownany hut Akbäbegiň gözüniň alnynda özgerdip ugrady.

Ýap-ýaňy öwünjeň, şypaň heleý, indi zamana düşünýän, döwrebap aýala öwrülip ugrady. Ogluny ýokary okuwa salmak, Akbäbegiňem gije-gündiz arzuwydy ahyryn. Sähelçe delalat boljagyny bilse, Nahal Şeripownanyň aýagyndan öpmäge kaýyldy. Ol şeýtmek bilen öz mertebesini peseldýändigini-de bilýärdi. Özi üçin eger-eger beýle etmejegi-de çynydy. Emma ol enedi. Ogly barada, onuň geljegi barada oýlanýardy...

Akbäbegiň gözleriniň ýitelenini, özüne tarap owsunýanyny Nahal Şeripowna oňat saýgardy. Bolsa-da tä Akbäbegiň özi dillenýänçä saklandy. Akbäbek oturyp bilmedi:

— Nahal Şeripowna, o zeýilli sözüňiz ötýän bolsa, Ziýaň dostuna-da hemaýatyňyz ýetmezmikä?

Nahal Şewripowna ýylgyrdy. Oňa geregi şoldy. Sebäbi bu kysmy adamlar kimde bolsa biri öz öňünde ejizlese, boýun burup ýalbarsa, şondan lezzet alýardy. Muny Akbäbek hem aňdy. Ýöne häzir nalaçdy. Ol delalat isleýärdi. Suwa gark bolanyň sypaly ýapyşyşy ýaly, muňa ýapyşýardy.

— Meň oglum okuwa girip, bileje tirkeşip ýören dosty hem girmese, o nähili bor, gyz... Elbetde, biri girse, ikisem girer...

Akbäbegiň turup ony gujaklasy geldi.

— Seň bu hyzmatyňy näme bilen ýanyşdyrsamkam... Ýüňüňi

tap — seň ogluňa-da öz oglumyňky ýaly sünnäläp kürtekçe örüp bereýin... Häzirlikçe elimden gelýäni şol. Meňzeşje geýinsinler.

Akbäbek gara çyny bilen öz hyzmatyny hödürledi. Emma Nahal Şeripowna onuň hünärine kembaha garady, ulumsy ýylgyrdy:

— Ýok-la, azara galmaň. Biziň oglumyz o zeýilli bor-bolgusyz elde edilen geýimleri geýýärmi näme? Import bolmasa, öz fabriklerimiziň tikenini-de geýenok.

Akbäbek aýdanyna puşman etdi. «El bilen edilen bor-bolgusyz zatlary geýenok». «Biziň senedimiz bor-bolgusyzmyşmy? Onda bu öýüňdäki halylar näme? Aýagyňdaky keşdeli balagyňy-da çykar, zyň owarra et-de. Olaram-a biziň senedimiz» diýesi geldi.

Hantamaçylyk gursun, ýene-de beýle zatlar aýtmaga dili aýlanmady. Öňde biri başga birini urasy gelip, eli gijäp dursa-da, o ýerde urup bilmäni üçin gyjynyp: «ýeriň däldir ak taýak» diýip, öz-özüni köşeşdirýärmiş. Akbäbek hem «Wagty däl, Akbäbek, wagty däl, towşan tüý bol. Çyda» diýip, öz ýüreginiň garşysyna gepleýärdi.

Şeýdip ol galp umydyň aldawyna çolaşdy. Ýüregindäki jerhedi dökmän, ýene yzyna alyp gaýtdy. Hantamaçylyk gursun, hantamaçylyk...

* * *

AKBÄBEK UÇULIŞŞÄ ÖŇEM telim sapar barypdy.

Birinji saparky barmagyna Bally daga berlen geýimler sebäp bolupdy. «Siz bulary bermelimiş diýip, gezek geçirmek üçin berýäňizmi ýa-da geýsin diýip? Görüň, ine aýakgaby. Bir taýy 38 razmer, beýlekisi 40-njy. Poltosyna serediň, her ýakasy bir ýana garaýar. Köýnek-balaklary hem şoň ýaly. Ýönekeý matadanam, arzan matadanam ýaraşyklyja tikilen geýimler bolar ahyry. Bizde bular ýaly tikilen geýimlere «zaýa» diýilýär, akt ýazylýar. Siz bolsa şol «zaýa» geýimleri magazinlerde geçmänsoň, telim sapar bahasy arzanladylan geýimleri alyp, bulara paýlaýaňyz. Bular indi çaga däl, düşünýäler. Siz bularda uçilişşä höwes döretmeli. Bulara öz okaýan ýerlerini söýdürmeli ahyryn...» diýipdi.

Ikinji gezek barmasyny Bally daga taksomotor parkynda praktika geçýän ýerinde şeýtel berilýän bir manat sebäp bolupdy. Ine, barybam şeýle diýipdi: «Men indi üç aýdan bäri oglumy synlaýan. Bular bu ýerde maşyn öwrenenoklarda, şu mahaldan para almany öwrenýäler.

Haýsy ussa ellerine bir manat tutdursa, ählisi şonuň ýanynda. Oňa kömekleşýälerem, ony-muny öwrenýälerem. Bolmasa-da iki sagat geçmänkä ýa gaçyp gelýäler, ýa günlerini oturyp geçirýäler. Sebäp «göreldämiz bar» diýýärler. «Ussa biriniň maşynyna el degirdim etse, taksiçi oňa üç manat oklaýar. Şeýdip, her aýda aýlygynyň daşyndan ýene iki-üç aýlyk gazanýar. Näme üçin ol bize bir manat bermeli dälmişin» diýýärler... Ýeri, onsoň şu çagalardan okuwy gutaranyndan soň nämä garaşjak... Muňa çäre görüp bolmaýarmy?..»

Akbäbegiň iki gezekki barmasam biderek bolmandy. Uçilişşäniň ýolbaşçylary mundan netije çykarypdy. Direktoryň bu barada ýörite buýrugy çykarylypdy. Üçünji sapar baranda ol okuwy taşlan ogluny täzeden girizipdi.

Ýöne bu gezek welin ol arz-şikaýat bilen däl-de, hut olaryň öz çakylygy bilen barýardy. Birki günlükde:

«Biz Bally Ezizowyň okaýan uçilişşesiniň mugallymlarydyrys» diýip, bir gartaň aýal bilen ýaş gyz bulara geldi. Olar ilki Ballynyň otagyny gördüler. Ýatýan krowatyny, sapaga taýýarlanýan stoluny gördüler. Soň Akbäbek olary yzyna düşürip, Eziziň iş otagyna, myhmanhanadyr aşhanalaryna çenli aýlady. Içeri o diýen gurplam bolmasa, ähli zat ýerbe-ýerdi. Iň esasy zadam päkizedi.

Olar aýlandylar-gördüler, gitjek bolanlarynda hem Akbäbegiň uçilişşäniň direktorynyň ýanyna baryp gaýtmagyny soradylar. Akbäbek ör-gökden geldi:

— Näme ýene bir bolmasy zat bolaýdymy?

— Ýok, entek bolan zat ýok. Şo ýerde gürleşeris — diýip, gartaň mugallym çykyp barýarka seslendi.

«Ýene bir hokga çykarandyr ol. Ýogsam meni uçilişşä çagyrmazdylar» diýip Akbäbek iňkise gitdi...

Akbäbek baranda direktoryň kabinetinde özünden başga-da dört-bäş mugallym bardy:

— Biziň sizi şu ýere çagyrmagyňyzyň sebäbini bilýän bolsaňyz gerek — diýip, direktor Akbäbege garady.

Akbäbek eginlerini gysdy. Baryp gaýdan aýallaryň gartaňy, özleriniň hiç zat aýtmandyklaryny direktora duýdurdy.

— Ogluňyzam hiç zat aýtmadymy? — diýip, direktor sorady.

Akbäbek ýene başyny ýaýkady: — Näme boldy, aýdyň ahyry?!

— Ogluňyz okuwdan boşap, näwagt öýe barýar?

Akbäbek henizem haýsydyr bir ýaramaz habara garaşyp oturyşyna gyssanmaç gepledi:

— Aý, käte garaňka galmanam baraýýar. Käte gije onlara-on birlerede galaýýar... Näme?!

— A uçilişşeden bolsa, kä gündiz onlarda, kä on birlerde gidýär — gidýär diýip, gartaň aýal pert-pert gepledi.

Akbäbek öte eşidendirin öýtdi:

— O nähili onlarda-on birlerde gidýär? Galan wagty nirede bolýarmyş?

— Ine, şony sizden bilmek isleýäs — diýip, direktor gözlerini gyrpman garap oturyşyna sorady.

Akbäbek näme jogap berjegini bilmän oturanlara seretdi.

— Siz ene, öz ogluňyzyň nirede gezýänini bilmeli ahyry — diýip ýaş mugallym igençli seslendi. Akbäbek öz öýlerine baryp gaýdan bu melegulpak gyzy tanasa-da, ýaňsa alyp jogap berdi:

— Men şony bilemokdym... Ýatladanyňa taňryýalkasyn keýgim — diýdi. Direktor ýaş mugallymyň aýdanyny ýerliksiz hasap etdi: — Ýoldaş Çaryýarowa, oglunyň nirede gezýänini ýeke enesi däl, bizem, ählimizem bilmeli — diýip mugallyma duýduruş berdi. Akbäbek uludan dem aldy:

— Sen entek ene bolup göreňok, gyzym, ene bolaňda düşünersiň...

— Näme diýseňiz-le, ýoldaş Ezizowa — diýip, direktor ony köşeşirdi — Bize siziň kömegiňiz gerek. Adamyňyzyň keselhanadadygynam eşitdik. Bir aýagyňyzyň Moskwadadygynam bilýäs. Ýöne her niçigem bolsa, kömekleşmeseňiz ogluňyzy başaramzok. Ynanyň, bize kyn düşýä. Çagyryp gürleşip gördük. Köpçüligiň öňünde käýýäp utandyrybam gördük. Bir seretseň, düşünmän durmaýan ýaly. «Bor, indi etmen» diýä-de, ertir ýene yzyndan bir maşyn gelýä welin, okuwyny taşlaýa gidiberýä...

«Žigulimi»? — diýip, Akbäbek zöwwe galdy — Ziýa Muhammedowiçdir ol, gelmän geçmiş...

— Ýok-la. O bir ýaş oglan ahyry. Altyn dişli, geýnüwli... — diýip, mugallymlaryň biri onuň sypatyny salgy berdi.

— Wah, bilýän-le, şodyr — diýip Akbäbek otly köýnek geýdi — ýaşyl «Žigulisi» bar dälmi?.. Başga adam bolup bilmez. Kakasam

orunbasar ministrdir. Şodyr...

Akbäbek uçilişşeden çykmaga howlukdy. Ol göni Nahal Şeripownanyň üstüne gitjekdi. «Ogluňyz meň oglumyň ýakasyndan el üzsün» diýjekdi. Emma daş çykansoň, ýene o pikirinden dänip, öýlerine dolandy. «Beýki o däldir. Anyk bilmän, töhmet atyp oturmaýyn. Ilde ýaşyl «Žigulilem» kän, altyn dişlem...»

Ol Ballynyň gelerine garaşdy. «Ziýa bilen tirkeşip geläýbilseýdir hernä, meň ojagaz oglana diýjek sözlerim bar...»

Onuň ýadyna ýene şol açarlar düşdi. Öň bir gezek içerini assyn-üstün edip, olary tapmadygam bolsa, jan durmazlykdan ýene sermenip ugrady. Birdenem Ballynyň çemodanjygyny dörüp otyrka, açardanam elhenjiräk bir zada eli degdi — ýylan ellän ýaly ini çümşüldäp gitdi. Daşyna esgi oralan bir garyşdan uzynrak pyçak onuň dilini baglady. Dilden-agzydan aglyp, çemodanjygyň öňünde doňup oturdy. Sap polatdan ýasalan aksaply pyçak hem öňünde ýatyrdy:

«Ýeri, muny näme bilen aklajak. Bu açar däl, ýarag ahyry. Jenaýatyň ilkinji basgançagy...» diýip, içini gepletdi.

Ol çemodanjygyň gapagyny gahar bilen ýapdy-da, pyçagy eline alyp, ýerinden turdy. «Häziriň özünde uçastkowaýa eltip bereýin. Melamatdan çeträk bolan ýagşy». Birdenem pyçagyň ýaglowyndaky «Z» harpyna gözi düşdi. «Z» — bu Ziýadyr. Bu şonuň işidir. «Sen nireden biziň maňlaýymyzdan çykdyň, Ziýa. Sataşman geçseň bolmaýamydy. Men muny häzir milisiýa elteýin. Goý, ýüzünden seň adyňy okasynlar. Nirede ýasalypdyr? Kim ýasapdyr, anyklasynlar. Men baryny aýdaryn... Açarlar barada-da aýdaryn. Bilip goýsunlar. Eziziň adyndan ýazylan azanam derňesinler, poçerkinem anyklasynlar. Zawodda işläp, ýagşy-da bir hünär öwrenipsiň. Özüň ýasadyňmy, birine pul berip ýasatdyňmy, parhy ýok, bu saňa ýaraşýa. Seň etjek işiň... Ýagşy-da bir dostuňy sylapsyň... Ajap sowgat edipsiň. Gaty begendirdiň. Kiçimiň eline şkolad ber, ulyma pyçak. Ylahym «Žiguliň» garyma gapgarylaýybilseýdir. Şonda senem dynardyň. Ballynam öz gününe goýardyň. Ýogsam onuň garagyny gapdyň...»

Akbäbege öýüň iç dar göründi. Öz-özüne käýindi. «Näme üçin şo gezek bular bilen bellisini etmändirin. Näme üçin orunbasar ministr şlýapasyny alyp çykjak bolanda onda oglunyň edýän işlerini aýtmandyryn. Näme üçin Nahalyň şypaň sözlerine aldanypdyryn.

Oglum okamasa okamasyn, adam bir bolsun ahbetin...»

Ahyr Bally geldi. Emma ol bu gün ýeke geldi. Akbäbek: «Gör, ol mekiri. Eýýäm meniň uçilişşede bolup gelenimi eşidendir. Nä ýüzüne bärik gelsin» diýip içini gepletdi-de, Balla garady. Onda bu mahal sypaýyçylyga takat ýokdy. Ogly aýakgabyny çykarmaga-da ýetişmänkä, oňa azgyryldy:

— Hany, baýaky açarlar?!

Bally aňk-taňk boldy. Hemişeki iýjekmi-içjekmi diýýän ejesi bu mahal gahardan sandyrap zordan göwresini saklaýardy:

— O nä açar, eje?!

— Mönsürän bolma. Tap baýaky bir düzüm açary!

Bally diňe şundan soň, ejesini ýaga salýanyň nämedigine düşündi. Bolsa-da aljyramady. Ýogsam Akbäbegiň bolşuna seredende has gorkunjyrak bir zada garaşaýmalydy:

— Ýüregim-ä ýardyň, menem nähile açarka diýipdirin. Olar-a şo bada eýesine gowuşdy...

Akbabek öňki berkliginde talap etdi:

— Men senden soraýan, hany şol açarlar diýip.

Bally ahyr sesini gataltdy:

— Ýok, how, şol açarlar, eje, ýok — ol elindäki portfelini içerik oklady-da, bir taýyny çykaran köwşüni täzeden geýdi, çykyp gitjek boldy. Akbäbek gapyň agzynda keserdi:

— Ejeňe «how» diýmäni nireden öwrendiň, biedep?.. Şol açarlary tapmasaň gitmersiň...

Bally ejesiniň görejine garady: — Sen meni günüme goýjakmy ýa ýok. Men çaga däl. Seret-seret, murtum garaldy. Sesim ýognaldy...

Akbäbek gaharyna bäs gelmän, onuň duluk çekgesine çaldy.

Ballyň gözünden ýalpa ot çykdy, gözünden däne-däne ýaş döküp, diwana çökdi. Ol ejesiniň eli mydama melhem ýaly ýaramlydyr, hamyr ýaly ýumşakdyr öýderdi. Şu wagt şarpygyň yzasy janyna ornady. Ähtimal, ejesiniň eli onçakly gatam dälse däldir, emma ol ene urany üçin gatydy. Onuň awusy degen ýerine däl-de, Ballyň ýüregine ornapdy.

Akbäbek belanyň körügi bolan pyçagy çykardy:

— Bu näme? Bu ýarag biziň öýümize nireden düşüp ýör?..

Bally ýüzüni aşak saldy:

— Eýýäm onam tapdym diýsene — diýip hüňürdedi, birdenem gygyrdy. — Sen haçana çenli meň kiselerimi döküşdirip ýörjek. Sen meni kim hasap edýäň asla? Haçana çenli çemodanymyň daşynda sermenjek?!

— Men sermenemok, barlaýan. Men seň ejeň...

— Barla, barla... Oňatja barla. Ogluň içalydyr. Ysgaw it getir. Milisiýa çagyr... — Ballyň gahardan damagy doldy. — Ýa bolmasa aýt, sygmaýan bolsam gideýin şu öýden...

Akbäbek jogap beremedi. Hersi öz pikirine gümra bolup dymyşdylar. Ýöne bu daşky dymyşlykdy. Olaryň ikisiniň-de ýürek howsalasy egsilerden önjeýlidi...

Öwüt-ündew, haýbat-syýasatdan zat çykmajagyna gözi ýeten Akbäbek ahyr aýallaryň ähtibar ýaragyna ýapyşdy. Iç işikde oturyp aglamaga başlady. Emma Balla o-da täsir etmedi. Täsir edenem bolsa, syr bermedi. Ejesi aglaýamy-aglanokmy, şol bir doňup oturyşy, gozganmady.

Akbäbek aglap-aglap az-kem ýüregini gowzatdy. Soň şkafyň üstünde ýatan ýaglygyny başyna atdy-da, gapa ýöneldi.

Rejäniň geň däldigini aňan Bally, şol demde ejesi bilen roluny çalyşdy. Öň ejesi öz öňüni saklasa, indi ol towsup baryp gapyny saklady:

— Nirä gitjek bolýaň?!

— Gelnanja... Tansa gitjek...

— Ýok, eje, men seni goýbermen, ursaň ýene ur, ýöne goýbermen.

— Belki, ejeňe elem götererersiň. Aýryl ýolumdan, bikemal.

Ol ogluny itdi. Bolsa-da gowuşgynsyzrakdy.

Bally gapa has pugta ýapyşdy:

— Ursaň ur, ýençseň ýenç, ýöne goýbermen. Men bilýän sen Ziýalara gitjeksiň... Ýa seňňem sudda şaýat bolasyň gelýämi?..

Bally hamsygdy. Akbäbek aňkaryldy. «Bu näme diýdigikä?» diýen manyda ogluna çiňerildi.

Bally ejesiniň gowşanyny bilip, onuň goltugyndan tutup, diwana geçirdi.

— Köşeş, eje. Köşeş. Gitme. Olaryň bu wagt sensizem azary özlerine ýetik. Soň baryny gürrüň bererin... Şu wagt sorama-da, gitme-de...

Ballynyň soň gürrüň bermejegi bellidi. Onuň gylygy şeýle. Iliň ýetmezi barada gürlemegi halamazdy. Muny ejesi gowy bilýärdi. Şeýle-de bolsa, «Men şoň bilen tirkeşip ýörüpdirin... Öz atasyna el göterenem bir näkes bolar ekeni...» diýmegi Akbäbegi oýlanmaga mejbur etdi.

Bally dymany bilen il agzyny ýygyp bolýamy näme? Barybir, Akbäbek birnäçe günden soň Nahal Şeripownalarda näme bolanyny özgelerden eşitdi. Ol şeýle bolupdyr:

Adam näçe sabyrly hem bolsa, ahyr sabyr-käsesi dolmaly bolýar. Ziýanyň çaýkowlygy, Nahal Şeripownanyň ony ugruna goýbermegi kakasynyň degnasyna degen bolara çemeli. Alypdyr-da, maşyny satyp oturyberipdir. Ziýa hana-da: «Maşyn münesiň gelýäni çynyň bolsa, özüň gazan-da müniber, ogul» diýipdir. Ejesi: «Sen feodal. Ömür boýy bizi ezip geldiň, men muny etdirmen...» diýip, köne haýýarlygyna tutjak bolupdyr. Oňa-da, «Sen gowusy gepleme, sem bol, men sen sebäpli köçä çykyp bilemok. Işe gidemde maşynyň içinde bukulyp oturýan. Gören «binamys» diýip maňa barmagyny çommaldýan ýaly görünýär. Maşyn münesiň gelýäni çynyň bolsa bar, Şamil mündirer» diýýär.

Nahal Şeripowna «aý-waý» diýip ýüregini tutan bolup ýykylýar. Ziýa-da göreniň Ziýa, heniz temegine kakylmadyk oglan, turýar-da tutýa kakasynyň ýakasyndan ebşitläp: «Sen garry göhert, ýaman gaty gidýäň» diýip oňa ýumruk gezeýär. Emma garry gaýrat diýleni, goja ýakasyny oglunyň elinden siltäp alaga-da «Kim ol garry göhert» diýýär. Ziýa «sen» diýip-diýmänkä, ony bir çalanda agdarýar. Soň gözüni agdaryp ýatan ogluny ýakasyndan tutagada galdyrýar-da, ýene birki gezek gelşirýär... Soňam, soňam, soňam...

Gepiň külesi, Ziýa birki günläp daşarygam çykyp bilmeýär.

Indi Nahal Şeripowna bir ýerde edara bolsa arz edip çykypdyr. «Işinde-nä bir pyzdyraryn, partbiledinem aldyraryn» diýýärmişin... Onsoňam bir etjegim bardyr diýip, ol doktordan bir sprawka alypdyr. Milisiýa çagyrypdyr. Ýakyn günlerde sud boljakmyş diýen gürrüňem bar. Ýüzüne durjagam Nahal Şeripownaň özi, ogly Ziýa hem kakasynyň şofýory Şamilmiş...

* * *

INDI ÜÇ AÝA ser urupdy, Eziz Moskwada keselhanadady, bir

gün gowrakdy, ertesi ýene gaýralaýardy.

Akbäbek öňki gezek günin gidip gelse, bu gezek Arslanjygam äkidip, üç gün ýanynda boldy. Eziziň göwnüniň küýsänje zadyny tapyp berdi. Ýaltanman naryň suwuny sykyp berdi. Dilim-dilim edip apelsin kesip berdi. Ýyljajyk jüýje çorbajygyny öz eli bilen günde üç wagtyna içirdi. Ol şeýdip Eziziň derdini eli bilen aýryp zyňmak isledi. Her gün onuň derdiniň dep bolaryna garaşdy.

Emma şeýdip ýanyny alyp oturyp bolýarmy? Dördünji gün ýene Aşgabada dolandy. Eýýäm ondan bärem iki hepde geçipdi. Ezizden hat ýokdy. Akbäbegiň ýüregi gysyp ugrady: «Ýene iýmesi galaýdymyka? Ýogsam hat ýazardy ahyry, sähelçe daýansam bararyn diýipdi ahbeti...»

Her bir keseliňem ýolukmasy aňsat-da, aýrylmasy müşgildi. Hasam Eziziň keseli keseliň namardydy. Ol her gezek iýeni damagyndan geçip, taplanyp ugranda, keselini aldardy, hossarlaryny-da. Gulanalma gutulyp ötägitjege meňzärdi. Bir hepde, on gün geçýär welin, ýene-de ganymtegek gelip demligine dykylýardy, bokurdagyndan öl geçirmek hal bolýardy. Onuň derdiniň nähiledigini ýazýan hatlaryndan aňaýmalydy.

Derdi beterlände ýa-ha hat ýazmazdy, ýazaýsa-da ýartyja kagyza çyrşardy. Ol setirleriňem her biriniň aňyrsynda umytsyzlyk görünýärdi. Göwnüçökgünlik görünýärdi. Mahal-mahal iňňän sypaýyçylyk bilen Akbäbege hojalygy nähili tertibe salmaly, çagalaryň geljegi barada nähili aladalanmaly az-azdan duýdurýardy. Bir syrkaw ýoldaşy barada ýazan kişi bolup, bir gezeg-ä has aýylganjyrak zatlar barada-da ýaňzydypdy. Bu onuň: «bardy-geldi bolmasy bir iş bolaýsa özüňi ýitirip oturmagyn» diýip, Akbäbege sargadygydy. Öňünden duýduryp goýdugydy. Ol hatlar görer göze gysga-da bolsa, uzyndy. Mazmuny sada ýaly hem bolsa, iňňän çylşyrymlydy, agyrdy, ajydy.

Akbäbek olary öwran-öwran okardy. Çagalary ýatyryp, çolaja mahaly okardy. Mahal-mahal bolsa, Akbäbegiň gözüne ol setirleriň arasynda Eziziň ruhy gezerdi: «Bagyşla, Akbäbek. Seň kysmatyň ýaman getirdi. Seň erniňi ýyrşartmaga ýetişmedim. Emma bu meniň günäm däldir bilseň. «Garry dünýä al içinde, adamzat hyýal içinde» diýleni-dä. Meň öz hyýallarym, arzuwlarym bardy. Ýöne sen gaty näumyt hem bolmagyn. Göwrümiňi giň tutgun. Entek bary

gutaraýanok. Bardy-geldi... kysmatym terse ýanasa-da, iki sany göz monjugy ýaly oguljyklaň bardyr. Hä diýmän maňlaýyňdan dirärler. «Iki aýakly, iki günde» diýipdirler...»

Sähel iýeni geçip, taplanyp ugran mahaly bolsa Eziziň hatynyň mazmunam başgady, gep urşam üýtgeşikdi:

«Umytda bol, Akbäbek, saglyk bolsa, şu gezeg-ä şu kesel bilen bellisini edäýsem gerek. Ýöne öňünden aýtmadyň diýme, men barýançam gowy tamdyr edip goý. Magazinden çörek daşap, meni doýrup bilmersiň. Şeýle bir işdäm açyldy welin, näçe iýsem ýene iýmedik ýaly, aňrym ýalanyp dur. Işdämem açyk, şähdimem. Düşünýämiň, Akbäbek? Men gutuljagymy şähdimiň açyklygyndan duýýan. Ýoldaşlarym aýdýarlar: «Sen degişgen, gülegen bolupsyň. Bizi derdimizi çekip ýatmaga goýaňok, gowusy, sen çyk-da git» diýýäler. Diýmänlerinde-de çykjak-a. Sähel taplansam çykjak. Bes, ýatma kemini goýmadym. Şunça wagtyň içinde dissertasiýamyň gör näçe babyny ýazardym. Kelläme täze-täze pikirler gelýä. Turup ýazyberesim gelýä... Wagt diýeniň bolsa garaşanok, geçip dur. Iş kän, ýetişjek bolmaly...»

* * *

BALLY BIR HEPDE bäri kinoprokatyň çaklaňja garažynda slesarlyk edýärdi. Tehnika höwesi hem ýok däldi. Käbir zatlardan başy çykmanam duranokdy. Muny Ballynyň ideginiň artyp ugramagam tassyklaýardy. Soňky günlerde: «Maşynymyň pylan ýerinden kemi bar, Bally seredip bersin-le» diýip, goňşy-golamdan Akbäbegiň ýanyna gelýänlerem köpelip ugrady. Bu Akbäbek üçin uly bagtdy. Ogly il derdine ýaraýardy. «Bar, oglum, idelen ýeriňde irinme. Eliň-gözüňiň haýry üçin hyzatyňy gaýgyrma» diýerdi. Möhümi biten adamlar «aklyk» diýip, oňa bir zat emläýseler welin, Akbäbegiň ýedi jyny birden atlanardy. «Eşitmedim diýmäň, gaýdyp gapymyzdan garamaň» diýerdi. Akbäbek muny öýleriniň puly köp bolup edenokdy. Puldan doýanam ýokdy. Oglunyň abraýyny puldan ýokary tutýanlygy üçin edýärdi. Şu wagtdan bu gylygy öwrense, soň örkläbem saklap bolmaz. Ulalanda-da şo gerekdir. Mydama gyltyma kowalaşan mal ýaly, ylgar ýörer. Ne işleýän kärhanasyna hezil berer, ne-de iliň işini edip gönendirer. Kim gelse, eline garar durar diýip gorkýardy.

Bally uçilişäni gutaryp gelende, Akbäbegiň begenjinden iki

bolup bilmändigi hiç kime gizlin däldi. «Berekella, ogul? Hem-ä öz aýdyşyň ýaly, ýokary hünärli işçi bolduň, hemem ejeňiň isleýşi ýaly, orta bilim aldyň» diýip, ol eline oglunyň diplomyny alyp goňşy-golamlara çenli görkezipdi. «Ynha, indi gözel göwnüň: isle ýene okuwa gir, oka. Isle işe gir, agşamyna oka. Menden saňa zowal ýok. Kakaňam şeý diýýär» diýip, Ballyny bagryna basypdy. Hatda olar Arslanjyk üçüjigi maşgalada kiçijik toýjagazam edipdiler. Uly toýy bolsa kakalarynyň gelerine goýupdylar.

Emma bolmajak bolanda bolmaz ekeni. Akbäbebiň begenji uzaga çekmedi. Ertir gidip, agşam gelip duran Bally ýene ýol urdurdy. Işden soň gijigip gelmäni çykardy. Bir gün oglanlar bilen kino gitdik diýse, bir gün gyzlar bilen tansa gitdik diýýä... Akbäbek bu zatlary halanokdy. Emma alaç näme. Niçesar onuň her ädimini ölçäp ýörsün. Bally ýigit çykypdy. Onuň özbaşdaklygy-da kadaly zatdy...

Öten agşam ýene Akbäbege uky haram boldy. Akbäbek näçe garaşsa-da Bally öýe gelmedi. Ertir irdenem onuň ýatýan krowady agşamkysy ýaly boşdy.

Nätmeli? Gözlegine çykmalymy? Gözläňde niräni gözlejek?.. Onuň işde bolmaga haky ýok. Sebäbi dynç günüdi. Galyberse-de, Akbäbek onuň işleýän ýerine beletdi. O ýerde iş gutaransoň galaýyn diýende-de galyp boljak däldi. Mehanik öz eli bilen garažyň derwezesini gulplardy. Gapdalyndaky köwüş fabriginiň bularda-da ýarym aýlyga işleýän garawuly bolsa agzy ýalak ýaly äpet ala köpegini getirip, garažyň agzynda uzyn sime baglap giderdi. Ana onsoň, ol it tä ertesi eýesi gelip aýyrýança garaža döw sekdirmezdi.

Ýa ýene Ziýa birigäýdimikä? Ýok, Bally ony etmese gerek. Ol: «Eje, men akmak bolupdyryn. Şoň bilenem tirkeşip ýörüpdirin» diýýärdi ahyryn. «Men oň ähli kakabaşlygyny bagyşladym. Ýöne kakasynyň ýakasyna el uranyny welin, bagyşlaman» diýip, gör, ol näçe sapar ejesiniň ýanynda oňa käýinipdi. «Ýok, Bally nirede bolsa-da, Ziýaň ýanynda-ha däldir» diýip içini gepletdi.

Ol ýene Kuly murtuň külbesine tarap ylgady. Näme üçindir, onuň göwnüne ogly ýene şonuň ýanynda ýalydy.

Akbäbegiň öňki baryp gaýdany bäri bu ýerde ähli zat diýen ýaly üýtgäpdir, özgeripdir. Çakyşyp galmaza dönen maşynlaryň käsi kuzowyny, käsi bamperini taşlap, ýene turup gidipdir. Olaryň ýerini

täzeleri eýeläpdir. Dynç günüligi üçin bolsa gerek, bu ýerde adam ýokdy. Uzyn şlangasyny süýräp, Akbäbegiň habaryny alan sakgaly kirpiň tikeni ýaly syh-syh bolup duran adam ýokdy. Bir süpük serhoşa agyzlaryndan gelenini gargap, nasos bilen ýel berýänler-de ýokdy. Şadynyň maşynynyň daşyna üýşüp, şu zamanyň ýaşlarynyň ýeňilkelleliginden zeýrenýänler-de ýokdy... Bu ýerde üýtgemän galan ýekeje zat bardy: olam Kuly murtuň külbesidi. Kiçijik pane çatma şol öňküsi ýaly syrtyny demir haýata diräp, gyşaryp otyrdy.

Demi daljygyp gelen Akbäbek onuň gapysyny açdy. El ýaly ýyrtyk keçäniň üstünde öňüne iki sany pomidor bilen bir çüýşe «Çemen» çakyryny alyp, irkilip oturan Kuly murt Akbäbegiň howsalaly soragyna perwaýsyz seslendi:

— Ä... Ballyşka, diýsene — diýip, öňünde ýatan «Pamir» çiliminden sandyrap duran elleri bilen birini sogurdy-da, çekmäge oturdy. Yzly-yzyna sordy. Tüssesiniň ýarysyny ýuwutdy, ýarysyny paner diwarynyň ýüzi bilen burugsadyp goýberdi. Onuň bolşy ýanynda hiç kim ýok ýalydy. Akbäbegiň içi byjyklady:

— Näme beýdip dymyp otyrsyňyz? Ýa gördüm diýiň, ýa göremok diýiň, Kuly aga.

Kuly murt ýene birsellem dymandan soň, agyr gabaklaryny göterdi-de perwaýsyz gepledi:

— Nirä gider öýdýäň.

Akbäbek has gyssandy:

— Men sizden ol siziň ýanyňyzda ýatdymy ýa ýok diýip soraýan?!

Kuly murt dilsiz ýaly başyny ýaýkady.

Akbäbek ýene yzyna — özlerine ylgady.

Garaňky gatyşmagy bilen howsalasy has ulaldy. Başyna bir-birinden elhenç pikirler gelip başlady. Goňşy-golamdan sorady. Milisiýa til kakdy. «Tiz kömekden» habar tutdy. Gördüm-bildim bolmady.

Ahyr ol Arslanjygy goňşularyna goýup geldi-de, gyssanmaç geýimlerini çalşyrmaga durdy.

Gün gijigende şaglap inip, eglenmän geçip giden öýlänçi şäheriň baglarynyň ýüzüni ýuwupdy. Asfalta çyg berip, gündizki yssynyň howruny kowupdy, howa tämizlenipdi. Mylaýymja şemal baglaryň

üstünden aşyp gelýärdi-de, ýüzüňi ýelpäp geçýärdi.

Akbäbek her sese diňşirgenýärdi. Her garany içgin synlaýardy. Uly şäherde adaty şowhun dowam edeýärdi.

Ozaly bilen ol şäher parkyna maňlaýyny diredi.

Akbäbegiň bu baga gelip görmänine köp wagt geçipdir. Seýil bagy diýseň üýtgäpdir. Asmana atylyp duran fontanlar dürli reňkli çyra şöhlelerine garyşyp, suwda älemgoşar döredýärdi. Çogdam-çogdam bolup oturan mahmal bägüller jahana ys saçýardy. Emma Akbäbegiň bu zatlardan-da lezzet almaga wagty ýokdy. Oňa her jahyl, her juwan öz ogly bolup görünýärdi.

Ol tans meýdançasynyň gözeneginden garady:

Nirä seretse bir ýigit. Nirä seretse, ýaş juwanlar. Ala-böle Bally ýokdy...

Soň gurluşykçylar bagyna bardy. Onlap skwerlerde aýlandy. Alleýalary gözledi, ogluny tapmady. Bardykça howsala basmarlap, ol indi ätiýajy-da goldan beripdi. Ozal tanalaýmaýyn diýip uzagrakdan synlasa, indi käbirlerinden ýüzbe-ýüz durup, ogluny sorady. Çigni gyzyl mata daňylgy družinaçylara, ýek-ýarym nobatçy milisionerlere oglunyň sypatyny salgy berdi. Emma Ballynyň nirededigini hiç kim aýdyp bilmedi. Ol ahyr aýagyndan irip, ýassyn mahaly nalaç öýüne dolandy. «Mundan artyk çydamok. Baran dessime Ezize hat ýazaýyn» diýip oýlandy:

«Goý gelsin, ýaşanja güni beri kömekleşsin. Dilli kelledir, öýde gepläp otursa-da peýda...»

Ol giň prospektiň bir ujuny iki bölüp oturan haý-haýly kinoteatrdan geçse, öýleri golaýdy.

Adatdakylary ýaly, goşa zally täze kinoteatryň öňi bu günem mygyllykdy. Akbäbek tanalaýmaýyn diýen ätiýaç bilen onuň ýeňsesinden öwrülip geçdi. Birdenem kinoteatrdan ses ýetim uzakdaky ýerasty tualetiň deňine ýetende, güňleç gülki sesi gulagyna ilen ýaly boldy. Ädimini haýalladyp, töweregine ýaltaklady. Emma adam-gara görmedi. Diňe ýer bilen gyrba-gyrat salnan tegelek tualetiň depesinde howa çykmak üçin edilen gümmezi ýeriň göbegi ýaly bolup garalyp otyrdy. Gülki ýene-de gaýtalandy. Akbäbek başyny ýaýkap, gidiberjek boldy. Birdenem bir zat ýadyna düşüp sagyndy.

Bu kinoteatryň açylan güni bularam Eziz ikisi Arslanjygyň

elinden tutup, şo dabara gelipdiler. Onuň bu ýere gelip, girip görmegine-de Arslanjyk sebäp bolupdy. Girenine-de ökünmändi. Onuň diwarlary ýüzüň görnüp duran syrçaly daşlardandy. El ýuwulýan krantlary, rakowinalary diýseň neşelidi. Ony görmek üçin ýörite girip çykýanlaram ýok däldi. «Ýok, gowa gowy diýmek gerek. Tüýs oňat zat. Näme şäheriň merkezinde-de, märekäň köpräk ýygnalýan ýerlerinde şular ýaly edip salmaly dälmiş. Ylaýta-da obadan şähere düşen ýaşulylaryň gözüne degerdi» diýen ýaly gürrüňleri-de eşidildi. Emma şäherlileriň bu begenji uzaga çekmändi. Şäheriň haýsydyr bir ekabyr ýolbaşçysumagynyň kellesine «akylly» pikir gelen bora çemeli. Iki aýam geçmänkä gapylaryny ýapyp, barmak ýaly çüý urdular. Soňra bolsa «Ž» ýazylgy tarapyny-da «M» ýazylgy tarapyny-da müdimilik petikläp kino gelýänleri bu eşretden mahrum etdiler. Onuň girelgeleriniň mermer basgançaklarynyň üstüne döwük-ýenjik plitalar taşladylar, terslin-oňlyn sütünler söýediler. Soňra ol ýazylyp lezzet alynýan ýere däl-de, biedepleriň bukulgasyna öwrüldi. Akbäbek sütünlere golaýlap, plitalaryň arasyndan yşlady. Aýyň ýagtysyna sütüne duwlanyp duran iki garany saýgardy: «Bu bihaýalary görsene, duşuşjak bolsaňyz başga ýer bahana bolandyr indi.»

Akbäbek hüňürdedi, käýindi. Aşakdaky gülki sesi birbada kesilen ýaly etdi. Emma ýene az salymdan gyzyň gülküsi öňküdenem çasly çykdy: «Näme böwregiň bökýä, asyra — diýip Akbäbek bu gezek içinden käýindi — Ýa eliňden ýigit tutmaz öýdüpmidiň?» Gyzyň owazly gülküsi Akbäbegiň gulagyna ýakymsyz eşidildi. Onuň göwnüne gyz gülenokdy-de, ýerasty jaý gülýän ýalydy. Birden gyz gülküsini kesip, ýanyndaky oglana jabjyndy:

— Bes et, oglan, gaharym gelýä...

Akbäbek başyny ýaýkady, oňa öz ýanyndan özi jogap berdi: «Gaharyň gelýäni çynyň bolsa çyk, güm bol. Garaňky plitaň astynda nä görüň bar? Ýok, gaharyň gelýäni galatdyr, janyňa hoş ýakýandyr, biedep, ýüzügara...»

«Beýtmesene, oglan, Ballyş-ka!»

Akbäbek böwrüne daş degen ýaly ziňkildäp gitdi. Nedenem özüni olaryň üstüne oklapdy, tas gygyrypdy. «Öte eşiden bolaýmaýyn?» diýip diňşirgendi. Soň iki baka gezmeledi, ardynjyrady.

Akbäbege ikirjiňlenere ýer galmady. Bu Ballyň sesidi. Onuň

düýnden bäri agtaryp, tapyp bilmän ýören ogludy. Ýöne ol ogluny diri tapanyna begense-de, ony hapa ýerde görenine namys etdi.

Aşakda Bally gyzy bagryna basdy. Öpjek bolup täzeden ýakalap ugrady. Indi gyz näz hem etmedi, haýýarlyk edip, jabjynyp, oňa garşylyk görkezjek bolubam durmady. Aýyň ýagtysyna onuň hasam ak görünýän gollary Ballyň boýnuna çolaşdy. Şo demde-de ikisiniň dodaklary birleşdi. Akbäbek muny gözleri bilen gördi. Görmäýende-de hut şeýledigini oňat duýdy. Şol demde-de birhili gabanjaňlyk döräp, süňňüne saňňyldy aralaşdy. Ol heniz aýal ysyny almadyk gül ýaly ogluny kesekiniň öpmegine rowa görmedi. «Wah, ene gursun. Biz bular diýip nä günlere düşüp ýörüs. Bular bolsa gör, nirelerde...»

Akbäbek ýene nämeler diýip hüňürdedi. Emma aşakdakylar üçin buwagt ene näme, ata näme, olar dünýäde ikidi, diňe iki. Bally hem gyz. Gyz hem Bally. Başga hiç zat ýokdy.

Akbäbek indi yşlap seretjegem bolmady: «Sen-ä ak süýdüňi berip ulaltmaly. Başga bir nägehan bolsa, onuň dodagyndan sormaly... Hernä halal süýt emeniň biri bolaýbilseýdir. Ur-tut kakasy gelen dessine aýagyny duşaýar ýaly...»

Juwanlar öpüşdiler. Gaýta-gaýta öpüşdiler. Emma ganmadylar...

Ahyr ýene gyzyň gaharly gykylygy Akbäbegiň süýji arzuwlarynyň arasyny ýoldy:

— Çek eliňi diýýän, ysnat?

Gyzyň her sekuntda birhili öwsüp durmasyna Akbäbek düşünmedi. Bir görse-hä gülüp, şapladyp öpüşüp dur, birdenem, gyzyl jynly, jabjynyp dur.

Bally oňa ýallaklady:

— Näm boldy, leglejigim, bagyşla?!

Akbäbek «Hi» edip içini çekdi, şarpyk sesi bilen bile ýerinden galdy. Balla degen şarpyk onuň öz çekgesini awuşadan ýaly boldy. Bally öňküdenem beter ýalbardy.

— Bagyşla, leglejigim, Žanna. Bagyşla meni...

«Wah, bagtym ýatdy — diýip, Akbäbek uýlugyna urdy — gyz Jemal oguşýa. Ine, saňa «leglejik» kim ekeni. Hawa-da, oňa oglanlaryň ählisi Žanna diýýär ahyry. «Ýylanyň ýigreneni narpyz, olam hininiň agzynda gögerermiş» diýenleri boldy. Gel-gel meň oglumyň dodagyny şo sormaly boldumy indi...»

Akbäbek ot-elek elewredi. «Çykyň, güm boluň şu ýerden» diýesi geldi. Ýene bu hyýalyndan el göterdi: «Şo bihaýaň sesinem eşitmäýin, kölegesinem görmäýin, Ballam ahyry bir ýerde öýe köwlener-dä» diýip, gitmäge synandy. Emma aşakdan eşidilýän gülki garyşykly ses ýene onuň aýagyny baglady:

— Henize çenli öpüşmäni bilmän bu ýaşy nirede ýaşadyň, oglan?

— Näme üçin, öpýän ahyry...

— Öpýäň ýagşam... Eliň nähile, suwa gideniň eli ýaly, howada galgap dur. Gyz öpeňde eliň nirede bolmalydyr?

— Nädeýin eýse, biliňden gujaklamda-da aýyr diýýäň...

— Çolaşmany ýylanam oňarýa.

— Eýsem, nätmeli... Öwret-dä?!

— «Öwret-dä!» — Žanna ilki oň agzyna öýkündi. Soň güldi. Emma Bally buwagt ähli kemsidilmelere kaýyldy. Şarpyk çalsa-da, ýumruklasa-da hiç, komasa razydy. — Utan, peduçilişede boýy seň ýaryň ýaly bir oglanjyk bardyr. Nädip öpüşmelidigini git-de şondan öwren.

— Bally jogap tapmady. Žanna dowam etdi:

— Ýer çeken, şeýle bir öpüşerdi, şeýle bir öpüşerdi, ertesem dodaklaň lowlar durardy. Diliňden soranda dabanyň aşagy lorkuldardy. Arman, gaharymy getirdi-dä...

Bally az-owlak dogumlandy:

— Näme... serhetden aşaýdymy ol?..

— O näme diýdigiň boldy?

— Aý, hiç-le, gödegräk daraşaýdymy diýjek bolýanda.

— Erkek oglan gaty edeplem bolsa, gowy bolmaz. Özüm-ä gödegräk oglanlary halaýan. «Eliňi çek» diýeniň bilen aýryp oturyberjek bolsa, onuň gyzdan parhy näme... Biz oň bilen başga zat üçin tersleşdik. Ýarmarkaň ýanyndan gije ýeke goýberdi...

— Ýeke goýberdi? — Bally çynlakaý nebsi agyryp sorady.

— «Sagat on birde hökman krowadymda bolmaly, ýogsam komendant käýýä» diýýä. «Häý, komendant janyňy alsyn züwwetdin. Ugra şu ýerden, gaýdyp maňa jaň kakaýma» diýdim. Hamana soldat däldirin öýdenok meň başyma. Soldat bolsa, ol aýra gep. Kazarma barmaly diýen wagtybaraýmaly hökman.

— Sen soldat bilenem gezip gördüňmi?

— Iki hepdä-de ýetmedi-le gezenim. Bir ýerig-ä ýitirim bolup gitdi, sarja iýmeşik ýaly murtam bardy murty başyny iýmişiň. Eýýäm ady hem ýadymdan çykypdyr.

Bally has ekezlendi:

— A sen lýotçik bilen gezip görmediňmi?

— Ýok, näme?!

— Öpüşmäge şolar ökde diýýärler. Ýedi müň metr ýokardan «TU» bilen uçup barýarka, ýerdäki gyzdan posa alyp bilýärmişler...

— Baý-ba, olaryňky hezil ekeni — Žanna güldi. Ähli öýkekinäni unudyp güldi. Birdenem, Ballynyň ýaňsylaýanyny aňyp, gaharlandy. — Gezdim diýsem, sen başga zady pikir edýän bolaýma... Men çermegime pugtadyryn. Oglanlary synap görýän...

— Menem synp görýämiň?

— Sen başga gep. Ir-u-giç biri bilen ýaşaşmaly ahyry.

Bally çilim otlanmak üçin otluçöp çakdy. Goşaryndaky sagadyna gözi düşende gyssandy:

— O-how, eýýäm kinoň soňky seansam gutaryp gidipdir, gaýdaly.

Olar heniz çykyp ýetişmänkäler Akbäbek garaňky köçe bilen öýlerine baka ylgady...

* * *

AKBÄBEK GEÝIMLERINI ÇALŞYRYP, birwagt goňşularda uklap galan Arslany getirip ýatyrdy. Özüniň welin gözüne uky gelmedi. Ýene iki sagat çemesi geçdi, aşaky podýezden Ballynyň sykylygy eşidildi. Onuň aýaklary ganatly ýaly bolup, basgançakalrdan ýokaryk towsaklap gelýänini ene ýüregi duýdy.

— Salawmaleýkim, eje baý!..

Bu Ballynyň keýpiniň kökdüginiň alamatydy. Asla onuň sykylygy-da, hiňlenmesi-de, ädim urşy-da keýpi kököňkidi.

Ene ýaly zat barmy. Onuň gaharlanmasy-da aňsat, ýazylmasy-da. Oglunyň şujagaz mylaýymlygyna-da ol eýýäm eredi. Ýüzi ýagtyldy:

— Aleýkim, ýagşy ýigit — diýip, ýylgyryp garady... — Häý, sypatyň gursun. Nirelerde ygýarsyň, janyň beri sagmy?

— Menden mesiň öýi ýykylsyn, eje baý — diýip, Bally ejesini gujaklap pyrlady. — Gözläp dagy eden dälsiň-dä hernä?..

— Başga aladam ýokmy, seni gözläp ýörer ýaly... — diýip,

Akbäbek kinelem bolsa, kynam bolsa ýalan sözledi, arkaýyn gepledi. — Ýöne indikile öýde ýatmajak bolaňda aýdyp gidewergin, gapyny gulplap ýatar ýaly...

Ol ogluna göz gytagyny aýlady. Onuň gabaklarynyň börtdürip durşundan gijäni uklaman geçirenini saýgardy. Başardygyndan hoşamaý gürlemäge çalyşdy:

— Ýeri, onsoň, näme hezillige uçradyň? Gijäni nirelerde geçirdiň, gürrüň ber?!

— Gijäni nirede geçirdiň diýýämiň? — diýip Bally öňki äheňinde jogap berdi-de, birdenem sesini üýtgetdi. — Balyk tutduk, eje. Balyk tutmaga gitdik...

Akbäbek ýylgyrasy gelmese-de, oglunyň iki manyly jogabyna ýylgyrdy: «Iller balygy derýadan, deňizden tutsa, sen başga ýerlerden tutýaň-ow» diýesi geldi. Ol dili gijäň dursa-da ýene saklandy. «Sakawyň soňuna seret» nakylyna eýerip, onuň özüni gepletmek isledi:

— Diýseňem, öňküligiňä ýok. Tutan balyjagyňy sypdyraýan-a dälsiň-dä hernä?!

Akbäbegiň bu soragyna Bally sykylyk bilen jogap gaýtardy.

Öýde sykylyk atylsa, Akbäbegiň gyrjynydy. Hatda Arslanjyga-da etdirmezdi. «Sykylyk diýeniň çölde, dagda, düzde ýagşy. Içerde sykylyk gelişmez» diýerdi. Balla welin, bu wagt zat diýmedi. Sebäbi Akbäbek üçin ol sykylyk, ýöne bir boş ýaň däldi. Onuň öz manysy bardy. Ol yşk ýelgini öten ýigidiň ýürek sesidi. «Men onuň akja eljagazlaryny gysymladym. Olar näzijekdi, myssykdy, ýakymlydy. Onuň saçlaryny sypadym... billerinden gujakladym... Şu çaka çenli goňşy ýaşap ony görmeýşimi diýsene. Özgeler görüpdir, men görmändirin. Ykmanda soldat görüpdir. Peduçilişäniň burny sümüklisi şäheriň o çetinden ysyrganyp gelipdir, men görmändirin. Onuň jan ýalyjak gülküsini eşitmän gulagyma gurşun dykyldymyka?.. Ol indi meňki. Ony hiç kime bermen. Gyzylly halka el ýetirdimmi, ony sypdyrman...»

Ine, Akbäbek üçin ol sykylygyň manysy şudy. Onuň gözüne oglunyň boýy hem uzalan ýalydy. Eginleri ýaýrap, döşleri-de giňän ýalydy. Ol syrdamlanypdyr, owadanlanypdyr. Hemişeki tüňňerip duran burnam tekizlenip, ýerine gelen ýalydy. Ýaňagyndaky tegelek peşehordanyň yzy bolsa enäniň gözüne ýöne peşehorda bolman, ýigitleriň naýbaşysy diýip basylan möhür ýaly bolup göründi.

Wah, oglumyň ogul kemi ýok-la. Arman, şo gyzam Žanna bolman, başga biri bolaýsa bolmaýamydy... Onda toý tutardyk, agtyjaga garaşardyk...»

Akbäbek bu pikirleri bilen gümra mahaly Bally öňünde goýlan dograma çorbaly çanagy boşadyp, düýbüni ýalady. «Dodak boýagyndan nahar bolmaýanyny ind-ä bilen bolsaň gerek» diýip, Akbäbek içini gepletdi-de, iki günüň açlygyndan soň garnyny doýrup, eýýäm krowatda arkan düşüp ýatan oglunyň krowadynyň bir çüňkünde oturdy: onuň maňlaýyny sypady:

— Bir ýeriň agyrýarmy, oglum?!

— Ýok-la. Ejemiň aýdýanyny, hiç ýerimem agyranok. Menden mesiň öýi ýykylsyn...

— Diýseňem, bir zad-a ýaşyrýaň menden. Ýüregim duýýa...

Olaryň duşuşygyndan ejesiniň habarlydygyny Bally nireden bilsin. Ol özüniň tukat däldigini subut etjek bolup azara galdy. Aýagy tursuly krowadyň üstünde diriň-diriň bökdi. Butlaryny şapbatladyp çygyn-çygyn muskullaryny gataltdy:

— Ine, gör, eje. Elim sag, aýagym sag. Onki synam abat... men mes...

— Ah, ogul-ogul — diýip, Akbäbek başyny ýaýkady. Çagalygynda edişi ýaly onuň ýalaňaç arkasyny sypady — Adama syna saglygyndan başga-da bir sagatlyk gerekdir. Onuň ruham sagdyn bolmalydyr... Ýüregi howsalasyz, beýnisi ünjüsiz bolmalydyr. Seň ýüregiňde men bir howsala görýän...

Bally ýene-de hiç zat aňlamady:

— Be, eje, öwlüýä kessin, sen sygan bolaýmaly ekeniň — diýip güldi. — Hut ýöne howsala basyryp, ynandyryp barýaň.

Bally ol howsalanyň öz ýüreginde däl-de, ejesiniň ýüregindedigini näbilsin. Heniz durmuşyň çylşyrymly oýnunyň girdabyna düşüp, utulyp görmedik ýetginjek ony nireden bilsin. Onda ertiri barada oýlanmaly diýen pikir ýok ahyry. Her niçigem bolsa ejesiniň öz başujyny alyp oturmasyny halamady. Ol ýanyndan gidäýse kem görmedi:

— Birhili «sag däl, bir kemiň bar» diýýäň welin, eje, çekgelem dagam gyzyp barýan ýaly. Azajyk ýatyp uklaýyn, bar, senem ýat!

— Ana, gördüňmi. Çekgäňem gyzýandyr. Dodaklaryňam awuşap durandyr. Süňňüňem gowşakdyr, şeýle dälmi? Ýüregiňem

öňküligi däldir, birhili ýerinden süýşen ýaly, ytygsap durandyr?!

Bally ejesiniň ýüzüne seretdi: «Dogrudanam, men oýun eden bolýan welin, ejem bu zatlary görüp duran ýaly-la... Ýa çekgämde şapbadyň yzy galaýdymyka? Dodaklarym çişäýen dagy däldir-dä...»

Ol suw içjek bahanasy bilen ylgap wannaly jaýa girdi, aýnaň öňüne bardy. Bar zat düşnükli boldy. Dodak boýagynyň yzyndan ýaňa agyzlarynyň töweregi gan ýalan ganjyga meňzeýärdi.

Bally ýuwnup, süpürinip gelse-de, indi ejesi bilen gizlenpeçek oýnamagyň bihuda boljakdygyna oňat düşündi. Ýüzüni aşak salyp, ötünç sorady:

— Bagyşla, eje!

Akbäbek ýylgyrdy:

— Ene hemme zady bagyşlar. Oňa bagyşla diýmek gerek däldir. Ýöne enäni aldasaň welin, bagyşlamaz. Barybir, ene gözi görgürdir. Iliň görmedigini görer. Ene ýüregi duýgurdyr. Hemme kişiden ozal duýar. Diňleseň men saňa bu barada bir rowaýat aýdyp bereýin.

Bally öňki gije ýatmansoň gözleri ýumlup barsa-da, bialaç diňlemeli boldy. Akbäbek rowaýat aýtdy:

— Öňde özüň ýaly bir ýigit bir gyza aşyk bolanmyş. Gijede-gündizde şony görmese janyna tara tapmanmyş. Emma doňbagyr gyz welin, näçe ýalbarsa-da onuň söýgüsine ynanmaýarmyş... Ahyr bir gün aýdypdyr: «Seň meni söýýäniň çynyň bolsa, subut et. Git-de ejeňiň ýüregini sogrup maňa getir, şonda ynanaýyn» diýenmiş. Ýigit haýal etmän gidip, ejesiniň ýüregini sogurýar-da, bugaryp duran ýüregi eline alyp, gyza baka ylgap gaýdýar. Gyzyň özüniňki boljagyna begenip gözi ýer görmän gelýärkä birden säwlikde büdräp ýykylanmyş. Şonda edil gapdalynda «Wah, waheý, balam bir ýeriňi agyrdaýan-a dälsiň-dä» diýip biri seslenenmiş. Ýigit bir görse, ol seslenýän guma bulaşyp ýatan ene ýüregi bolsa nätjek...

Bally bu rowaýatyň maňzyny çigitledimi, ýokmy, belli däl, Akbäbek ony turzup, kakasynyň otagyna äkitdi. Üç diwaryny kitap tekjeleri dolduryp duran darajyk otagda ogly bilen ýanaşyp oturdy-da, çynlakaý gürrüň etdi.

— Söýgi çylşyrymly zat diýýändirler weli ýalandyr. Ynanmagyn. Olam bir-biriňe düşünmekdir. Olam saňa düşünsin, senem oňa. Sen söýüşýän bolsaň — Ine meň saňa berjek maslahatym...

Akbäbek mundan başga söýgi barada süýndirip gürrüňem etmedi. Söýgi ýalyndyr, ýakar-ýandyrar diýip muşakgatam ýagdyrmady. Şunuň bilen gürrüňi gutardy oturyberdi. Elbetde, ol muny Ballynyň öz otagynda-da aýdyp bilýärdi. Ony ýörite geýindiirp, kakasynyň otagyna äkitmän, aýak üstündenem aýdyp bilýärdi. Ýöne ony etmedi. Munuňam öz sebäbi bardy: ol Eziz bilen öz söýgülerini mukaddes saýýandygy üçin o sözleri ogluna öz nika portretleriniň öňünde aýtmagy makul bildi, şeýtsem, Bally oýlanar, ölçerer-döker öýtdi, bu ýeňil söýgüden ýüz öwrer öýtdi.

Emma Balla onuň şo gezekki aýdyp beren hekaýatam, kakasnyň tamyndaky öwüt-nesihatam täsir etmedi. Akbäbek ýene birnäçe gün saklandy. Oňa Žanna bilen köpräk duşuşmaga maý berdi. Emma Ballyda dörän aldawçy duýgy onuň gün geldikçe erkini aldy. Söýgi geýimini geýen şeýtan gün geldikçe onuň gözüni baglady. Nätmeli? Balasynyň bagtly bolmagyny islemeýän ene barmy?..

* * *

AKBÄBEK ŽANNALARA TARAP ugrasa-da ugrady welin, ikigöwünlidi. Bir göwni: «Göni bar-da, ejesine aýt, olar biri-birine mynasp däl. Soň giç bolar diý» diýýärdi. Bir göwni: «Sözüňi bihuda ýele sowurma. Gury ýüregiňi agyrdanyň galar» diýýärdi. Birdenem onuň ýadyna Nahal düşdi: «Ýok, Akbäbek, seň adyň Nahal däldir seň adyň Nahal däldir...» diýip gaýtalady. Onuň adamsy bilen arzalaşmazdan ozal bularyň öýlerine gelip aýak üstünden beren ýürekbulanç gürrüňini Akbäbek o wagt diňlemedik ýalam bolsa, şu wagt onuň aýdanlary ýene gulagynda ýaňlandy:

«Men şu wagt seniň direktoryňyň heleýiniň ýanyndan gelýän. Arman, özi ýok ekeni, ýogsam Abdylla Hasanyň özüne-de diýer ýalyny diýjekdim. Ýog-a, ýelni gyzan, diýmäýin diýsem, üstüme barypdyrdäni «Seň ogluň meň gyzymy aldapdyr. Gezipdir-gezipdir-de, indem taşlapdyr» diýip, maňa heňkirjek bolýar. Menem «aňyrrakda üýr, heleý» diýdim. «Sen şeraý bolsaň, men şermende. Ýör, nirede çermek çekişseň men bar» diýdim. «Gyzym nebit içerin, uksus içerin» diýýär diýip, meni gorkuzjak bolýar. «Janyna dözse, awy içsin» diýdim. Dogry-da. «Ganjyk guýrugyny bulamasa, köpek yzyny eýermez». Erkek kişidir, niçezar men oglumy goraglap saklaýyn. Haýsy bir tirkeşen gyzynyň enesine men jogap bereýin. Ondan soň

näçe gyzy «Žigulisine» mündürip gezdi. Oglum şolara öýlener diýip, güwa geçip bilmen ahyry...»

Akbäbek bu zatlary ýatlady. Her niçigem bolsa, Žannanyň ejesiniň ýanyna barmagy, Nahalyňky ýaly däl-de, adam ýaly gürleşmegi ýüregine düwdi.

Ol baryp «düýä münüp, hataba bukjagam» bolmady. Ýüregindäkini aýtdy. Onuň gyzy bilen öz oglunyň deň däldigini aýtdy. Olar şu wagt gögele, iş-işden geçmänkä öňini almalydygyny aýtdy.

Çal saçy çat maňlaýynda hüwjerip duran aýala gyzynyň adynyň tutulmagy ýaramadyk bolara çemeli. Bada-bat Akbäbegiň howuny basdy. «Gyzym barada ýene ýeke agyz aýyp söz aýdaýsaň, dalaryn» diýýän şekilde alarylyp garady-da, Akbäbek gürrüňini soňlap-soňlamanka alkymyndan aldy.

— Ogluň gijeler öýüňe gelmeýän bolsa, ony meň gyzymdan görjek bolýamyň? Şäherde haýsy bir ygyp ýören oglana meň gyzym jogap bersin.

«Bu aýalyň bolşy nähilä. Alynyň aryny Ahmetden çykaryn» diýeniňki ýaly, Nahaldan basylyp, maňa herreldimikä» diýip, Akbäbek içini gepletdi-de, öňki äheňinde sorady:

— Geçen şenbede eýsem Žanna öýe geldimi?

— Saňa näme azary ýetdi. Gyzym on dokuz ýaşady. Men ondan hasabat sorap duramok, haçan gelip ýatýa, haçan turýa, ol oň öz işi...

«Wah, ine, siziň ýetmeziňizem şonda-da — diýip, Akbäbek içini gepletdi — Bu wagta on dokuz ýaşynda diýýäňiz. On ýedi ýaşyndaka-da görýädik. Şonda-da gyzyňyzdan hasap soraňokdyňyz» diýesi geldi. Dilini dişiniň aňyrsynda zordan saklady-da: — Heýlemi. Bagyşlaň onda — diýip, yzyna dolandy.

«Enesini gör-de, gyzyny al» diýleni. Bu aýaldan edep-ekramly gyz dogmasa gerek» diýip, içini gepletdi-de, öz «gelinligi» Žanna bilen üç ýyl ozal bolan bir zady ýatlady...

Akbäbek bir sebäp bilen işden gijigip gaýdypdy. Olar özi ýaly bir aýal bilen awtobusdan düşdüler-de, gyzar ikindiler öýlerine tarap gaýtdylar. Emma heniz öýlerine ýetmänkäler, köçäniň gyrasynda, elleri gitaraly, döşleri açyk, saçlary ösgün on bäş-on alty ýaşly oglanlara duşdular. Olaryň agzyna gelen hapa sözleri aýdyp, gülşüp oturmaklary Akbäbek daga ýaramady. Ylaýta-da olaryň arasynda-da

bir gyzyň hikir-hikir edip gülüp, dilini aýnadyp oturyşy gelşiksizdi. Akbäbek ädimini haýallatdy-da, ýanyndaky aýaly tirsegi bilen kakdy:

— O gyza seret, oglan geýmine gireni-hä gireni welin, şu sözleri eşidip durşuna haýran.

— Owarram, görmedik bolaý, gyz — diýip, ýanyndaky aýal başga tarapa seredip pyşyrdady. Emma Akbäbek görüp duran zadyny görmedik bolup bilenokdy. Eşidýän zadynam eşitmedik bolup bilýänlerden däldi. Onuň häsiýeti şeýledi, şonuň üçinem kösenýärdem. Ony özem bilýärdi, emma ýaradylyşy şeýledi.

Ol oglanlaryň ýanyna golaýlady-da, henizem hikir-hikir edip duran gyza ýüzlendi:

— Agyz, utanaýsaň bolmadymy? Bular-a bir erkek eşek, sen bir aralaryndan gidäýseň bolmadymy, jan jigi!

Gyz elindäki tranzistoryň sesini peseltdi-de, Akbäbegiň öňüne gelip, dyzyny epip baş egen boldy, ellerini galgatdy:

— Priwitik, mamaşa! Gudbaý!

Oglanlar pyňkryşyp gülüşdiler. Gyz abyrsyz iş bitiren ýaly billerini towlap, zordan guşaklygyna ýetýän köýneginiň etegindäki göbegini görkezdi:

— Göze görnüpsiň, utan, haýa et. Saçyň näteňet. Jalbaryň başyňy iýsin!..

Akbäbek bu ýoknasyz gyza başga näme diýsin, ýene gitdi.

Ýaňky rusçamy, iňlisçemi garym-gatym gürläp duran gyz indi türkmençeläp, onuň yzyndan gygyrdy:

— Ilki özüňi oňar, heleý helki, balagy selki! Işdanyňa seret. Gyww!.. Balagyň görünýä, daýza. Hih, hih, hiý...

Akbäbek aýak çekip, ony gaýtadan duzlasam diýdi, emma ýoldaşy elinden çekip äkitdi:

— Men aýtmadymmy, «poha daş atma, pytrar, gaýdyp özüňe syçrar» — diýip...

— Wah, ol meň gyzym bolan bolsady. Şujagaz edebi bilen mazalyja gözüne görkezerdim welin... — Akbäbek yzyna gaňrylyp hüňürdedi. — Dur bakaly, men seniň kimiň gyzydygyňy bileýin, onsoň, kakaňa aýdyp iniňi-boýuňy des-deň etdirmesem bolmaz, salaty...

Ep-esli daşlaşanlaryndan soň, Akbäbegiň ýanyndaky aýal başyny ýaýkady:

— Ata-eneden heder edýän gyz enesi ýaly adama şeý diýermi. Ol öz direktorymyzyň gyzy ahbetin.

— Nätdiň gyz, muny? — Akbäbek sakga durdy.

— Hawa, hawa. Ýaňy eşitmediňmi näme, oglanlar oňa Jemal diýmän, Žanna diýýärler ahyry...

Akbäbek öýlerine gelibem Žanna barada, onuň ejesi barada ýene köp zatlary ýatlady. Hiç birem Žannany aklanokdy. Ol uzak oýlanmalardan soň, ahyr Bally bilen «egri oturyp, dogry» gepleşmegi ýüregine düwdi. Sebäbi mundan artyk çydara takaty ýokdy.

— Seň indi şo gyzy söýýäniň çynyňmy, oglum? — diýip, ol Ballydan sorady — Şoň bilen durmuş gurup, ömür-baky är-heleý bolup ýaşaşyp biljegiňe ynanýarmyň?!

— Başga gyzlar gözüme ilmese nädeýin, eje. Diňe şol — diýip, Bally hem ýaşyr-ýuşursyz jogap berdi.

— Olam saňa gelmäge razymy?

— Biz eýýäm dilleşdik. Öýlerine-de äkitdi. Ejesi, kakasam razy.

— Şeýlemikä diýdim-le... Ejesem razy, kakasam diýsene...

Akbäbek birsellem dymdy. «Gijä galan bolaýmasam biridir» diýip oýlandy-da ýene gyssandy:

— Sen onuň söýýän diýenine ynanýamyň? Onuň senden ozal şo sözleri peduçilişede okaýan başga bir oglana-da aýdanyndan habaryň ýokmy?.. Şoňa-da Žannaň ejesi, kakasy razy ekeni. Bir soldat, menem saňa öýlenjek, gullugym gutaran badyna seni öz ýurduma äkitjek diýende, Žannaň gelip, ene-atasyndan rugsat alanyndan habaryň ýokmy? Ol soldata-da ejesi, kakasy razylyk beripdir ahyry. Sen bu zatlardan bihabarmy. Ziýaň ejesi bilen oň ejesiniň Žanna sebäpli wejera bolşup, itiňkini iki kesişenlerindenem habaryň ýokmy?!

— Sen bu zatlary nireden bilip ýörsüň, men-ä bilemok?..

— Ýok, sen entek maňa sorag berme-de, meň soragyma jogap ber. Sen şu zatlardan habarlymy, ýa ýok?

— Özgesini-hä bilemok welin, Ziýa hakda diýilýäni ýalanmyka diýýän. Ol Ziýany halamaýanyny maňa öz agzy bilen aýtdy. Ony Ziýanyň özem boýnuna alýa. «Meni söýenok» diýip, meni oň bilen Ziýaň özi tanyşdyrdy ahbetin.

— Ine, seň gögele ýeriň, oglum. Ine, seň ýöntemligiň — diýip, Akbäbek birsellem dymdy. — Düşün, oglum, Ziýa seni boýny boş

görýär. Harydy geýip-geýip, hyblygy çykansoň, saňa geýdirjek bolýar... düşün, meň aýdýanyma...

Bally geplemedi. Akbäbek Nahal Şeripowanyň beren gürrüňleriniň baryny ogluna aýdyp berdi — Bally ynanmady. Özi bilen ýolda bolan wakany aýdyp berdi — Bally yrylmady:

— Bu zatlary saňa Ziýaň ejesi aýdandyr. Ynanma şoňa eje, ol Žannany ýigenýä. Žanna-da ony.

— Sen özgäň gulagyny şaňlatma. Meniňem öz gözüm, gulagym bar, Bally jan.

— Seni Ziýaň ejesi allapdyr... Nahal daýza şeýle aýal, görmesiz zatlary görýä, eşitmesiz zatlary eşidýä. Gulagy jam ýaly. Dili şäheriň beýleki künjegine ýetýä...

— Maňa dogry düşün, oglum. Žannaň iliň öňünden saçyny kesdirenem hiç... Äre çykmanka dodagyny gyzylladanam jähennem. Geýnişi bilenem işim ýok. Bular oň öz işi. Meni ýakýan zat başga. Ol bihaýa, biedep, başyna giden maşgala...

— Ol bir öýüň läligi, eje. Başga aýby ýok onuň.

— Eýsem, hany oň ýigitleri? Näme üçin hemmesi daşyndan dagap gitdi. Näme üçin? Ä? Näme üçin şeýle?

— Olar bir topar oýnatgy. Žanna olary oýnaýa. It oýnan ýaly oýnaýa. Ol mekir gyz.

— Dur bakaly, ol seni oýnar weli, olaryň çenem bolmarsyň, «Alsaň heleý bor, gonsaň ýurt» diýýändirler welin, bilip goýgun. Her uzyn etekden heleý bolýan däldir.

Bally ejesini ynandyryp bilmänsoň, ýalbaryp başlady:

— Eje! Mähribam eje jan! Haýyş edýän, meň gözlerime seret... Gursagymy diňle. Bary şo diýýär. Diňe şo diýýär. Ynansaň-a hut şeýle. Ynanmasaňam, duldan sallançak asda, üwre, hüwdüle, gunda meni...

Akbäbege aýdara söz galmady.

Il ýatansoň eline kagyz-galam alyp, Ezize hat ýazmakçy boldy. Oýady-çenedi, nämeden başlajagyny bilmedi. Telim sapar ruçkasyny kagyza degrip aýyrdy, emma ak kagyzyň ýüzünde yz galdyrmady. Aýdara bolsa zat köpdi. Iňňän kändi. Ozaly bilen Ballyny başarmaýandygyny aýtjakdy. Oňa nä günlük bilen uçilişäni gutardandygyny, mekirlige salyp, Kuly murtuň elinden sypdyryşyny, Ziýa diýen bihepbä birigip, jenaýatyň gyrasyndan gaýdandygyny

aýtjakdy. Indem bir haýasyz gyzyň yzyna düşüp, gijeler öýe köwlenmeýänini aýtjady... Soňra özüniňem indi hemişeki Akbäbek däldigini, argyn, leji çykan, boş göwrä dönüp barýandygyny aýtjakdy. Ujypsyzja zada-da gaýraty çatmajak ýaly ýaýdanmaç bolandygyny-da ýazjakdy...

Akbäbek pikirini durlap bilmän, eýwana çykdy. Üçünji etaždan şäheriň çyralaryny synlady. Soň ýene içerik girdi. Süýji ukuda ýatan Arslanjygyň mygylapjyk dem alşyna gulak asdy. Birden ol nämelerdir diýip basyrgandy. Akbäbegiň göwnüne ol «kakam» diýýän ýalydy. Akbäbegiň gulagyna şeýle eşidilen bolmagy-da ähtimal. Her niçigem bolsa, Akbäbek ýap-ýaňky pikirinden döndi. «Wah, bularyň biri-birinden aýrylyp gidere ýeri barmy. Gany bir ahyry bulaň... Ogluny kakasyna ýamanlap görjegim näme?»

Ol stolunyň başyna çöküp ýazmaga oturdy. Ýöne öňki pikirlerinden tersine ýazdy. Ballyny ýamanlamaga derek, ony öwüp, arşa çykardy. «Ýekeje kemimiz sen, tizräk gutulyp gel» diýip hatyna nokat goýdy. Ol Ezize gitjek haty bukja saldy-da, soňra ýaşap oturan jaýlaryny çalyşmak üçin bildiriş ýazmaga oturdy. Ol ähli zady jähennem edip, Ballyny Žannadan alyp gaçmagy ýüregine düwüpdi. «Goňşyň ýaman bolsa, göçüp gutul» diýenlerini etjekdi. Bir mahal öwrenişen ýerinden göçürjek bolanlaryna ýokuş görse-de, häzir onuň üçin parhy ýokdy. Ülkaniň çet gyraklaryndaky kiçijik şäherleriň birinden hyrydar tapsa, paýtagtdaky jaýlaryny çalyşjakdy, bir gije-de göçjekdi. Hatda raýon merkezleriniň birine-de gitmäge kaýyldy. Ol diňe şeýtmeli diýen karara gelipdi.

Akbäbek ýazan bildirişini telim ýola göçürdi. Aram-aram ruçkasynyň ujuny dişläp, öz-özi bilen gürrüň etdi:

«Ýa ýalňyşýarmykam? Ýaşajak özüň, «körüňde küregiň» diýip, başymaýlak edäýmelimi? Ýok, ýok men ony edip bilmen, beýtmäge ýüregim etmez. Onda nätmeli? Ýa-da wagtyndan öň dogan agtygymy boýnuma mündürip, binamyslyga salyp gezibersemmikäm? Ýok, Akbäbek, özüňi aldama. Seň gylygyňa bu zatlar bap gelmez».

Ol ertesi säher bilen jaýlaryny çalyşmak baradaky ýazan bildirişlerini şäheriň telim ýerine ýelmäp geldi.

* * *

GÜNLER GEÇIP DURDY.

Akbäbegiň ýelmän bildirişleri hiç kimiň gözüne ilmeýän ýalydy. Özge wagt Aşgabatda kwartiram bar çalyşjak diýip agzyňdan sypdyrsaň, goşaryňdan garbardylar. Bulara welin, gelýän ýokdy. Bally bilen Žannanyň söýgüsi bolsa günsaýyn tutaşýardy. Nirä gitse ikisi kelte tirkelen ýalydy. Kä ýatar-ýatarda öýe dolanýardylar, kä ýatylansoň. Bally kä keýplidi, kä düňledi. Hatda indi onuň hemişekisi ýaly ejesi bilen ümmüldeşip gürleşmäge-de, Arslan bilen oýnamaga-da wagty ýokdy.

Bu gün Akbäbegiň ýene ukusy gaçdy. Ezizden hat gelmeýäni üçinmi, jaýyny çalyşmaga hyrydar tapmaýany üçinmi, gözüne uky gelmedi. Gije ýarymdan agypdy, ol uklap bilenokdy. Ine, birden ýer diňläp ýatany üçinmi, nämemi, ýokarky etaža çykyp gelýän aýak sesi gulagyna gelen ýaly boldy. Soň olar goşalandy. Akbäbek tirsegine galdy. «Goňşularmyka?» Hakykatdanam, aýak başyslary pensionerleriňkä meňzeýärdi. Ýöne olaryň gidenine heniz bir hepde-de geçmändi ahyry. Ozal-a uly ogullarynyňka gidip, kyrk günden gowrak gezip gelipdiler. Indem «Gyzymyzyňkyda şonçarak bolarys, tomsy şo ýerde geçiräýmegimizem ähtimal, biziň jaýymyzada göz-gulak bolawergin» diýip, Akbäbege tabşyrypdylar. «Ýa Ballymyka? Bally bolsa näme üçin pişik basyşyny edip, ogryn gelmeli. Eýsem, ýanyndaky kim bolup biler?

Akbäbek başyny galdyrsa, aýak sesi eşidilenokdy. Gulagyny ýere goýsa-da, dyrmaşyp gelýän ogryn aýak sesleri barha golaýlardy. Ol diňşirgendi. Bally bolsa hökman seslener diýip garaşdy. «Ýa kakammyka?» Akbäbegiň kakasynyňam käte bimahal çak otludan düşüp geläýmesi bardy. Ýöne ol heniz gapa ýetmänkä, «Bally, aç oglum, bu men, babaň!» diýip seslenerdi. Ýa Akbäbegiň adyny tutup gygyrardy. Özem gije bolsun, gündiz bolsun, çagalar ýatyrmy, Eziz işläp otyrmy parhyna däldir, girerdi-de, aýbogdaşyny gurup, uly sesi bilen gürlär oturardy. Ýok, bu Ballyň babasam däldi.

Akbäbek ýerinden turup, daraklygyna basyp bardy-da, gapa gulagyny goýdy. Kimde bolsa iki sany ynsanyň gapyň daş ýüzünde dem alýany eşidildi. Akbäbek bimahal çak bu boluşdan üýşenmänem durmady. Gapyny kilitlänine begendi. Ine birden, üçünji etaža çykan ýerindäki öwrümçede duran diwanyň gowşan puržinleri çygşyldady.

Şo bada Akbäbegiň ýadyna Žanna düşdi:

— «Hi, Bally şol arwahy yzyna tirkäp geçen bolaýsa... — diýip, ýakasyny tutdy. — Eje, gapyny aç-da gelniňi garşyla» diýäýse, «Ýok, ýok, men olary öýe-hä goýbermen...» Ol elewredi. «Çykman galmyş, köne diwan nirden şo ýere çykarylypdyr — diýip, öz-özi käýinip, ýerine geçip çugutdyryp otyrdy — Ertire bir çykaýyn bakaly, ol köne diwany çerdaga çykaryp taşlaryn...»

Akbäbek muny gaharyna diýýädi. Onuň beýtmäge eli barmajagyny özem bilýärdi. Sebäbi bu diwan ozalam dört pensioneriň arasyna tas çöp atypdy. Ol telim gezek daşaryk çykarylyp, ýene içeri salnypdy. Bu geolog ýigidiň ejesi bilen kakasynyň köne ýurtdan alyp gaýdan ýeke-täk mebelidi. Olar ony «Öýümiziň yrsgaly şuň bilen geldi» diýip, yrym edip getiripdiler. Doktor gelniň ejesi bilen kakasy bolsa «Bir köne diwaýň gürrüňini edýäňiz, biz bagly-bakjaly howlymyzy taşlap gaýtdyk. Zyňyň, owarra ediň-de, ýer tutup durmasyn içerde» diýip, hersi bir ýanyndan tutup, hyk-çok süýräp, daşaryk çykardylar. Emma diwan eýeleri ýene öňki ýerine içerik äkiderdi. Ahyr iki tarapam irip taşlansoň, ol Arslanjyk dagy üçin üstünde böküşip oýnar ýaly oýunjak bolupdy.

Akbäbek köp pikir etdi. «Öljekmi-ýitjekmi, Akbäbek. Ogluň bu gün getirip, ony gapynyň agzynda diwanda oturtsa, ertir duluňa geçirer, krowadyňa çykarar. Sen razy bolsaň bol, bolmasaň, özüň bil...»

Ol ýene ýüregi howlap, ýerinden galdy. Göýä Bally gelinliginiň goltugyndan tutup, gapydan girip gelýän ýaly gyssanyp, tas gygyrypdy: «Ýok, men ony etdirmen, men entek diri...»

Akbäbek ýene gapa baryp, diň saldy. Diwanyň üstünde oturanlar bu wagt Bally bilen Žanna däl ýalydy. Gyzyň kelpez gülküsi-de eşidilenokdy. Ýakalaşybam, ogşaşybam oturanokdylar. Diňe pyşyrdaşyp gürleşýärdiler.

Gapy diňlemek Akbäbegiň ýigrenýän gylygy hem bolsa nätsin, gulagyny dyksynmy, olaryň pyşyrdysy aýyl-saýyl eşidilip durdy. Žanna garşy-garşy toýuň sähedini bellemegi teklip edýärdi.

Bally bolsa:

«Gyssanma, leglejigim, gyssama. Ýene azajyk garaşaly. Toý tutar ýaly, heý bolmanda, men azajyk pul ýygnaýyn... Ýaňy işläp başladym» diýip ýalbarýardy.

«Sen toýuň gamyny iýme, toýy kakam eder».

«Muňa meň ejemem razy bolmaz. Azajyk garaş, ejemi yrjak bolup ýene-de bir ýola synanyşaýyn.»

«Ejem, ejem» diýip halys aldyň-ow. Dünýäň diregi seň ejeň däl ahyry. Niçezar ejem ogly bolup ýaşajak?! Onsoňam, eje ýeke sende däl. Meňem ejem bar ol bize toýam tutar, otagam berer ýaşar ýaly. Içiniň garnitury, holodolnigi bilen onda-da...»

Bally geplemedi. Ara dymyşlyk düşdi. Akbäbek gulagyny gerip gürrüňiň yzyna garaşyp durşuna ýakasyny tutdy. Birden Bally dymyşlygy bozdy:

«Hany «Žiguli» berjegem-ä diýýädi, ejeň?!»

«Ýogsa näme. Nikalaşan günümiz onuň açaryny saňa berýä.»

Bally begenjini gizläp bilmedi:

«Hökman altynjyny alyp ber diýgin, Žanna. Başha wypuska alaýmagyn, bolýamy?»

«Ejem wadasynda durýandyr».

Akbäbek tasdanam ýürek howsalasyny daşyna çykaryp:

«Wah, sen öýüňi ýykan şu wadalar dälmi, ogul!» diýip gygyrypdy — Seň o gyzyň özüne aşyk däl «Žigulisine» aşyk. Men muny bilýän ahyry». Ol duran ýerinde sakyrdady.

Daş işikdäki Bally ýene ozalky Balla meňzedi, Žannany öwran-öwran öpdi.

«Ýene azajyk garaşaly. Men kakama hat ýazaýyn. Ol hökman geler. Kakam razy bolsa bes, ol ejemi hem yrar». Ýene ara dymyşlyk düşdi, megerem, Žanna Ballyň göreçlerine garan bolsa gerek. Birdenem onuň gödeksi sesi eşidildi:

«Näme diýsene, Bally, sen akmak bolma, indi seň kakaň gelmez».

«O näme diýdigiň, o näme üçin gelmez?..»

«Ol rak... düşünýämiň, rak»...

Bally aýylganç gygyrdy: «Muny saňa kim haramzada aýtdy, kim diýýän?!»

«Otursana, oglan, men-ä ejemiň aýdanyny aýdýan»...

Akbäbek entirekläp gelip, düşegine ýykyldy. Onýança-da Ballyň guduzlan ýaly gygyrýan sesi gulagyna ildi:

«Häý, seniň ejeňem, özüňiňem... Güm bol şu ýerden. Ugra!..»

«Ballyşka, Ballyşka... dälirediňmi?!»

Akbäbegiň gulagyna şarpyldy eşidilenden zyňlyp ýerinden turup gapa ylgady:

— Bally, utan, edýäniň näme? Bally!

Ol titräp duran elleri bilen gapyny açjak bolup köp itindi. Ahyr çykybam eýýäm aşakda çyraň öçügsi ýagtysyna ala köýnek, ala balak gyzy kowalap barýan ogluny saýgardy, ýüregi agzyna gelip gygyrdy:

— Bally, eliňi degirme diýýän men saňa, Bally!

Emma Ballyň gulagyna ses ilmedi, gyzy ädimme ädim aşak idirdedip barýardy. Aýak ýalaň, başaçyk Akbäbek daş işikde oglunyň köýneginden aslyşdy. Emma Bally şonda-da bir gezek Žannanyň ýumry ýerine depmäge ýetişdi...

— Men saňa ragy görkezerin, jelep!..

— Sem bol... sem bol... sem bol... — diýip, Akbäbek eli ýetişdiginden oglunyň çekgesine çalyp, yzyna gaýtdy. Içerik salyp, gapyny daşyndan gulplady. Özem ýap-ýaňy bularyň oturan diwanynda çöküp, bu wakanyň soňuna garaşyp başlady. Bir göwni git-de Žannanyň aýagyna ýykyl, ejesine ýalbar, günämizi ötüň, oň bilen deň bolmaň diý diýse, bir göwni: «Kiçelme, Akbäbek. Sen oň ejesine näbeletmi? Ýalbarsaň üstüňe sürner» diýýärdi.

Ol az salymda bolup geçen bu waka gynanýandygyny-da bilenokdy, begenýändigini-de. Ogly ejizeganymlyk etdi. Aýal maşgala el gardy. Ol muňa gynanýardy. Ýöne Ballynyň şeýtmek bilen, zeleliň ýarysyndan gaýdanyna, ömür mäşi bişişmejek gyzy bilen tersleşenine begenýärdi. Onuň pikiriçe, bu ýöne tersleşik däl-de, birek-biregi terk etmekdi. Ýazylyşman aýrylyşmakdy.

Akbäbek gijäniň galanyny milisiýa garaşyp geçirdi: Žanna baryp, ejesine aýdar. Olam milisiýa til eder, heňkerip üstüme geler diýip çen etdi. Ýöne olara näme jogap berjegi barada welin oýlanybam oturmady: «Holha, Bally. Eli bilen etdi, egni bilenem çeksin» diýjekdi.

Emma daň atdy, gelen bolmady. Gün dogdy, hiç kim gelmedi. Bally hiç zat bolmadyk ýaly garaža işe gitdi. Akbäbek welin ynjalanokdy. Onuň göwnüne bütin şäher öz çolaja podýezdlerindäki wakany wagyr edýän ýalydy. Ol korzinkasyna iki sany boş gatyk çüýşesini salyp, magazine ugrady. Onuň maksady gatyk almak däl-de, magaziniň işigindäki gybathanany diňlemekdi. Sebäbi ukusy azalan kempirler alagaraňkydan o ýere üýşüp, dünýäň täze habarlaryny bir

ýere çugdamlardylar. Birini ona köpeldip, peşeden pil ýasardylar. Alty aý mundan ozalky wakalary öten agşama getirerdiler. Akbäbek şunça gulagyny üşertse-de, olaryň bu günki habarlarynyň programmasynda agşamky waka ýokdy. Ol gatyk çüýşelerini boş äkidişi ýaly, boşlugyna-da yzyna alyp gaýtdy. Jaýyň burçundan öwrülen ýerinde-de eli kiçijik sumkaly özüne tarap gelýän Žannany görüp tisginde: «Sen keýgim, biziň günämizi öt. Öten agşam bir bolmasy iş boldy welin, bagyşla» diýmek üçin taýýarlandy. Emma Žanna ony gördümi, gömedimi awtobus duralgasyna ýöredi ötägitdi. Akbäbek onuň yzyndan äňedip, öýkeländigine-de düşünmedi, utanýandygyna-da. «Belki akyllanandyr. Ballyň göwnüne degendigine düşünendir. Indi ulugyz bolupdyr. Muňa-da akyllanmaga çen boldy ahyry» diýip içini gepletdi.

Akbäbek az-kem rahatlananam bolsa, atelýä baryp, heniz maşynynyň başyna çökmänkä, ony direktoryň gözleýändigini aýtdylar. Akbäbek: «Bu wakanyň soňunyň ula ýazjagyny aňýadym-la — diýip, içini gepledip direktoryň kabinetine ugrady. — Gör, bulary. Indi şahsy dawany hem iş stolunyň başynda çözjekdirler. Şeýtse, direktoryň desmaly güýçliräk boljakdyr...»

Akbäbek Abdylla Hasanowiçiň kabinetine girende, bu ýerde Žannany-da görmedi, ejesini-de. Ol ýerde atelýäniň ýolbaşçylary, ýerli komitetiň başlygy, partiýa guramasynyň sekretary, ýene birki sany işgär otyrdy.

Abdylla Hasanowiç iňňän mylaýym salamlaşdy. Eziziň ýagdaýyny sorady. Çagajyklarynyň saglygyny, maşgalanyň güzeran ýagdaýyny sorady. Akbäbek bularyň ählisine guraksy ýekeje sözde «Taňryýalkasyn» bilen jogap gaýtardy. Direktoryň matlabyny aýdaryna garaşdy. Emma gürrüň onuň garaşyşynyň tersine boldy. Abdylla Hasanowiç ötünç soraýan şekilde gürledi:

— Akbäbek, ýalňyşmaz adam bolmaz. Biz sizi tikinçilige geçirip öýkeledenimizi-de bilýäs. Indi şo ýalňyşy düzedäýsek, siz biçimçiler sehine müdir bolup beräýseňiz diýip haýyş bilen çagyrdyk.

Akbäbek ýalta oturanlara garady. Bu iňňän geň teklipdi. Biçimçiler sehiniň müdiri — bu Weli Japaryň ýeridi ahyry. Düýn Akbäbek bilen bir sehde işläsi gelmeýän adam bu gün oňa neneňsi ýerini berer.

— Ýerli komitetiňem, partkomyňam pikiri şol — diýip, direktor

öňki aýdanlarynyň üstüne goşdy. Oturanlar «hawa, hawa» diýip, gobsunyşdylar.

Akbäbek ýüzüni aşak salyp, pikire gitdi. Bir meýdan oýlanyň oturdy. «Bu nähile beýle bolýa? Bular meni oýnajak bolýamykalar?»

— Näme köp oýlandyň-la, Akbäbek — diýip Abdylla Hasanowiç ýylgyrdy. Akbäbek ýüregindäkini diline getirdi.

— Hany, Japar aga? Meniň o ýere geçmegime razy boloarmyka?

Her kim bir-biriniň ýüzüne seretdi. Esli salymdan soň:

— Weli Japaryň işi bilen organlar gyzyklanar, ony şolara tabşyrdyk — diýip, partkomyň sekretary ýaş gelin jogap berdi. Eýsem-de bolsa, Akbäbek birbada razylaşmady:

— Ertire deňiç puryja beriň, men göwrümime geňeşeýin.

Ertire puryja berdiler. Akbäbek çykyp gaýtdy.

Onuň ertir diýmesiniň özüne ýetik sebäbi bardy. Onuň üçin ertitiň manysy uludy. Her güni garaşylmadyk wakalardan doly dünýäde Akbäbek özüne her sagatda birhili betbagtlyk garaşýan ýaly duýýardy. Üç aý bäri kesel bilen çekeleşip ýören adamsyndanam ýaramaz habar düşse düşäýmelidi, öten agşam jenaýat eden ogly bilenem bir iş bolsa bolup durubermelidi. «Gorkana goşa görner» diýenler, Akbäbek her bir zady ýamanlyga ýorýardy.

Akbäbek o gün tikin maşynynyň başynda otursa-da, pikir başga ýerde boldy. Ýene-de özüniň arzyly gaýçysyny ele alyp, täze modaly geýimler biçjekligi barada oýlananda az-owlak ýüzi ýagtylsa-da, etmişli ogly bilen syrkaw adamsy ýadyna düşende gama batyp, oýlanýardy.

Onuň çen edişi ýaly-da boldy. Öýüne gelende, gapyň tutawajyna gysdyrylyp goýlan «Powestkä» gözi düşüp onuň essi aýyldy, ýene şol gara diwana çökmeli boldy.

«Bilýädim ahyry geljegini... Bular towşany araba bilen tutýarlar — diýip ýeke özi hüňürdedi. — Eýý... Abdylla Hasanowiç, Abdylla Hasanowiç, gör, siz, nähile mekir adamlar, sen-ä maňa wezipe hödürle, ötünç sora. Aýalyň bilen gyzyňam milisiýa gitsin, meň üstümden prokurora arz etsin...»

Iş gutaran dessine öýe gaýdan Bally ejesiniň gara dere batyp, gapynyň agzynda oturanyny görende gorkudan ýüregi agzyndan çykaýjak boldy:

— Näme bolýar, eje? — Ol ejesini gujaklady. Akbäbek tapsyz halda gapa gyssyrylgy duran powestkä tarap ümledi: — Elbetde, seňem kysmatyň şeýledir-dä, ogul. Geýnip bir git, yzyňa dolanyp gelesiň ýok, ýygnarlar...

Bally gyssanmaç powestkäni alyp, okady-da, gülüp goýberdi:

— Gözüň aýdyň, eje. Gutlaýan!

Akbäbek düşünmedi, laňňa ýerinden galdy. Bally powestkäni onuň gözüniň öňüne tutdy:

— Meni milisiýa däl, prokuroram däl, goşunçylyga çagyrýalar, eje. Görmeýärmiň kürüşge-çemçäň bilen gelmeli diýipdirler...

Akbäbek oglunyň elindäki powestkäni gysymlap doňdy:

— Eý, Taňrym!..

* * *

AKBÄBEK BIR HEPDE beýle çalt geçer öýtmedi: jaý çalyşmak üçin ýelmän bildirişlerini goparmak, işe kabul etmek, işleri ýola salmak bilen gümra bolup, Ballynyň ugramagyna ýekeje gün galanda ogluny goşun gullugyna taýýarlamak üçin rugsat sorap geldi. Indi ýol üçin iýmäge ogluna zat taýýarlamalydy. Onuň Bally bilen Moskwa gidip, ony kakasy bilen hoşlaşdyryp gaýtma hyýalam ýok däldi, hiç zada ýetişmedi. Şeýle-de bolsa, Akbäbegiň göwrümi giňdi. Ylaýta-da bäş-alty günlükde Ezizden gelen hat ony begendiripdi. Onda şeýle setirler bardy:

«Buşluk ezizlerim, ahyr derdime derman tapdylar. Täze bejergä başladylar, saglyk bolsa aňyrsy iki hepdeden öýüňe dolanarsyň diýýäler».

Akbäbek Ballynyň soňky gününi uşak-düşek işler bilen geçirdi. Ertesi irden Ballyny ugratmak üçin taksi zakaz etmäe çykanda öz podýezdleriniň agzynda duran täzeje «Žigulini» gördi:

— Salawmaleýkim, Akbäbek daýza! — diýip, rulda oturan ýigit seslendi. Şo demde maşynyň gapysy açylyp, ýigiten ozal onuň pişegi çykdy. Akbäbek ýigidiň salamyny alsa-da, birbada ony tanamady. Ýigit iki goltugyna pişegini söýget edip towsaklap alkymyna geldi.

— Hiý, jan iller, Şadymy bi? — Akbäbek garsa gujaklady.

— Edil özi, Akbäbek daýza, ugradaýyn diýip gaýdyberdim. Hany, Bally?

— Eger-eger sensiň öýdüp, gümanam edemok, Şady jan —

diýip, Akbäbek ony gaýtadan synlady.

— Bir aýagymdan öňňes-ä men, Akbäbek daýza — diýip, Şady wäşisiredi.

— Beý diýmezler, balam. Allanäme gutulyp çykypsyň, gözüň aýdyň.

Akbäbek şeýle diýse-de, oňa ýüregi awap durdy: «Gül ýaly ýigitdi. Ömürlik maýyp galypdyr. Uruşda maýyp bolan-a urşa nälet okaýa, urşa gargynýa. Ýeri, muňa näme diýjek? Gör, seresapsyzlyk nämeler etdirmeýär.»

Ol penjirä tarap gygyrdy:

— Bally, gel oglum, gör, kim gelipdir.

Boýy bilen boýdaş aýnaň öňünde soňky gezek özüne timar berip duran Bally şo demde ýere düşdi. Şady ikisi ilki gujaklaşdylar, ogşaşdylar. Soň igenişdiler. Ahyr düşünişdiler...

Bally özüniň soňky günlerini ylgap geçirenini, daýylaryna gidip hoşlaşyp gelendigini aýdyp, özüni aklady.

Şady bolsa Ballynyň goşun gullugyna gidýändigini oglanlardan eşidip, keselhanadan gaçyp çykandygyny aýdyp magtandy.

Akbäbek şunça seretmäýin diýse-de bolanok, ýene gözi onuň agaç aýagyna düşýärdi. Ýüregi jigläp gidýärdi. «Hiý, üç-dört aý mundan ozalam dabrap ýören gül ýaly ýigit... maýyp boldy diýseler ynanar ýalymy. Her kim balasynyň barmajygyna tiken batmagyna razymy?»

Şadynyň özüniňem gülüşse-de, degişse-de kemsinýändigi ýüzünden görünýärdi.

Bally onuň lowurdap duran maşynyny sypady-da, başyny ýaýkady.

— Be, walla, şu Kuly murta telpek goýaýmaly, how. Şo maşyn diýseň, muňa kim ynanar?

— Nätdiň, oglan. Ýok-la, o maşyn bejererden geçipdi-le.

— Şol maşyn, Akbäbek daýza, şol... Öwlüýä kessin, şol adamyň hünärini ony eliň aýasyndan saklasaňam azmyka diýýän. Aýagym maýyp bolansoň özünem el bilen sürer ýaly edipdir.

Ýigitler ondan-mundan gürrüň etdiler. Akbäbek bolsa böwrüni diňläp pikire batdy. «Maşynlaryňky ýaly adamlaryňam zapas zapas şaýy bolsa bolmaýamy. Onda Gulam aga oglunyň bir aýagy üçin

nämelere kaýyl bolmazdy. Eýsem, men Ezizi doýa garna iýer ýaly edip bilsem, ony dünýe malyna çalyşjakmy?»

Bular Şadyň «Žigulisine» mündüler. Bally öňde, Şadyň ýanynda oturdy. Akbäbek Ballynyň goşhaltasyny gapdalynda goýup, Arslanjygy gujagyna alyp, yzky oturgyçda ýerleşdi. Içi iýer-içer ýaly zatdan doly korzinkany hem emaý bilenjik aýaklarynyň arasynda saklady.

Maşyn demir ýol wokzalyna tarap gönükdi. Ähli zady el bilen sürmeklige geçirilen maşyny synlap oturan Ballynyň ruluň ýokarsyna ýelmenen ýazga gözi düşüp ýylgyrdy-da, ýeňsesine gaňrylyp, ony ejesine görkezdi. Iller, maşynyň yzky aýnasynyň öňünde «Özüňe ynamyň bolmasa, ozjak bolma», «Gyssansaň — çakyşarsyň» diýen ýazgylar goýsalar, Şady edil gözüniň alnynda hemişe ýaýtladyp duran ýazgy goýupdyr: «Ahmal bolma, şol gün gaýtalanar».

— Kör hasasyny bir aldyr diýipdirler, ýadymdan çykmasyn diýip ýazaýdym — diýip, Şady ýylgyrdy. Soňra — Ýene kimler giýä, halypa? — diýip, Balla ýüzlendi.

— Aý, gidýän kän. Çaryşka gidýä. Döwlet gidýä, Saşka gidýä...

— Haýsy Saşka, Çernowmy?

— Ýok, Wolodin, Saşka Wolodin — Boksýor. Ýene seň tanaýanlaryňdan Artur Ýerewan giýdä. Alimagam neressen-ä gözüň şowa diýip almadylar. Aglaýjak-aglaýjak boldy. «Şo wraçyň özi kör» diýip, ýol boýy gargynyp gaýtdy.

— A Ziýa? Ýa instituta girjek diýip käkeläp-käkeläp ahyr girdimi-aýt?

— Baý-bow, sen zatdan bihabar-ow onda — diýip Bally oňa seretdi.

— Ýogsa näme, «Dünýeler düýşdir keýtige» diýip eşitmänmidiň. Men-ä näme, keýtigem däl, maýyp... nireden bileýin?!

— Şady jan, sen maýyp däl. Allanäme bir aýagyň bar, kemsinme, diýme şo sözi — diýip Akbäbek onuň başyny sypady.

— Ziýa iki ýyl iş kesdiler, halypa — diýip, Bally aşak bakdy.

— Näme üçin?

— Biriniň «Žigulisini» alyp gaçypdyr. Eýesi tutanda-da, oňa pyçak çenäpdir...

Şady sesini çykarman, başyny ýaýkady.

— Şu Ziýamy? — diýip, Akbäbek içini çekdi, açarlardyr pyçagy

ýatlady. «Belki, şo wagt milisiýa baran bolsam, bu zatlar bolmazdy» diýip oýlandy-da, Ballydan gaýtalap sorady. — Şu orunbasar ministriň ogluny basdylarmy?

— Hawa, eje. Ýöne ol indi ministriň orunbasary däl. Pensiýa çykypdyr-da, obada ýaşajak diýip gidipdir. Ziýaň kakasam däl... Aý, olaň maşgalasy dagady-laý...

— Näme bolanmyş? — Akbäbek gyssandy.

— Ejesi aýrylyşyp, kakasynyň ozalky şofýoryny öýlerine getirip oturyberipdir...

Akbäbek bu zatlardan bihabardy. Ol Şadydan beter geňirgendi.

— Toba, toba. Päli azan diýerler, o heleýe. «Päl azman, bela bakmaz». Elli ýaşda ärinden aýrylyp ýörensoň, näme diýjek oňa...

Bular wokzala gelende eýýäm demirýolçularyň täze salnan stadionynyň töweregi maşyndan doludy. Goşun gullugyna ugrajak oglanlar stadionyň çyzykly ylgaw ýodajyklarynyň üstünde telim hatar bolup durdylar. Bally maşyndan düşüp ylgady-da baryp, yzky hatarlaryň birinde durdy. Akbäbek ýüregi ýerine gelen ýaly uludan dem aldy.yzky hatarlary doldurmak üçin ýene iki adamyň ýetmeýänini görende bolsa, «Ol Ziýa bilen Şadyň ýeridir» diýip oýlandy — onuň gäderip duranyna gynandy.

Eli mikrofonly ofiser oglanlaryň öňünde uzak gürrüň etmedi. Spisok okap, oglanlary tükelläninden soň, şeýle komanda berdi:

«Ene-atalaryňyz bilen hoşlaşmaga ýarym sagat puryja berýärin. Hoşlaşyk gözýaşsyz bolsun! Siz balalar bakjasyna däl-de, Watan goragyna gidýäniňizi unutmaň. Özüňize-de bir bulgurjyk «limonad» içmäge rugsat edýärin. Dagaň!»

Podpolkownik ýylgyrdy. Oglanlar gülüşdiler. Şo salymda-da stadionyň içi goýun bilen guzy garyşana döndi. Bally gelen dessine Akbäbek bilen Şady maşynynyň agpdaljygynda gök otuň üstüne gazet ýazyp, iýer-içer ýaly zatlary ýaýradypdylar. Beýlekilerem kimsi keserip ýatan beton sütünleriň üstünde, kimsi gök otuň üstünde, her kim tapan-tupan ýerinde ýerleşip, gulluga gidýän ýigit bilen hoşlaşyk bulguryny taýýarlapdylar.

Ballynyň gelip oturanyna mähetdel Akbäbek oňa iýdirjek bolýardy: «Iý, oglum, iý. Alla bilsin, näçe günden barmaly ýeriňize barjak...»

Emma Ballynyň bu wagt işdäsi zat alanokdy.

...Akbäbegiň düýnki buglap bişirip goýan towuklary aýaklaryny serip, gazetiň üstünde ýatyrdylar. Getirilen gök önümler, miweler başy bozulman durdy. Şady gürrüň arasynda käte bir agyz dadan bolýardy, ýöne oňam iýip hezili ýokdy. Töwerekdäkiler bolsa eýýäm ofiseriň aýdanyny iki esse ýerine ýetiripdiler, bulgur yzyndan bulgur göterilýärdi. Onda-munda ýykylyşyp ýatan çüýşeler görünýärdi.

«Bar, ogul, sag git-de, aman gel». «Göter bakaly, ogl, ejeňem sen gelýänçäň gelinlik tapyp goýar» diýen ýaly sesler bilen birlikde bulgurlar çykyşdyrylýardy. Akbäbek töwerege seretdi. Göwnüne özleriniňkiden tukat üýşmeleň ýokdy. Ol muny islänokdy. Hut şonuň üçinem ýolda içse-de, ugranda içse-de diýip iki çüýşe «Çemen» çakyryny kagyza dolap, korzinka salypdy, emma ony Bally kim bilen içsin, Şadynyň ömür agzyna içgi almazlyga äht edenini Akbäbek gowy bilýärdi.

Bally Şadynyň içmejegini bilse-de: — Şady, ýoldaş bolaý, bir bulgurjyk içeli, bolmasa, maşynyňy şu ýerde goýar-da, ertir äkidäýerler — diýdi. Şady başyny ýaýkady: — Gep maşynda däl, men şert etdim. Ozal şu bir bulgur sebäpli aýagymy ýitirdim — diýdi-de özüne, Arslanjyga, Akbäbege limonad guýdy. Balla bir stakan çakyr guýdy... Emma heniz bulgury götermäge ýetişmänkäler, niredendir bir ýerden Kuly murtuň boguk sesi eşidildi:

— Eý, Bally, Şadişka, geliň bärik, bile oturalyň, bize goşulyň!

— Ana, saňa ýoldaş tapyldy. Ýörüň. Kuly agaň ýanyna baralyň — diýip, Şady göeünjeň gopdy. Akbäbek gozganmady:

— O nireden bu ýere düşüp ýörkä?

— Onuňam ogly gidýändir, ýanyndaky saçy syrylan şoň ogly bolmaly. Çenim çen bolsa, gözüni süpürip oturanam aýalydyr. Ýörüň, Akbäbek daýza!

Olar ýaýradan zatlaryny göterip, olaryň üýşmeleňine birikdiler. Kuly murt:

— Tanyş boluň, bu meniň oglum, Bäşim — diýdi-de, özüne çalym edip duran oglany görkezdi. — Ballyşka, senem gidýäň dälmi, ikiňiz bileje gidersiňiz, gelen günüňizem ikiňizi ýanyma şägirt alaryn.

Akbäbek bilen Kuly murtuň aýaly özleri tanyşdylar.

— Hawa-la, jan dogan, gidýä-le. Ýedi oglum bar, Hudaýa şükür.

Bu bäşinji. Mundan ululary üçüsi gezegini geçirip geldiler. Çary janymam bu gün-erte gelmeli — diýip, Kuly murtuň aýaly magtanyp hem hamsygyp gepledi.

— Hany, alyň bakaly, ýigitler! — diýip, Kuly murt griş-geriş bolup duran Köpetdaga seretdi-de, bulguryny göterip oýlandy — Hol, daglaryň belentligini görýäňizmi? — Hemmesi o tarapa aňaldylar. — Ana, siziňem başyňyz şol daglar ýaly belent bolsun! Içeliň!

Ol adaty endigi bilen elindäki buguryny bokurdagyna serpip goýberdi. Bally bilen Bäşimem agyzlaryny süpürip, gazetiň üstündäki ir-iýmişe işdämen topuldylar.

Ballynyň derrew ýüzi ýagtyldy. Ikinji bulgurdan soň bularyň üýşmeleňi ala-ýaz boldy, gülüşdiler. Akbäbek göz astyndan Kuly murtuň aýalyny synlaýardy hem pikir edýärdi: «Şol hokkeý görýän ene bolmal-ow şu. Bolsa-da gaýratly bilmeli, ýedi ogul dogrup, olary terbiýelemäge, ýene hokkeý görmäge neneň eli ýetýärkä? Men-ä Bally ýaly ýene bir oglum bolsa, ol-a hokkeýçileriň ady ekeni, öz adymam unudarmykam diýýän.»

Az salymyň içinde Bäşim bilen Bally göýä ozaldan tirkeşip ýören ýaly dostlaşdylar. Şady içmese-de, olar bilen deň gülüşdi. Kuly murtuň aýaly ýanjydyp gürledi:

— Siziň gülki ýadyňyza düşýä: eneleriňiziň ýüreginiň gyýylyp duranyny bileňzok. Häzir woýenkomyň sesi çyksa gutardy, iki ýyllap siz elimizden gidýäňiz... Ozal äriňe garaş. Soň ýeke-ýekeden ogullaryňa garaş. Biri geler welin, beýlekisine garaş. Haçan bulary bir saçagyň başyna jemläp borka. Ýa ömürbaky şeýdip garaşyp ýörmeli bormuka? Haçan goşunsyz, gulluksyz döwür borka?..

Kuly murt aýalyna garady, soň ogluna ümledi:

— Ejeňiň aýdýanyny eşidýämiň Bäşim. Şeýdip Birleşen Milletler Guramasynda, Baş Assambleýada gürläýse, bir zatlar goparaýsa-da ähtimal...

Erkekler gülüşdiler.

— Eýsem ýalanmy, heniz ulusy gelenok, indi munyňam ugratmaly — diýip aýaly hamsygdy.

— Goý, gitsinler. Ýadyňa düşýärmi, şu wokzaldan sen birmahal menem ugradypdyň. Özem fronta ugradypdyň. Emma ynha ýanyňda otyryn. Onda-da oda girip, ýene diri çykyp geldim. Suwa girip, gury

çykyp geldim. Bular-ha bu wagt, parahatçylyk döwri gidýäler. Keýpine gidip, gulluk edip ýörmeli çaglary bulaň...

Garaşylan pursat geldi. Podpolkownigiň komandasy çykan dessine betonyň üstünde oturanam, otuň üstünde oturanlaram, gulluga gitjeklerem, ugradyjylaram gürläp ördüler. Eginleri pagtaly penjekli, arkalary goşhaltaly oglanlar derrew hatara düzüldiler-de, wokzala tarap ugradylar. Ene-atalar hem dagap ýatan kagyzlary howul-hara ýygnap, korzinka dykdylar-da, olaryň yzyna düşdüler. Iýilmedik pomidordyr hyýarlar gök otlaryň üstünde ýaýrap galdy.

Gulluga gidýän köpdi. Ýöne ugradýan has köpdi. Ylaýta-da eneler köpdi.

Herkimiň münmeli wagony bellenip, ýene bir ýola spisok barlandy.

Ara düşnüksiz dymyşlyk düşdi. Eneler gözleriniň okarasyny dolduryp, ogullaryna seredýärdi. Ýigitler hem enelerine seredip laljim durdular.

Otly uzyn zoguny çaldy-da, ugrajagyny bildirdi. Birdenem, Gündogara garap duran uzyn otlynyň tigriniň sesi bilen birlikde, birhili gowurdy gopdy, eneleriň yzlaşygy asmana göterildi. Akbäbek mertdi. Emma olam wagonyň gyrasy bilen ýöräp barýarka, basgançakda duran oglunyň boýnundan gujaklap gözýaşyny süpürdi: «Çärjewe baraňda, bardym» diýip hat okla. Ýüregim düşüşer. Samarkanda ýeteňde ýene bir hat taşla, göwrümim giňär... baran dessiňe-de ýerleşdik diýip hat ýaz. Kakaň ikimiz yzyňdan bararys...»

Akbäbek ýene birsellem otly bilen gapdallaşyp ýöredi. Soň näme bolanyny özem bilmedi. Oglunyň elini boýnundan aýranlaryny-da, goltuklap getirip, perronyň gyrasynda oturdylanyny-da duýmady. Özüne gelende, otlynyň gyrasynyň ýitip barýanyny görüp galdy.